**Halmämmet Kakabaýew**

# KINO. REŽISSÝOR

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 378.77
K 17

**Kakabaýew H.**
K 17 **Kino. Režissýor.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi, kinorežissýor Halmämmet Kakabaýew häzire çenli surata düşüren on alty sany çeper kinofilminiň onusynyň kinossenarisini beýleki awtorlar bilen bilelikde, galan alty kinofilminiň ssenarisini bolsa özi ýazdy. «Kino. Režissýor» ady bilen hödürlenilýän bu okuw gollanmasynda awtor kino sungatynyň döreýşini, türkmen kinosynyň taryhyny gysgajyk yzarlap, özüniň köp ýyllyk döredijilik işiniň tejribesiniň esasynda bu käriň çylşyrymly we gyzykly syrlary barada söhbet açýar.

Okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, mugallymlar üçin niýetlenilýär.

TDKP № 181, 2012 KBK 85.5 ýa 73

© H. Kakabaýew, 2012.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## Sungatyň ýoly

Dünýä meşhur kinorežissýor Georgiý Daneliýa (Onuň döreden kinofilmleriniň käbirini ýatlalyň: «Örtenme», «Mimino», «Güýz marafony»...) öz talyby Halmämmet Kakabaýewiň ilkinji filmi «Taýharly oglanyň» režissýorlyk ssenarisini okap, «eýtmeli-beýtmeli» diýip, birgiden bellikler edipdir. Ençeme wagtlap degerli maslahatlar beripdir, ahyrynda-da «Öňi-soňy sen öz etjegiňi edersiň, şeýle dälmi?» diýipdir. Halmämmet öz halypasynyň aýdanyny ýylgyryş bilen tassyklapdyr.

Hawa, sungatda şeýle! Öz ýoluň, öz ýodaň, öz garaýşyň, öz duýşuň, öz beýan edişiň, öz kararyň... bolmaly. Ýeri, şol «özleri» nireden almaly? Ilki-hä tebigy zehin, soňam okuw, zähmet, yhlas...

Oba poçtalony. Türkmen döwlet sazçylyk mekdebiniň hor dirižýory bölüminde talyp. Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetiniň uçurymy. Moskwada Ýokary ssenariçilik we kinorežissýorçylyk okuwyny tamamlan. On alty sany çeper kinofilmi döreden. Dünýäniň halkara kinofestiwallarynyň ençeme abraýly baýraklarynyň eýesi... Bu ýolda ençeme hupbatlar ýatyr. Ýekeje mysal: Ýokary režissýorlyk okuwynda okap ýörkä, Halmämmediň ýüregi erbet gysýar, yzynda maşgalasy, 4 çagasy bar, aýraçylyk. Ol ahyry kafedra müdirine okuwdan çykýanlygy baradaky arzasyny gowşurýar. Şonda müdir: «Men gaty gynanýan, hem-ä size, hemem size derek okuwa girip bilmän giden beýik adama. Oňa Bulat Okujawa diýýärler» diýipdir. Halmämmet arzasyny yzyna alýar.

Öňe. Diňe öňe. Bir garyşdan, bir sereden, bir ädimden – öňe. Säginmek gadagan. Şeýdip, öz manyly ömrüniň tas ýarym asyryny şu ýolda, sungatdaky öz ýolundan dowam etmeli. Onuň geçen ömür menzili şu ugra höwes edýän häzirki ýaşlara nusgalyk.

Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy, halypa kinorežissýor Halmämmet Kakabaýewiň eliňizdäki kitaby şu ugurdan türkmen dilinde ýazylan ilkinji işdir. Onuň «Taýharly oglan», «Kakam gaýdyp geler», «Laçyn», «Ogul», «Toba», «Söwer ýardan aýrylma», «Sen ýadyma düşseň» ýaly çeper kinofilmleri diňe ýurdumyzyň çäklerinde däl, eýsem, ondan daşarda-da uly meşhurlyk gazandy. «Taýharly oglan» onuň Ýokary kinorežissýorlyk okuwyny gutarandaky diplom işi. 1974-nji ýylda Eýranda geçirilen halkara kinofestiwalynda oňa «Ýaş režissýoryň ilkinji oňat filmine» diýen baýrak gowşuryldy. «Laçyn», 1979-njy ýyl. Aşgabat, Bütinsoýuz kinofestiwaly. «Çagalar we ýetginjekler üçin döredilen iň oňat film» – birinji baýrak. «Kakam gaýdyp geler», 1982-nji ýyl. Estoniýa. Tallinde geçirilen Bütinsoýuz kinofestiwalynda «Çagalar we ýetginjekler üçin döredilen iň oňat film» – ikinji baýrak. «Ýeňiýoluk», 1984-nji ýyl. Kiýew. Bütinsoýuz kinofestiwaly. «Çaganyň roluny iň oňat oýnanlygy üçin» – Setdar Jepbarowa baýrak. «Ogul», 1990-njy ýyl. Hindistan, Deli. Halkara kinofestiwaly. «Çagalar we ýetginjekler üçin döredilen iň oňat film» – «Kümüş pil» – ikinji baýrak. 1991-nji ýyl. Müsür. Kair. Çagalar we ýetginjekler üçin filmleriň halkara kinofestiwaly. «Gran-pri» – baş baýrak. «Toba», 1996-njy ýyl. Gazagystan. Almaata. Ýewroaziýa halkara kinofestiwaly. «Erkek adamyň roluny iň oňat oýnanlygy üçin» diýen baýrak.

Görşüňiz ýaly, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragyň eýesi Halmämmet Kakabaýew biziň milli kino sungatymyzyň ösmegine, onuň dünýä derejesinde ýaň salmagyna uly goşant goşan ussat kinorežissýor. Onuň surata düşüren filmleriniň žanr aýratynlygy, obrazlar sistemasy, çeperçilik – estetik täsirliligi bilen millionlarça tomaşaçylaryň göwnünden turandygy köplere aýandyr. Şeýle uly durmuş hem döredijilik tejribesi bolan kinorežissýoryň talyplara we kino muşdaklaryna aýdara zatlarynyň juda kändigini nygtap oturmak gerekmikä?

Halmämmet Kakabaýew «Kino. Režissýor» atly okuw gollanmasynda özüniň köp ýyllyk döredijilik tejribesine salgylanyp, kinematografiýanyň tebigatyna, has-da, şol sungatda merkezi orny eýeleýän kinorežissura hünäriniň estetik dünýäsine mahsus bolan

aýratynlyklaryny takyk mysallara ýüzlenip, giňişleýin açyp görkezmegi başarypdyr.

Bu işde ünsüňi çekýän artykmaçlyklaryň biri onuň ýönekeý, diňe Halmämmet Kakabaýewe mahsus bolan, sözüň gowy manysyndaky sada dilidir. Obrazly aýdylanda, süýji hem mylaýym beýan edilýän pikirleriň ussatlarça aýyl-saýyl edilmegidir. Bilim gerimi giň, düşünjesi çuň, döredijilik tejribesi ägirt bolan Halmämmet Kakabaýew bu işi ýazmak bilen, akyl satmadan daşda durupdyr. Kitaby okap otyrkaň, kino sungatynyň jadyly gudratynyň bu hudožnigiň ruhy-ahlak zandyna berk ornaşandygyna göz ýetirýärsiň. Şeýle ussadyň geljekki nesillerimize sungatyň iň kyn we çylşyrymly hünäri bolan kinorežissuranyň ideýa-estetik tebigatyny açyp görkezmek meýli her tarapdan goldanmaga mynasypdyr.

Çylşyrymly zady sada dilde düşündirmek kyn iş. Onuň üçin aşa beletlik, ussatlyk zerur. Halmämmet Kakabaýew bu müşgil işiň hötdesinden gelipdir. Bu kitaby diňe bir kino ugrundan bilim alýan talyplara däl, giň okyjylar köpçüligine hem hödürlemek mümkin. Okap otyrkaň, «Hernä, gutarmasady» diýdirýän bu kitap özüniň häzirki möçberi bilen çäklenmese ýagşy. Sebäbi, awtorda kino sungaty barada aýdara söz juda kän. Hemmesini eşidesiň, okasyň gelýär. Onuň bu jadyly sungat ugrundan geçen kyrk ýyl basalykly ýoly diňe talyplar däl, hemmeler üçinem gyzykly. Halmämmet Kakabaýew ýeke öz tejribesinden däl, dünýä belli halypalaryň tälimlerinden juda täsin mysallary getirip, öz aýdýan pikirini berçinleýär. Bu oýlanmalary okanyňdan soň, kino diýilýän syrly dünýä täzeçe – giňişleýin düşünip ugraýaň.

Kitabyň adyndaky «Kino. Režissýor» diýlen sözleriň näme üçin arasy bölündikä diýip, ilkibaşda geň galýarsyň, emma ahyrynda onuň sebäbi aýdyňlaşýar. Bu kitap diňe kinorežissýoryň işi hakda däl, geljekki kinony döredijiler, hudožnik, kinooperator, aktýorlar, kompozitor we beýlekiler, ýagny, tutuş kino barada.

Öz ýurdumyzda dünýä kino sungatynyň ölçeginde pikir öwrüp bilýän, öz işine juda ussat, kämil halypanyň bardygyna, onuň öz ýüküni sahylyk bilen paýlaşýandygyna, geljekki nesillere ýadygär goýýanlygyna, heý, begenmezmiň?!

## Kinorežissura näme?
## Kinorežissýor kim?

Kino sungaty şu günki günde adamzadyň gazanan iň uly gymmatlyklarynyň biridir. Ol sungatlaryň arasynda iň ýaşlarynyň biri bolup, beýleki beýik sungatlaryň birleşmeginden gelip çykan medeni baýlykdyr.

Kino sungatynyň naýbaşy hünärleriniň biri kinorežissýorlykdyr. Režissura şeýlebir gyzykly, şeýlebir ajaýyp hünär. Ýöne örän düşündirmesi kyn ders. Ol köp ylym-bilimleri öwrenmegi, edebi eserleri okamagy, dünýä filosoflarynyň pelsepesine düşünmegi, öz halkynyň taryhyny, däp-dessuryny, umuman, durmuşy şeýle oňat bilmegi talap edýän kär. Režissura barada şu güne çenli dünýäde ýekejede ýörite okuw kitabynyň ýazylmanlygy muňa güwä geçýär.

Dünýä kinosynda ady belli, beýik kinorežissýor S. M. Eýzenşteýn: «Režissurany öwretmek mümkin däl, ony öwrenmek mümkin!» diýen pikiri orta atýar. Dogrudanam, bir ýa-da birnäçe kitaby okap, kinoapparatyň gapdalyna geçip, kino alybermegiň mümkin däldigi hemmelere aýan bolsa gerek.

Kinorežissýoryň kimligi baradaky gürrüňe başlamazdan öňürti, «Türkmenfilm» kinostudiýasynda bolup geçen bir wakany ýatlasym gelýär.

Ajaýyp adam, ýazyjy, dramaturg Taňryberdi Hojakgaýewiň kinostudiýa ýolbaşçylyk edýän döwri, bir ýaş ýigit direktoryň kabinetine girip, ondan özüne çeper film almaga rugsat bermegini soraýar. Taňryberdi aga ýylgyryp, ýaňky gelen ýigidiň nädip beýle pikire gelendigini soraýar. Şonda ol ýigit, özüniň bir ýyl bäri kinostudiýada işläp, režissýorlyk käri barada gelen netijesini kinostudiýanyň ýolbaşçysyna aýdýar:

– Ýaşuly! Ine, biz şu wagt täze film alyp ýörüs. Pawilýondaky dekorasiýany hudožnigiň eskizi esasynda işgärler gurýar. Dekorasiýa yşyk goýup, kamera bilen artistleri surata alýan – operator. Artistleriň sözlerini ýazýan dramaturg, olaryň seslerini ýazýan ses operatory. Şol ýerde režissýoryň eden işini men-ä görmedim, ýaşuly!.. Uzynly

gün surat alyş döwründe bar aýdýany: «Taýynlyk görüň!.. Motor!.. Başladyk!» Şol alynýan sahnajyk gutaranda-da, aýdýan sözi: «Dur!.. Ýene bir gezek!..» Ine, uzynly gün režissýordan eşidýän sözümiz... Şo sözler-ä, ýaşuly, ýat tutup, özümiňem aýdyp biljegime ynanýan!..

Kinostudiýanyň direktory Taňryberdi aga kabinetine gelen bu ýigide şeýle jogap berýär:

– Inim, şol režissýor diýlip, size ýolbaşçy edilip goýlan adamyň kostýumynyň çep jübüsinde Moskwanyň WGIK (Bütinsoýuz döwlet kinematografiýa instituty) diýen institutynyň diplomy bar. Senem gaýrat edip, bäş ýyl okapjyk, şol gaty kagyzy alyp gelseň, biz saňa hökman çeper film almaga rugsat bereris.

Dogrudanam, kino surat almak işine köp adamyň zähmeti siňýär. Daşyndan seretseň, režissýoryň ol ýerde uly bir edip barýan işem ýok ýaly.

Geliň, indi daşyndan seredeniňde, «Taýynlyk görüň!.. Motor!..» diýmeden başga uly bir iş etmeýän kinorežissýoryň hünärine düýpleýin ser salalyň!

Kinorežissýor köp ugurly zehini özünde birleşdirýän hudožnikdir. Režissýor zehinli ýazyjy hem zehinli okyjy bolmaly. Ol okan çeper eserinden dünýä belli kinolary döredýär. Režissýoryň özi gowy kinossenarileri ýazyp, hemmeleriň söýgüsini gazanýan filmleri surata düşürmegi başarmaly. Režissýor – hudožnigiň, heýkeltaraşyň gözi bilen görüp bilmeli. Režissýor edil kompozitor ýaly, durmuşy eşitmäni başarmaly. Kompozitoryň eşidişi ýaly, durmuşyň ähli pelsepesini öz içine alýan sazlary eşitmäni başarmaly.

Biz režissýordan gaty köp zady bilmegi talap edýän-ä däldiris? Ýok. Şu ýokarda aýdylanlaryň barysyny başarýan adamlar kino döredýärler. Şol uly bagt hemmelere ýetdirsedi.

Kinorežissýor kino düşürmek üçin eline kinossenarini alan gününden başlap, halka hödürlenjek geljekki kino eseriniň tomaşaça nähili täsir etjekligi, tomaşaça näme aýdasy gelýändigi, edilýän işiň hakyky sungat eseri bolmagy üçin nämeleriň gerekdigi barada kelle döwüp ugraýar.

Režissýoryň esasy wezipesi geljekki dörejek kinonyň edebi esasyny ýazan awtoryň tomaşaça aýtjak bolan pikirini aktýorlaryň üsti bilen sungat eseri edip, halka ýetirmek.

Kinorežissýoryň hudožnik, operator bilen dörediljek täze filmiň üstünde işleýşi barada soňra giňişleýin gürrüň ederis. Häzirlikçe, gysgaça, durup geçsek: Ol operator, hudožnik bilen geljekki dörediljek kinonyň manysyny maslahatlaşyp, öz pikirini düşündirenden soň, olaryň hersini öz etmeli işlerini ýerine ýetirmäge çagyrýar. Hudožnik bilen gurulmaly dekorasiýada yşyk meselesini, geýimleriň nähili görnüşde bolmalydygyny maslahatlaşyp, şol işleriň haçan taýýar bolmalydygyny çözýär.

Operator bilen ilkinji gürrüňde filmiň many aýratynlygy, dekorasiýa, yşyk goýmagyň köpdürli görnüşlerinden haýsysyny saýlap almalydygy barada belli bir netijä gelinýär. Görnüşleri kadrlara bölmek işi başlanýar. Şol kadrlaryň kompozisiýasy, umuman, filmi döretmekdäki esasy maksatnama yzarlanýar.

Kinorežissýor aktýorlar bilen repetisiýa başlamazdan öňürti, şu eser bilen tomaşaça nähili pikiri ündeýändigi barada gürrüň geçirýär.

Kompozitora sazyň nirede gerekligi, onuň nähili häsiýetde bolmalydygy barada öz gelen netijesini düşündirýär.

Kinofilm birnäçe aýratyn kadrlardan düzülýär. Oňa MONTAŽ diýilýär. Biz montaž barada soňra giňişleýin durup geçeris. Şol kadrlary bir-birine goşýan adam – montažýor. Onuňam işine kinorežissýor ýolbaşçylyk edýär.

Kinorežissýoryň uly işleriniň ýene biri ses operatory bilen işlemek. Ses operatory bilen ol filmiň ähli ses ugrunyň çözülmeli meselelerini bile işleýär.

Şeýlelikde, «Taýynlyk görüň!. Motor!..» diýmeden başga ullakan bir işem etmeýän» kinorežissýoryň etmeli işleri bilen gysgaça tanyşdyk. Umuman, kinorežissýor onlarça adamlar bilen bile işleşmeli. Olaryň hemmesine şu alynýan kinodaky pikiriň tomaşaça doly ýetmegi üçin bilelikde edilmei işleri düşündirmek şu hünäriň eýesiniň paýyna düşýär.

Kinorežissýoryň hünäri barada beýik režissýorlaryň biri Mihail Romm şeýle diýýär: «Kinorežissýorlyk hünäri hem kyn, hem aňsat. Eger biz hakyky sungat barada gürrüň edýän bolsak, onda kyn. Eger

ýönekeýje filmler barada gürrüň edilýän bolsa, onda aňsat. Beýle filmler döreýärler, iki gündenem, hiç kimiň ýadynda galman, ýitip gidýärler».

Geliň, biz gürrüňimiňiziň hemmesini sungat diýlip hasap edilýän kinofilmlere bagyşlalyň.

Biziň talyplarymyz ilkinji iki ýylyň dowamynda esasy sapagymyz – kinorežissuradan başga-da, onlarça dersden leksiýalar diňlärler.

Kinorežissura sapagynda bolsa, dünýä kino sungatynyň taryhy, sessiz kinodan sesli kino geçiş döwri, sesli kinonyň getiren täzelikleri hakda gürrüň ederis.

Türkmen kinosynyň başyny başlan kinorežissýorlaryň, kinooperatorlaryň surata düşüren filmlerini öwrenip, onuň şu günki gününe ser salarys. Soňra kino sungatynda talyplar üçin hökmany bolan sapaklary geçeris. Olar, ine, şu aşakdakylar:

1) Çeper edebiýat we kino.

2) Kino dramaturgiýasy. Kinossenariý ýazmagyň tejribeleri. Kinossenariden režissýorlyk ssenariýä geçiş döwri.

3) Kadr näme?

4) Montaž.

5) Durmuşy synlamak.

6) Teatrda hem kinoda mizanssena.

7) Kinoda aktýor bilen işlemek.

8) Surata almak döwrüne taýýarlyk.

9) Surata alyş döwri.

10) Montaž ediş döwri.

## Kino sungaty nädip döredi?

XIX asyrda dünýäniň köp ýurtlarynda konstruktorlar hem döredijilik adamlary suraty hereketlendiriji enjamlary döretmegiň üstünde işläpdirler. Ekranda suratlary janlandyran ilkinjiler Fransiýaly

doganlar Lui hem Ogýusta Lýumýerlerdir. Şol döwürde Londonda-da, Peterburgda-da, Berlinde hem şeýle enjamlary döretmekligiň üstünde işlän adamlar bolupdyr. Ýöne olaryň köpüsi harajat ýetmezçiligi sebäpli, işi soňuna çenli dowam etmekligi başarmandyr.

Doganlar Lýumýerler (olaryň kakasy Antuan Lýumer – surat kagyzlaryny öndürýän fabrigiň eýesi) harajat meselesinde hiç hili kynçylyk çekmän, inžener J. Karpanteniň kömegi bilen şol kinoapparaty döredýärler. Birinji kinonyň ady: «Otlynyň stansiýa gelmegi». Ol film ilkinji gezek Parižde, «Gran kafede», 1895-nji ýylyň 28-nji dekabrynda görkezilýär. Birinji seans awtorlara 33 frank girdeji getirýär. Doganlar Lýumýerleriň ikinji «Ezilen suwçy» filmi – dünýäde birinji çeper film diýlip tanalýar.

Çeper filmleri ilkinji dörediji diýlip tanalýan adam fransuz Žorž Melýesdir. Ol çeper filmde ilkinji gezek aktýorlary ulanypdyr. Melýes studiýasynda hemme işi özi edipdir. Ssenariçi, dekorator, operator, režissýor, aktýor. Melýes hatda öz alan kinosyny kinomehanik hökmünde özi görkezipdir. Ol müňe golaý kinony surata düşürýär. «Aýa syýahat», «Bolmajak zada syýahat» we ş.m. «Dreýfusyň işi» – Melýesiň iň oňat filmidir.

XIX asyryň aýagynda, XX asyryň başynda fransuz döwleti kino almakda birinji ýeri eýeleýärdi. «Atelýe» diýlip atlandyrylýan, her kimiň öz öýünde guranja jaýynda filmleri surata alýardylar. Režissýoram, operatoram, hemme işleri edýän şol bir adamdy.

«KR.-SR.-OBŞ.» – diýlip planlara bölüp kino almaklyga başlan režissýor – A. Smitdir. Onuň iň oňat filminiň ady «Kiçijik doktor». Kinofilmde montaž işlerini başlanam režissýor A. Smitdir.

Orsýetde birinji kino 1896-njy ýylda Lýumýer firmasynyň operatory Kamil de lýa Sefto tarapyndan alynýar. Edil şol ýylda-da moskwaly aktýor W. Fýodorow-Saşin birinji rus filmini surata alypdyr.

1907-nji ýyldan başlap Orsýetde doly manysynda filmler alnyp başlanýar. Olaryň içinden žurnalist hem fotograf A. Drankow has köp iş bitirenleriň biri hasap edilýär. Ol hatda Ýasnaýa Polýana gidip, dünýä belli ýazyjy Lew Tolstoýy hem kino düşüripdir.

Orsýetde kino döretmäge başlanlaryň içinde Hanžonkow kinematografiýada köp iş eden adamlaryň biri hasaplanýar. Onuň alan filmlerinden «Kolomnadaky öýjagaz», «Sewastopolyň goralyşy» we ş.m.-ler has bellidir.

Ors kinosynyň ilkinji wekilleriniň biri Ýakow Protazanowdyr. Onuň filmlerinden «Uruş we parahatçylyk», «Garahal gelin» we beýlekileri görkezmek bolar.

Sowet döwrüniň kinematografiýasyny öwrenenimizde, biz iň beýik, iň zehinli režissýorlaryň surata düşüren filmlerine syn salarys hem-de «Filmlere syn» diýen sapakda görkezilip boljak filmleriň atlaryny belläp, şol filmleri talyplaryň hökmany suratda görmegini gazanarys. Sebäbi, biziň adyny agzap geçjek režissýorlarymyz diňe bir sowet kinosynda däl, dünýä kinosynda-da ady belli kinorežissýorlardyr.

1919-njy ýylda «Döwlet kinomekdebi» açylýar, soňra ol Bütinsoýuz kinematografiýa institutyna öwrülýär.

Sowet kinosynyň başyny başlanlar: Ýakow Protazanow, Wladimir Gardin, Aleksandr Iwanowskidir.

Ýa. Protazanowyň ilkini işi «Aýelita» – A. Tolstoýyň romany esasynda alyndy. W. Gardiniň «Haç we mauzer» atly kinosy şol döwrüň oňat kinosy hasaplanypdy.

Dziga Wertow – sowet kinosynda ilkinji dokumentalist.

«Dünýäniň altynjy bölegi», «On birinji», «Kinoapparatly adam».

Lew Kuleşow – kinomontaž boýunça örän köp iş eden režissýor-mugallym. Onuň okuwçylary W. Pudowkin, W. Fogel, B. Barnet sowet kinosynyň iň oňat režissýorlary boldular.

Sergeý Eýzenşteýn. Ilkinji filmi: «At çapyşyk». Ine, şol filmden soňam meşhur «Bronenoses Potýomkin» döredi. Ol dünýä ýüzünde nusgawy kinonyň taryhyna giren filmdir.

Wsewolod Pudowkin: Ol M. Gorkiniň romany esasynda döreden «Ene» atly ilkinji filmi bilen uly abraý gazanýar. Onuň «Peterburgyň soňy», «Çingiz hanyň neberesi» filmleri şu güne çenli dünýä ekranlarynda görkezilip gelinýär.

## Sessiz kinodan sesli kino geçiş döwri

Sessiz kino dörän gününden başlap, ýönekeýje sýužetler alnyp başlanýar. Geliň, bir mysala ýüzleneliň: Bir adam ylgap barýar, şo barmana-da başga bir adam bilen çakyşýar. Ýere ýykylan adam gaharlanyp, turup, beýlekini kowalaýar... Gaçýana, kowýana ýene başga adamlar goşulyşýarlar. Şo barmana-da, ýoldan alma göterip barýan garry enäni-de ýykýarlar, enäniň elindäki almalar ýere dökülýär. Ýene bir semiz adamy tas ýykypdylar, ol adamam kowga goşulýar... Ine, filmiň mazmuny. Elbetde, bu – sungat däldi. Sessiz kinonyň sesli kinodan tapawudyny görmek üçin, ýene bir mysala ýüzleneliň. Sesli kinoda bir adamyň gaty gysgançdygyny görkezmekçi bolsak, onda aýdaly, goňşusy oňa:

– Waý, Meret, sen gaty gysganç-aý... – diýýär.

Hany, indi şony sessiz kinoda nädip düşündirjek? Ine, şu wakany nähili detalyň üsti bilen, nähili ýagdaýda şol adamyň garyplykdan däl-de, hakykatdanam gysgançdygyny görkezmeli?

Biziň bu mysallary getirýändigimiziň sebäbi, bu gaty inçe işde-de şeýle zehinli režissýorlaryň bolandygyny bellemek üçindir. Güýçli režissýorlar diýlip hasap edilmeli adamlar sessiz kinematografiýany öňe süren režissýorlardyr. Bu ugurdan iň zehinli režissýorlar; Amerikada Dewid Griffit, dünýä belli režissor hem aktýor Çarli Çaplin. Fransiýada «Awangard» topary. Ol toparyň belli wekili Rene Kler. Orsýetde Eýzenşteýn, Pudowkin, Dowženko, Kozinsew we Trauberg. Bu režissýorlar çeper filmleri döredenler. Dokumental kinoda Esfir Şub, Dziga Wertow.

Amerikan kinosynda ady belli režissýor Griffit ilkinjileriň biri bolup montažda uly plany ulanmaga başlady. Ol montažy sungata öwren adam hasaplanýar. Griffitden öň kinonyň her epizodyny surata doly düşürip bolup, şol gutarylan epizodyň beýleki epizod bilen arasyny plýonka arkaly ýelmäp, kino döredilýän eken. Griffitiň kinorežissýor hökmünde ýene-de bir bitiren uly işi – aktýorlar bilen işläp başlamagydyr. Amerikanyň iň zehinli aktýorlaryny kino alyp, uly derejä ýetiren Griffitdir. Kinematografda aktýorlaryň üsti bilen psihologiýany yzarlamagy ilkinji başlan hem Griffitdir.

Eýzenşteýn. Dünýä kinematografiýasynyň taryhynda S. Eýzenşteýn iň ýokary derejäni eýeleýär. Onuň filmlerinde dünýäde birinji gezek esasy gahryman halk köpçüligi boldy. Eýzenşteýniň «Bronenoses Potýomkin» kinofilmi dünýä kinosynda ýyldyrym çakan ýaly täsir galdyrdy. Ol öz filmi bilen öňki surata alnyp ýörlen kinolara seredeniňde, kadryň gurluşy, montaž tarapdan uly açyşlar etdi.

Bütindünýä kinematografiýa döredijiliginde uly yz galdyranlaryň birem Pudowkindir. Italiýaly režissýorlar bu režissýoryň öz döredijililerine täsiri barada şeýle ýazýarlar: «Şu günki italýan kinosynyň wekillerine Pudowkiniň ýetiren täsiri diýseň uludyr».

Lew Kuleşowyň öz montaž eksperimentleri bilen eden täsiri, dokumental kinoda Dziga Wertowyň öz döredijiliklerine täsiri barada fransiýaly, italiýaly, angliýaly we amerikaly režissýorlar uly minnetdarlyk bilen ýatlaýarlar.

Bu beýik adamlar barada biz režissura bölüminde aýratyn durup geçeris.

## Sesli kinonyň getiren täzelikleri

Sesiň gelmegi bilen kinematografyň esasy utan zady – filmiň mazmuny üýtgedi. Söz kinonyň esasy ýaragyna öwrüldi. Adamyň içki hem daşky pikiri ekrandan eşidilip başlandy. Saz öz ýerini tapdy. Daşarky sesler gerek ýerinde ulanylyp, filmiň dramaturgiýasyna uly kömek boldy. Şol bir wagtda-da, sesiň gelmegi bilen, režissýor öň etsem-etsem diýýän işleriniň köpüsine, arkaýyn kesip aýryp bolýan kadrlaryň ýerlerine, sessiz kinodaky režissýorlyk kadalarynyň aglabasyna täzeden seretmeli boldy. Öňki «eden-etdiligiň» deregine, indi aktýoryň ekranda aýdýan sözi bilen ylalaşykly montaž işlerini geçirmeli boldy.

Režissýor sesiň gelmegi bilen, özüniň öňki edýän işleriniň köpüsiniň indi ýer almaýanlygy üçin kynçylyklar çekýän bolsa, tomaşaçy aktýoryň ekranda gepläp başlamagyna diýseň begendi. Kinoteatrlar tomaşaçydan doldy, kino bolan garaýyş düýbünden üýtgedi. Elbet-

2. Sargyt № 1345

de, bu ýagdaý režissýorlaryň täzeçe işlemegine getirdi. Bu täzelik režissýorlary täze-täze üýtgeşiklikler gözlemäge, tapmaga çagyrdy. Kadrlary uzaltmak, montažy başgaça guramak we ş.m. köp üýtgeşmeler döräp ugrady. Kadryň kompozisiýasyny täzeçe gurmak, operatoryň işlerine täzeçe seretmek, yşyk bilen düýbünden täzeçe işlemek we ş.m. zerurlyklar ýüze çykdy. Köp täzelikler kinematografiýanyň uly ädimler bilen aýgytly öňe gidýänliginiň şaýady boldy.

Ekranda söz ýaňlanyp ugrandan soň, ol ýerde gepleýän adamyň pikirini, onuň dünýägaraýşyny tomaşaçy eşidip başlady. Bu diýseň uly açyş boldy. Ilkinji surata düşürilen sesli kinolarda aktýorlaryň gürleýän epizodlary gaty azdy, sebäbi, aktýoryň sözi ýok ýerinde režissýorlara işlemek aňsatdy. Sözüň bar ýerinde alynýan epizodlaryň uzynlygy sessiz kinodan iküç esse köpdi. Aktýorlar bilen indi köp işlemeli. Montaž işleri has çylşyrymlaşdy. Kinony surata düşürmekde hereketli kadrlar köpelip başlady, şonuň bilen birlikde, kadrlar uzalyp, kän metrlere ýetdi. Mysallara ýüzleneliň: Aktýoryň uly monology surata düşürilýär. Ol gürläp başlanda, ortaça planda bolanlygyndan, onuň, aýdaly, gahary gelip, keýpi bozulyp aýdýan sözlerini režissýor uly planda almakçy bolýar. Surat almaklyk togtadylýar. Aktýory uly planda surata almak üçin kamerany taýýarlaýarlar. Aktýor şol döwürde bufete baryp, bir käse kofe içip gelýär. Surata almak başlanýança, wagt geçýär. Täzeden surat alnyp başlananda, aktýor öňki durkuna gelip bilmänsoň, alynýan epizod öňki derejesine ýetip bilmeýär. Näme etmeli? Şol epizody orta plandan uly plana barýança bir demde surata alyp, aktýor şol epizody başdanaýak oýnar ýaly etmeli. Ine, sesli kinonyň getiren netijeleriniň biri. Diýmek, režissýor aktýor bilen köp wagtlap türgenleşik geçmeli, montaž edeninde, uzak planlarda işlemeli, şol wagtyň özünde-de, filmdäki esasy ritmi saklamaly. Bu işler režissýorlar üçin ol döwürde aňsat düşmeýärdi.

Sesli kinoda kadrdan kadra geçilende, ýumşak, başga söz bilen aýdanymyzda, bildirmez ýaly, suw akan ýaly edip montaž edilýär. Sessiz kinoda montaž bütinleý başga ýagdaýda gurulýar. Kadrdan kadra geçilende, göze görnüp duran çalt ýagdaýda biri-birine ýelmenýär.

Sesli kinematografyň uly bir utan zady – ses bilen surata alnan epizodlaryň göze görünmeýän, gulaga hoş ýakýan birleşmesidir.

## Türkmen kinosynyň döreýşi we ösüşi

Türkmen kinosynyň taryhy 1926-njy ýylyň fewral aýynyň 7-sinden başlanýar. Birinji dokumental kino Türkmenistan kompartiýasynyň 1-nji gurultaýyna, M. I. Kalininiň Türkmenistana gelmegine bagyşlanýar. «Türkmenistan Sowet Sosialistik respublikasynyň döreýşi» diýip atlandyrylan bu film 1925-nji ýylda SewZapkinonyň operatorlarynyň kömegi bilen surata düşürilýär. 1927-nji ýylda operatorlar B. Baş, A. Seýtlin «Oktýabr rewolýusiýasynyň 10 ýyllygy» atly dokumental filmi surata aldylar. Şu filmler «Türkmenfilmiň» ilkinji önümleri hasaplanýar.

1930-njy ýylda kinorežissýor Ýuliý Raýzman «Teşne toprak» atly çeper filmi surata düşürýär. Bu eser sowet kinosynyň klassikasyna giren filmleriň biridir.

Şol sanda Türkmenistana rus ýazyjylarynyň uly topary gelýär: N. Tihonow, L. Leonow, P. Pawlenko, W. S. Iwanow, W. Lugowskoý. Olar Türkmenistanyň ähli künjegine aýlanyp, öz gözleri bilen gören zatlaryndan uly eserler döredýärler. Ýu. Raýzmanyň döreden «Teşne toprak» diýen kinofilmi hem şol şahyrdyr ýazyjylaryň deňinde, kinematografiýada şol ýyllarda edilen uly işleriň biri hasaplanylýar.

Şol ýyllarda Moskwadan, Leningraddan gelen W. Muratowskiý, W. Lawrow, M. Meý dagylar türkmen kinooperatorlaryny taýýarlamakda uly iş bitirdiler. Şolaryň ýetişdiren operatorlary: D. Nepesow, Ş. Annaýew, P. Pýatkow, N. Bondarenko türkmen kinosynda köp ýyllar zähmet çekdiler.

Türkmen dokumentalistleri: ssenarist hem režissýor M. Bystriskiý, operatorlar A. Frolow, B. Muratowskiý Garagum çölünde gyrlan kükürt zawody barada «Çölde birinji» diýen dokumental filmi surata alýarlar.

Eli kinoapparatly adamlary Türkmenistanyň dürli künjeklerinde görmek bolýardy. Olara nebit gözleýjileriň arasynda-da, täze döredilýän şäherlerde bag ekip ýören adamlaryň arasynda-da, gepiň ysgasy, respublikada alnyp barylýan işleriň, ähli täzelikleriň başyny başlanlaryň arasynda duşmak bolýardy.

«Türkmenfilm» kinostudiýasynda 1932-nji ýylda ýörite kinožurnal döredilýär. Şol kinožurnal 1936-njy ýylda «Sowet Türkmenistany» ady bilen, sesli çykarylyp başlanýar. Sesli çykarylan filmleriň ilkinjileriniň biri «Bolmajak zat» ady bilen, 1936-njy ýylda türkmen jigitleriniň Aşgabat – Moskwa aralygyny atly geçendiklerini görkezýän filmdi. Bu waka, dogrudanam, bolmajak zada çalymdaşdy. Türkmen ýigitleri 83 günde 4300 kilometri atly geçipdiler. Bu ýigitleriň arasynda kinostudiýanyň operatory Pawel Pýatkow hem bardy. Ol bu gahrymançylykly ýoluň geçilişiniň suratyny aldy. Režissýor G. Lomidze şol alnan materialdan film döretdi. Şol rowaýata öwrülen atly ýöriş hakda 1936-njy ýylda «Umbar» atly ilkinji sesli çeper film döredilýär. (Awtory Anna Ýan, režissýory A. Makowskiý, operatory N. Aptekman).

Türkmen kinosynda ýene bir uly waka; filmleriň türkmen diline geçirilip başlanmagydyr. Moskwadan gelen režissýorlar W. Konstantinowa, M. Belousowa türkmen kinosynyň režissýorlaryna kinofilmleri başga dilden türkmen diline geçirmegiň tejribesini öwretdiler. Bu işde türkmen režissýorlary A. Geldiýew, H. Agahanow, Ý. Şamyradowa türkmen kinosynda ýüzlerçe filmleri öz dilimize geçirip, halkyň alkyşyna mynasyp boldular.

1940-njy ýylda Moskwadan gelen kinorežissýor Ýe. A. Iwanow-Barkow «Dursun» atly çeper filmi surata düşürmäge girişýär. Şol döwre çenli teatr aktýory hökmünde özüni tanadan Alty Garlyýew kinoda ilkinji gezek surata düşýär.

«Türkmenfilm» kinostudiýasynda uly gurluşyklar başlanýar. Kino düşürmek üçin pawilonlar, montaž işlerini geçirmek üçin jaýlar salynýar. Ýe. Iwanow – Barkow türkmen kinosungatynda Alty Garlyýew ýaly zehinleri ýetişdiren režissýordyr. Iwanow-Barkowyň Türkmenistanda alan ilkinji filmi oňa uly abraý getirýär. Bu filmde türkmen ýaşlarynyň täze psihologiýasy, zähmete bolan täze garaýyşlary açylyp görkezilýär.

Alty Garlyýew özüniň şol filmde surata düşüşi barada: «Meniň üçinem, edil meniň ýaly ýaş aktýorlar üçinem «Dursun» kinosyna surata düşmek, Iwanow-Barkow bilen bile işleşmek uly bir mekdep

boldy. Ol režissýor biziň döredijiligimizi ösdürmäge uly kömek etdi» diýip ýatlaýar.

Beýik Watançylyk urşy döwründe ukrainaly kinematografiýaçylar Türkmenistana, «Türkmenfilm» studiýasyna iberilýär. Bu ýerde A. Dowženko, M. Donskoý, I. Sawçenko ençeme çeper filmi surata düşürýärler. «Älemgoşar», «Polat nähili taplandy» ýaly çeper filmler uruş döwründe alnan iň oňat filmlerdir.

Uruşdan soňky döwrüň ilkinji kinosy «Uzakdaky gelinlik» filmidir. Ony režissýor Iwanow-Barkow surata düşürýär. Bu film aktýor Alty Garlyýewe uly üstünlik getirýär. Alty Garlyýew 1954-nji ýylda «Çopan ogly» (ssenarisi G. Muhtarow bilen G. Seýitliýewiňki, režissýory R. Perelşteýn), «Maşgala abraýy» Gyrgyzystanda «Soltanat» çeper filminde surata düşüp, uly abraýa eýe boldy. Onuň 1957-nji ýylda Iwanow-Barkow bilen surata alan ilkinji filmi «Aýratyn tabşyryk» boldy. Bu film tomaşaçylar tarapyndan oňat garşylananam bolsa, uly üstünlige eýe bolup bilmedi.

«Aýna» filmi Alty Garlyýewiň özbaşdak düşüren ilkinji filmidir.

1955-nji ýylda «Aşyr aganyň hötjetligi» ady bilen döredilen çeper filmem halkyň söýgüsini gazanypdy.

1960-njy ýylda moskwaly režissýor W. Zak H. Agahanow bilen bilelikde «Gündogara tarap on ädim» atly çeper filmi surata düşürýär. Ol film uly bir derejä ýetip bilmedi.

Türkmen kinosyny uly üstünliklere getiren film ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň powesti esasynda surata düşürilen «Şükür bagşy» filmidir. (1965 ý.) Bu film Polat Mansurowyň Moskwanyň kinematografiýa institutyny gutaranda alan diplom işidir. Bu film barada beýik ýazyjy Çingiz Aýtmatow, ady belli režissýor Igor Talankin dagy gazet-žurnallarda çykyş edip, ony sowet kinematografiýasynda bitirilen uly iş diýip bellediler. Bu filmde Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy Aman Handurdyýew, dutary gowy çalyp bilýän ýaşuly, bir oba adamy Hojam Öwezgelenow surata düşdüler. Olar professional aktýorlar bilen bilelikde, filmiň şeýle üstünligine uly goşant goşan artistler boldular. Olaryň SSSR-iň döwlet baýragyna mynasyp bolmaklaram muňa güwä geçýär.

1963-nji ýylda režissýor Meret Atahanow «Ýanýan furgonyň ýoly» atly çeper filmi surata düşürýär. Bu filmem öz döwründe tomaşaçylar tarapyndan oňat garşylanypdy.

Alty Garlyýew Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romany esasynda iki seriýaly çeper filmi surata almaga girişýär. Alty Garlyýew halkyň taryhyny, däbini diýseň oňat öwrenen adamdy. Belki, şonuň üçindir, bu film halka ýaran kino bolup çykdy. Şol ýyllarda kinoprokatyň beren maglumatyna seretseň, «Aýgytly ädim» kinofilmi öňki Sowet Soýuzynyň ähli künjeginde görkezilipdir. Filmi döredenler Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky döwlet baýragyna mynasyp boldular. Film türkmen kino sungatyna uly abraý getirdi.

1948-nji ýylyň oktýabr aýynyň 5-inden 6-syna geçilen gije Aşgabadyň üstüne betbagtçylyk indi. Ýertitreme sebäpli kinostudiýanyň ähli jaýlary ýykyldy. Diňe 1950-nji ýylda Moskwanyň dokumental filmler merkezinde «Sowetskiý Turkmenistan» ady bilen doly metražly dokumental film surata alyndy. Ol filmiň ssenarisini B. Kerbabaýew bilen R. Karmen ýazdylar. Režissýorlary: R. Karmen, W. Lawrow, Ýe. Feldman. Bu filmde Türkmenistana suwuň ýaşaýyş üçin zerurlygy, suw howdanlaryny gurmak üçin edilýän uly işler görkezilýärdi. Amyderýadan alnyp gaýdylan 800 kilometr uzynlykdaky, dünýäni haýran eden Garagum kanaly, onuň beýik gurluşygy, ol ýerde işleýän adamlaryň psihologiýasy, olaryň aňynda bolup geçýän özgertmeler hakda ýazyjy Ýu. Trifonow «Teşneligiň gandyrylyşy» ady bilen powest ýazypdy. Şol at bilenem Polat Mansurow iki seriýaly film döredýär. Bu film dramatizm bilen hronikanyň birleşmesi yzarlanyp döredilen filmdir. Kanalyň ýoly bilen, ol ýerde zähmet çekýän adamlaryň ýürek damarlarynyň ýoly bir. Olar öz bagtlary üçin göreşýärler, zähmet çekýärler.

Režissýor powestiň esasy mazmunyny saklap, halkyň däp-dessury bilen gazanylan, şu günki günde ýetirilen durmuş täzelikleriniň pelsepewi çözgütlerini yzarlaýar. Bu film türkmen artistleriniň kinoda birinji işidi.

Beýik şahyr, filosof Magtymguly Pyragy barada 1968-nji ýylda Alty Garlyýew «Magtymguly» ady bilen çeper filmi surata düşürýär.

(Operator A. Karpuhin, hudožnik W. Artykow). Beýik şahyr barada uly filosofiýany yzarlamaly bu film Alty Garlyýewe gaty kyn düşdi. Beýik şahyryň, uly filosofyň obrazy çuň manyly çykmady, ýüzleý, durmuşy bolup, halka ýaramady.

Durmuş filosofiýasyny yzarlamakda yz galdyran filmleriň biri Polat Mansurowyň «Gyrnak» filmidir. Bu film Andreý Platonowyň «Takyr» hekaýasy esasynda surata düşürildi. Bu eser şahyrana filosofiýany yzarlaýan kinematografiýanyň hataryna girýär.

1970-nji ýylda P. Mansurow Beýik Watançylyk urşuna bagyşlap, «Ölüm ýokdur, oglanlar» ady bilen, ýazyjy Seýitnyýaz Ataýewiň ssenarisi boýunça çeper filmi surata düşürdi. Film türkmen ýigitleriniň Watany gorap görkezen edermenlikleri barada.

Bu filmiň yzýanyndan «Derýanyň aňyrsy – serhet» (1971 ý.) atly kino ekranlara çykdy. Ony Alty Garlyýew surata düşürdi.

1972-nji ýylda režissýorlar A. Karpuhin, M. Söýünhanow «Meniň dostum Meleguş» atly filmi surata aldylar. K. Orazsähedow, H. Ýakubow «Japbaklar» ady bilen B. Kerbabaýewiň powesti esasynda film döretdiler.

Türkmen kinosynda H. Narlyýewiň «Gelin» atly filmi uly üstünlige eýe boldy. (1972 ý.)

H. Narlyýewiň «Aýal ata çykanda», «Jemalyň daragty» ady bilen ekrana çykan çeper filmlerem tomaşaçylar tarapyndan oňat garşylandy.

SSSR-iň halk artisti Alty Garlyýewiň surata düşüren «Mukamyň syry» (1973 ý.) kinosy režissýoryň iň soňky filmi boldy.

1973-nji ýylda Moskwanyň ýokary režissýorlyk okuwynyň uçurymy Halmämmet Kakabaýew «Taýharly oglan» ady bilen filmi surata düşürdi. Bu film Beýik Watançylyk urşy döwründe, türkmen obasyndaky bir poçtalýon oglanjygyň başyna düşen kynçylyklar barada şahyrana gürrüň berýär.

Indi «Türkmenfilm» kinostudiýasynda surata düşürilen filmleriň uly üstünlikler gazananlaryny aýratyn sanap geçeliň.

Türkmen kinosynyň taryhynda altmyşynjy ýyllarda Moskwanyň Bütinsoýuz kinematografiýa institutyny gutaryp gelen P. Mansurow, H. Narlyýew, K. Orazsähedow, O. Saparow, ýaş aktýorlar B. Annanow,

A. Jallyýew, T. Seýitgulyýew we ş.m. režissýorlaryň, operatorlaryň hem aktýorlaryň döreden filmleri türkmen kinosyny dünýä arenasyna çykardy:

«Şükür bagşy» (režissýory Polat Mansurow),

«Gelin» (režissýory H. Narlyýew),

«Gorkak batyr» (režissýory O. Saparow),

«Ýandym» (režissýorlary Baýram Abdyllaýew, Lora Stepanskaýa),

«Ogul» (režissýory Halmämmet Kakabaýew).

## Çeper edebiýat we kino

Kino özüniň ilkinji ädimini çeper edebiýatyň kömegi bilen başlapdy. Kinonyň sungat bolup ýetişmeginde çeper edebiýatyň hyzmaty diýseň uludy. Kino öz dilini tapmakda teatryň, žiwopisiň, sazyň we şuňa meňzeş sungatlaryň hemmesinden özüne geregiçe kömegi alýar. Şu kömekleriň iň esasysy – çeper edebiýatdyr. Ekran sungatynyň ösmeginde köptaraply, iň ygtybarly kömek çeper edebiýata degişli bolany üçin, oňa kinonyň dogany diýilýän pursatlaryna-da gabat gelinýär. «Diňe beýik edebiýat beýik kinonyň döremegine sebäp bolup biler» diýip, zehinli režissýor Stanislaw Rostoskiý aýdypdy.

Şu günki günde çeper edebiýatyň kinematografiýa uly täsiriniň barlygy ýaly, kinonyňam çeper edebiýatyň ösmegindäki hyzmaty uludyr.

Şu sungatlaryň ikisiniňem dünýäsi bir: durmuş hakykatyny beýan etmek, umumy adamzat meselelerini, olaryň durmuş filosofiýasyny yzarlamak.

Lew Tolstoý kinonyň uly geljeginiň bardygyny, käbir ýagdaýlarda çeper edebiýatyň aýdyp bilmeýän zatlaryny kinonyň üsti bilen görkezip, halka ýetirip boljakdygyny nygtapdy.

Rus ýazyjylary Turgenýewiň, Çehowyň eserlerini kino ekranyna geçiren kinorežissýor A. Mihalkow-Končalowskiý «Kino sungaty bir

minudyň içinde, edebiýatyň birnäçe sahypada aýtjak bolýan niýetini görkezip bilýär» diýip belleýär.

S. Bondarçuk öz surata düşüren «Adamyň ykbaly» atly filmi barada aýdanda: «Filmiň esasy gahrymany Sokolowyň kinodaky bir kadrda (uly planda) gözüni görkezip, ýazyjy M. Şolohowyň birnäçe sahypa ýazyp, okyja ýetirjek bolýan manysyny dogry düşündirdik» diýip belleýär.

Çeper edebiýat kino diline geçirilende, hemme zat gülala-güllükdir diýip düşünmek nädogry bolardy. Kähalatlarda, oňat çeper eseriňem kino diline geçirilende gaty oňaýsyz ýagdaýlara düşýändiginem aýtman geçmek bolmaz. Muňa garamazdan, kino sungatynda çeper edebiýatyň kömegi bilen döredilen beýik kino eserleriniň barlygyny nygtamalydyrys. Beýik ýazyjylar L. Tolstoýyň, F. Dostoýewskiniň, M. Gorkiniň, M. Şolohowyň, Ç. Aýtmatowyň, B. Kerbabaýewiň eserleri esasynda döredilen kinofilmler dünýäniň kino hazynasyna girdi.

Çeper edebiýatdan kino geçirmegiňem birnäçe görnüşi bar: Çeper eseriň äheňi boýunça, çeper eseriň esasynda, çeper eserden inssenirowka etmek ýa-da bir milletde bolup geçýän wakany başga bir ýurtda geçýän waka öwürmek.

Çeper eseriň äheňi boýunça bolanlygynda, sen kino diline geçirýän eseriň esasy ideýasyny saklap, onuň içindäki bolup geçýän wakalary nähili üýtgedesiň gelse üýtgedip bilýärsiň.

Çeper eseriň esasynda bolanlygynda, eserde bolup geçýän wakadan känbir daşa gidibermek bolmaýar.

Bir milletiň wakasyny başga millete geçirmekde örän köp zähmeti talap edýän işler ýatyr. Bir ýurtda bolan wakany öz ýurduňda bolan ýaly edip kinossenariýä geçireniňde, ol millet barada ýazylan eserde şol milletiň adamlarynyň durmuşda özlerini alyp baryşlary, olaryň hüý-häsiýetleri, ol milletiň adamlarynyň dünýägaraýyşlary we şuňa meňzeş köp meseleler ýatyr. Galyberse-de, seniň öz milletiň hüý-häsiýeti ol milletiňkä gabat gelýärmi? Şol pikir-aladalary çözeniňden soň, ýazjak bolýan kinossenariňe girişmek bolar. Ine, şu aýdylan ýagdaýlary göz öňünde tutup işlenilen kino eserleriniň birnäçesini agzap geçeliň: Dostoýewskiniň «Tentek» («Idiot») romanyny Akira

Kurasawa ýapon wakasyna geçiren bolsa, Lukino Wiskonti onuň «Ak gijeler» eserini italýan wakasyna geçirip, kino eserini döretdi.

Umuman, çeper edebiýat bilen kino sungatynyň döredijilik hyzmatdaşlygynyň gaty uludygy, öwrenmeli meseleleriň känligi, bu iki sungatyň birleşmesinden geljekde-de beýik döredijilik täzeliklerine garaşylýanlygy aýdyňdyr.

## Durmuşy synlamak

Režissýorlyk hünärinde okaýan talyplar üçin režissura sapagynyň ýene bir hökmany bölümi – durmuşy synlamakdyr. Bu näme diýildigi? Durmuşda her gün bolup geçýän wakalary görmek, şol wakalary gürrüň bermäni başarmak, kagyza geçirip bilmek – şol sapagyň esasy maksady hasap edilýär.

Ýazgy üçin kiçijik depderçe edinip, şoňa her gün durmuşda görýän adamlaryň häsiýetlerini ýazmany başarmaly. Durmuşda seniň ünsüňi çeken wakalary şol depderçä ýazyp, şol wakalardan kiçiräk kinossenariý ýazmaga synanyşyk etmeli. Surat alynýan fotoapparat egniňden düşmeli däl.

Kinorežissýor Georgiý Daneliýa, Ýokary režissýorlyk okuwynda okan döwrümizde, hepdäniň belli bir güni bizi adamlaryň köp üýşýän ýerlerine iberip, gören zatlarymyzy ýazmagy tabşyrardy. Şol ýazgylar, durmuşda bolup geçýän wakalary görmäni başarmak baradaky sapaklar, soňra kinorežissýor hünärinde işläp, kinossenariý ýazan wagtymyzda-da, çeper kinofilmleri surata alan döwrümizde-de uly kömek boldy.

Durmuşy synlamagy öwrenmek – döredijilik ýolunyň ilkinji basgançagydyr. Sungat, durmuşdan özüňe gerek wajyp wakalary saýlap almagy, adamkärçiligiň düýpli meselelerini öwrenmekde uly rol oýnaýandyr.

Durmuşy synlamagy öwrenmek diýmek, diňe eliňe depderiňi alyp, durmuşda gören zadyňy ýazyp ýörmek däl-de, durmuşdan şony saýlap alyp bilmekdir.

Çagalykdan kino bolan söýgi, suratkeşlige, saza, edebiýata, tebigata bolan söýginiň döremegine, artmagyna getirýär.

Şu ýerde ýazyjy Ilýa Erenburgyň «Adamlar, ýyllar, durmuş» atly kitabyndan bir parçany mysal hökmünde getiresim gelýär:

1945-nji ýylyň iýun aýynda ol Leningradda bolanda, myhmanhana onuň ýanyna Leningrad gabawyny başyndan geçiren bir gyz gelipdir-de: «Siz, elbetde, uruş barada ýazarsyňyz! Men gabawyň hemme gününi başymdan geçirdim. Okap bolup, gaýtaryp beriň, bu depderçedäki ýatlama maňa gaty gerekdir» diýipdir. Erenburg ýatlamasynda şeýle ýazýar: «Men gije ýatman, ol gyzyň depderçesini okadym. Gysgajyk sözlemler bilen ýazylan: «...Şunça gram çörek, şunça gradus sowuk. Wasilýew öldi, Nadýa öldi, onuň yzýanyndan aýal doganym öldi...» Soňra şeýle setirler ýazylgy: «...Öten agşam, uzyn gije «Anna Kareninany»»», «Hanym Bowarini» okadym». Ol gyz depderçesini almaga gelende, men ondan: «Siz şu kitaplary nähili okadyňyz? Ol wagtlar Leningradda gijelerine yşyk ýakylmaýardy ahbetin!?» diýip soradym. Ol «Men gijelerine uruşdan öň okan kitaplarymy başdanaýak gaýtalaýardym. Şolar meni ölümden halas etdi» diýip jogap berdi. Ol gyzyň aýdan bu sözi meni haýran etdi. Beýik ýazyjylaryň eserleriniň adamyny ölümden halas edenligi barada... Men ömrümde beýle wakany eşitmändim. Men daşary ýurtlarda bolanymda, bu wakany köp gezekler gürrüň berdim.»

Çeper edebiýatyň, žiwopisiň, kinonyň, sazyň adamyň durmuşyna edýän täsiriniň iňňän uludygyny bu waka ýene bir gezek nygtaýar.

Bu täsin dünýäde ýaşamak, ony görüp, eşidip bilmek – bu tebigatyň bize beren bagtydyr. Çeper döredijilige onuň täsiri gaty uludyr.

Moskwada okuwymy gutaryp barýan günlerim meniň mugallymym, beýik kinorežissýor Georgiý Daneliýa «Mosfilmde» galyp, bir çeper filmi surata düşürmegi maslahat berdi. Soňra ýylgyryp, gürrüňini şeýle sözler bilen tamamlady: «Seniň şol «Türkmenfilmiň» gaçyp gitjek ýeri ýok-la...». Moskwada galyp, «Mosfilmde» kino almak her bir talybyň arzuwy ahbetin. Men Moskwada galyp, Lenin adyndaky kitaphanada üç aý oturyp, şu temadan kino

surata düşürseň diýlip, «Mosfilmden» berlen ssenariniň üstünde işledim. Maňa «dakylan» bu temanyň hiç içine girip bilmedim, näme üçindir bir nätanyş adam bilen gürleşýän ýaly bolup ýörün. Ahyry mugallymyma «Çagalardan daşda ýaşamak maňa kyn düşýär, ýüregim gysýar...» diýibem, öz ýurduma gaýtdym. Köp ýyllar geçdi. Ýakynda dünýä kinosynyň ägirdi, italýan režissýory Federiko Fellininiň ýaşynyň soňunda ýazan «Kino barada interwýusyny» okadym. Bu beýik adamyň döredijiliginde gabat gelen, dünýä derejesinde çözülmesi kyn meseläni orta atýan wakasy, seni dünýä düşünmeklige çagyrýan pikirleri maňa öz başymdan geçen wakany ýatlatdy.

Federiko Fellininiň iki filmi: «Ýol» hem «Ejemogullary» amerikan kinoakademiýasynyň «Oskar» baýragyna mynasyp bolanda, Golliwudyň gaty uly kinoindustriýasynyň prodýusserleri ony Amerikada kino düşürmäge çagyrýarlar. Oňa berlen wagt – on iki hepde. Şu wagtyň içinde Fellini Amerikada bolup, nirä gitse – aýagynyň aşagynda ulag, kim bilen görşesi gelse, göwnüniň isläni. Onuň ýanynda Amerikanyň görnükli prodýusserleri, ssenaristleri, göwnüniň islän temasyndan ssenariý ýazybermeli, ssenarini kim bilen ýazjak diýse, olaram taýyn...

Ine, şu ýerde beýik Fellininiň içki pikir-duýgusyny diňläliň. Ol şeýleräk ýazýar: «Ynha, men Amerikanyň köp şäherlerine, obalaryna baryp gördümem-dä, adamlar bilen duşuşdymam-da, olaryň durmuşyny synladymam-da... Onsoň?... Bu dünýä meniň dünýäm däl-ä?... Ýok, men Amerikada film döredip bilmerin. Maňa öz ýurdum, göbek ganymyň daman ýeri, meniň ýörän köçelerim, mugallymlarymyň öňünde oturan partam... gerek. Gepiň gysgasy, eger men kino aljak bolsam, meniň öz dünýäm bolmaly, dünýämem – öz ýurdum, ýurduma döneýin!..» Fellini iki hepde geçipgeçmänkä, Amerika bilen hoşlaşyp, Italiýa uçupdyr.

# Kinodramaturgiýa

Sungatyň her bir görnüşi diňe özüne mahsus bolan materialdan ybarat. Kinematografam şol sungatlaryň biri.

Dramaturgiýanyň nämedigini bir söz bilen düşündirmek kyn. Dramaturgiýa – durmuşda bolup geçýän uly dramalaryň materiallaryny özünde jemläp, kino eseriniň dowam edýän wagty bilen seredeniňde, az wagtyň içinde hudožnigiň (ýazyjynyň, režissýoryň) adamlara, dünýä, şol dünýäde ýaşap ýören adamzat barada näme-de bolsa bir täzeligi aýtmaga bolan synanyşygydyr.

Dramaturgiýanyň esasy wezipesi – hudožnigiň şu täze eseri bilen dünýä gurluşy, durmuş barada ýene bir täzeligi, habary adamyň aňyna guýmak.

Çeper kinofilmi döretmekde edebi esas – ssenariý onuň düýbüdir. Ol geljekki dörediljek kino eseriniň ideýasynyňam, çeperçilik derejesiniňem, üstünliginiňem esasydyr.

Hakyky ssenariý – geljekki dörejek filmiň suratydyr. Kinofilm köp sanly sahnalardan durýar. Ol sahnalaryň her biriniňem öz çözgüdi bar. Şol çözgütleriň üstünde-de, kinony döredijiler arman-ýadaman, köp günler zehin siňdirip işleýärler.

Kinodramaturgiýa – öz pikiriňi göze görünýän hereketleriň, sözüň, sazyň üsti bilen, häsiýetleriň çaknyşygy arkaly görkezýän ekran eseriniň edebi esasydyr. Şol çaknyşyklar bolmasa, tomaşaçyny gyzyklandyrjak ýagdaý ýüze çykmaz.

Zehinli režissýor öz döredijiligi üçin tema gözlände, ssenariniň awtory bilen işlän wagty, geljekki filmiň stilini tapmakda şol edebi esasa ýüzlenýär. Şol edebi esasa çyny bilen ýapyşyp, pikirini jemlän režissýoryň döreden filmi üstünlige eýe bolýar.

Eger režissýor edebi esasa – ssenariýä nädogry düşünse, surata alnan film köp säwliklere sezewar bolar. Surata düşüriljek filmde örän köp epizodlar bolup, şol epizodlardaky sahnalaryň her biriniň tempine, ritmine, aktýorlaryň ukybyna laýyklykda kadr goýmak, köp adamlaryň gatnaşmagyndaky epizodlary dogry guramak, montaž işlerini gowy hilli geçirmek we ş.m. meseleler dogry çözülse, filme döredijilik üstünligini getirer.

# Kinorežissýor we ssenarist

Ssenarist bilen režissýoryň düşünişip işlemegi kino sungatynda çynlakaý gerek zadyň biridir. Kinorežissýoryň edýän işine, kinony surata almagyň düzgünlerine, montažyň nämedigine düşünmän, kinossenariý ýazjak bolmak, fransuz adamsyna türkmen şahyrynyň goşgusyny okap ber diýlen ýalyrak bolýar. Fransuza türkmen şahyrynyň goşgusyny okatjak bolsaň, elbetde, ilki bilen ol goşgyny fransuz diline geçirmek gerekdir.

Kino üçin ssenariý ýazmakçy bolan adamyň, elbetde, ol kinonyň tomaşaça ýetirjek bolýan ideýasyndan, nähili ýol bilen işlenilýändiginden habarly bolmalydygy düşnüklidir.

Kino önümçiligine ýüzlensek, kinostudiýanyň baş redaktory çeperçilik geňeşiniň maslahatynda kabul edilen kinossenarini režissýora gowşurýar. Režissýor öz gezeginde ssenarini okap, eger göwnüne ýarasa, şu ssenariden il-halka ýarar ýaly kinofilm döredip biljekdigine ynansa, ssenaristiň ýazan eserini kino diline geçirmäge başlaýar.

Şu ýerde bir belläp geçmeli ýagdaý bar. Ikiden biri: ýa-ha kinorežissýor ssenariý ýazylýarka, bu işe goşulmaly ýa-da bir sebäplere görä ol ýagdaý bolmaýanlygynda, režissýor ýazylan kinossenariniň içine şeýle bir girmeli, eger ol ssenaridäki epizodlaryň käbiriniň näme üçin gerekdigini duýmaýan, şol epizodyň nähili surata alynmadygyny görmeýän bolsa, ol ssenariniň ideýasyndan daşlaşman, başgaça epizodlary tapyp, täzeden işläp, kähalatlarda, ssenarini çepbe çöwürýän halatlaryna-da gabat gelinýär. Elbetde, ssenaridäki berlen temadan çykmazlyk şerti bilen.

Kinossenaride köp filosofiki pikirleriň aýdyljak bolunýanlygy, durmuş pelsepesiniň köp taraplarynyň yzarlanýanlygy üçin, ssenarini ýazýan awtoryň köptaraply ylymly, bilimli bolmagy talap edilýär.

Käbir ýagdaýlarda öz ýazan ssenarisi boýunça surata düşürilen kino göwni ýetmän, alnan kinoda öz ssenarisindäki bir harpyňam üýtgedilmän ýerine ýetirilmegini talap edýän ssenaristlere-de gabat gelinýär. Şeýle talap düýbünden nädogrudyr.

Kinonyň öz dili bar, şol dilem kinony sungat eseri edýär, Kinofilmiň hakyky sungat eseri bolmagy üçin çalyşýan kinorežissýor

öz zehinini, galyberse-de, bütin durkuny, döredijilik tejribesini terezä goýýar.

Öz temaňy gözlemek, edebi esas bilen tanyş bolaňda, öz heňiňi tapmak režissýorlyk käriniň esasy wezipesidir. Eseri okap, onuň dramaturgiýasyny düýpleýin öwrenmän, «Aý, bolýa-la!..» diýýän režissýor gaty ýalňyşýandyr. Şol režissýor, eger birdir-iki sany filmi oňadrak alaýsa-da, ýokary derejeli sungat eserini döredip bilmez. Režissýor eline edebi esasy alan gününden başlap, şol eserde näme diýiljek bolunýandygyny gaty oňat öwrenip, özüniň şu eser boýunça kino surata alyp, il-halka näme aýtmakçy, olar bilen nähili pikiri paýlaşmakçy bolýandygy barada köp oýlanmalydyr. Elinde oňat edebi esas bar bolan wagtam, ol eseri kino surata düşürip başlamazdan öňürti, her sahnany surata alaňda, şol sahna arkaly näme diýmekçi bolýanyňy çözmeli. Sebäbi, her sahnanyň onlarça çözgüdi bar. Şonuň haýsy birini saýlap almaly? Aktýorlar bilen çözülmeli meseleler, tempi, ritmi tapmak, her mizanssenanyň çözgüdiniň üstünde işlemek – bu meseleleriň hemmesini režissýorlyk ssenaride görkezmeklik mümkin däl. Diýmek, şol meseleler kinony surata düşürýän režissýoryň kellesinde, ýadynda, başga ýazgylarynda berkidilmelidir.

Režissýorlyk ssenaride diňe bir zat – gahrymanlaryň aýdýan sözleri üýtgemän biler.

## Kinossenariý ýazmagyň tejribeleri

Surata alynjak bolunýan kino eseriniň mazmuny adamyň ykbalynyň, onuň obrazynyň daşynda jemlenendir. Drama, sözüň hakyky manysynda, häsiýetleriň çaknyşmagyndan gelip çykýar. Gapma-garşylyk iki ýa-da birnäçe güýjüň çaknyşmagyndan emele gelýär. Diýmek, şol häsiýetler güýçli bolanlygynda, hakyky sungat eserleri döräp biler. Eger şol gapma-garşylyk, dartgynlylyk gowşak bolsa, kino eseriniň ömrem iki günlük bolar.

Her bir dörediljek bolunýan eser üç bölümden durýandyr.

Birinji bölüm:

Ekspozisiýa, bu ýerde şu eser arklaly näme diýiljek bolunýanlygy ýaňzydylýar, konfliktiň başy başlanýar. Esasy gahrymanlaryň hemmesi bilen tanşylýar. Wakanyň haýsy wagtda, nirede bolup geçýänligi anyklanylýar.

Ikinji bölüm:

Kulminasiýa, munda gapma-garşylyk, çaknyşyk iň ýokarky derejä ýetýär. Kulminasiýa eseriň ortarasynda-da bolup biler, soňunda-da.

Ondan soň: Final, dramanyň jemi.

Beýik ýazyjy A. P. Çehow: «Eger birinji aktda diwardan tüpeň asylgy bolsa, ol dördünji aktda hökman atylmalydyr!» diýýär. Bu näme diýildigi? Muňa şeýle düşünmeli: Eger awtor sýužetde dartgynly bir wakany taýýarlan bolsa, şo-da tomaşaça täsir edip, onuň aňynda galan bolsa, finalda ol hökman çözüläýmeli. Eseriň başyndaky ekspozisiýa kähalatda konfliktden başlanman, ýönekeýje durmuş temasyny yzarlaýar. Bu ýagdaýda filmiň başy dartgynsyz bolup, oňa seredýän tomaşaçy eser bilen gyzyklanmaýar.

Ekspozisiýada konflikt – gapma-garşylyk başlanmaly, wakalaryň gyzykly gitmegi üçin onuň hökmanydygy ikuçsuzdyr. Kulminasiýa wakalaryň hemmesini açyp, gahrymanlaryň çaknyşyklarynyň açykdan-açyk ýüze çykýan pursadyna gelip ýetýär.

Her epizodyň içinden eriş-argaç bolup geçýän konflikt, özüçe kiçijik ekspozisiýadan, kulminasiýadan, finaldan durýandyr.

Geliň, indi çeper eserden kinossenariý ýazmak tejribesine geçeliň. Şu işiň talyplara has düşnükli bolmagy üçin, mysalyň üsti bilen işlemegi makul bilýän.

Türkmenistanyň adybelli ýazyjysy Nurmyrat Saryhanowyň «Şirin» hekaýasynyň äheňinde kinossenariý ýazmaga synanyşalyň. Ilki bilen edilmeli iş – hekaýany birnäçe gezek okap, ýazyjynyň şu eseri bilen nähili ideýany öňe sürýändigini anyklamak. Ýazyjy okyjysyna nämäni ündeýär? Galyberse-de, sen şu eserden kinossenariý ýazyp, soňra-da ony surata düşürip, il-halka näme aýdasyň gelýär? Şu ýokarda aýdyljak bolunýan pikirleriň iň gereklilerini saýlap, şolaryň üstünde durup, pikiriňi jemläniňden soň, hekaýanyň haýsy bölegini kinossenariniň birinji epizody edip almalydygyny çözýärsiň.

Şu ýerde Georgiý Daneliýanyň kinorežissýorlyk dersinden sapak geçip otyrka aýdan sözüni ýatlasym gelýär;

– Kinossenariý ýazanyňyzda-da, soňra kinony surata düşürmäge başlanyňyzda-da, ýatdan çykarmaň: filmiň ilkinji on minudynda tomaşaçyny gyzyklandyryp bilmeseňiz, soňra tomaşaçy siziň filmiňize gyzygyp seretmez. Siz tomaşaçyňyzy ýitirersiňiz.

Edebi eser kino diline geçirilende, hekaýanyň içinde ýazylan köp gürrüňleriň, filosofiki pikirleriň kamera arkaly halka düşündirip boljak, göze görünýän obýekt bolmagyny gazanmalydyrys. Bu ýerde-de mysala ýüzleneliň:

H. Kakabaýewyň surata düşüren «Ogul» kinofilmi, režissýoryň «Hamçaryk» atly hekaýasynyň esasyndady. Režissýor kinossenariý ýazanda, edebi esasda şeýleräk bir epizod bardy: «...Üç ýyldyr dowam edýän bu uruş gutarar ýerde gutarmady...» Ine, şu epizody nähili ýagdaýda kino diline geçirmeli? Hekaýadaky şu ýazgy kinofilmde şeýle görkezilýär:

Türkmen obalarynyň birinde, gartaşan enäniň ogly, bir goluny aldyryp, uruşdan gaýdyp gelýär. «Oglum sag-aman gaýdyp gelse, bişirerin!» diýip, ene bir tamdyrlyk çörek bolarlyk uny ýygnapjyk goýan borly... Ene tamdyra ot ýakmak üçin gelende, tamdyryň töweregi haşal otdan doludy, tamdyra tarap geçer ýaly däldi. Ene güýjünde baryny edip, şol haşal otlary goparyp-goparyp, tamdyra basýar. Otluçöp bilen olary otlaýar. Şol wagtam «Uruş gursun, ylaýym, gutarar ýerde gutarmady...» diýip käýinýär.

Bu epizody mysal getirenimiziň sebäbi, iküç ýyldyr tamdyrda ot ýakylmandygy kino serişdeleriniň üsti bilen tomaşaça görkezildi.

«Şirin» hekaýasyna dolanyp gelýäris.

Hekaýadan kinossenariý ýazan wagtymyzda, kähalatda edebi esasdan daşlaşmaly bolýan ýagdaýlary bardyr. Gerek däl bolan ýagdaýynda, hekaýada bolup geçýän wakany yzarlap ýörmek hökman däl. Kinonyň dili, görkezjek bolýan wakaňy, käbir ýagdaýda dürli planlaryň üsti bilen, hekaýada köp wagtda bolup geçýän wakany kinoda edil iküç plan arkaly tomaşaça düşündirmäge mümkinçilik berýär.

3. Sargyt № 1345

Geliň, mysala ýüzleneliň: Mugallyma Şiriniň jigisi Sonajykdan Şiriniň näme üçin mekdebe okuwa gelmeýändigini soranda, biz Sonajygy uly planda görkezip, şol wagtam Sonajygyň kellesinde bolup geçýän pikirleri...

...Şiriniň gelnejelerinde (ene-atasy satandan soň), özüni gelip alyp gitjek adamlara garaşyp, aglap oturanyny Sonajyk göz öňüne getirip, öýlerinde ejesiniň «Mugallymlara aýdaýmagyn!» diýip tabşyryp goýberenine garaman, Mähri mugallyma dogrusyny aýdýar. Biz şu ýerde, iküç planyň üsti bilen uly bir wakany açyp görkezdik. Ynha, kino sungatynyň beýleki sungatlardan tapawudy.

«Kino sungaty barada pikirler» atly kitabynda fransiýaly kinorežissýor Rene Kler şeýle pikiri orta atýar: «Roman ýazýan ýazyjy hem edil kinossenariý ýazýan ssenarist ýaly, wagt ölçegini özüçe çözüp biler. Mysal üçin, bir gijede geçýän wakadan uly roman ýazyp bolar. Ýa-da ençeme ýyllarda geçýän waka, üç-dört setirde ýazylyp bilner. Edil şonuň ýaly-da, kinoda, birküç minudyň içinde ýyllaryň wakalary görkezilip bilner».

«Şirin» hekaýasyna dolanyp gelýäris. Hekaýanyň içindäki edilýän köp gürrüňleriň kino diline geçirilende gerek däldigi, kinossenariý ýazýan wagtyň duýulýandyr. Mysala ýüzleneliň:

Şiriniň mekdebe, sapagyna gelmeýändigi üçin Mähri mugallym uly alada galyp, onuň sebäbini biljek bolup, Şiriniň jigisi Sonajygy tapyp, ondan sorap, heläk bolup ýörkä, okuwçy gyzlaryň, bazarda ýaly bolşup, edip oturan gürrüňleriniň kinossenariý üçin düýbünden gerek däldigi duýulýar. Sebäbi, ol geljekki filmiň ritmin-ä bir bozýar, galyberse-de, Mähri mugallymyň çöşläp başlan ýumagyna päsgel berýär.

Ýene bir mysal: Mähri mugallym bilen ýaşlar guramasynyň başlygy Şirinleriň öýlerine gelip, onuň ejesi bilen gürleşip, olaryň gyzlaryny satanlygynyň üstüni açyp, bu işi ýöne goýmajakdyklaryny aýdyp gidenlerinden soň, Şiriniň ejesiniň bütin oba aýlanyp, öz eden pyssy-pyjurlygynyň üstüni ýapjak bolup ýörmegi... Şu ýerde Şiriniň ejesiniň iň ýakyn goňşularyna baryp edýän gürrüňi bilen epizod gutarylsa, filmiň sazlaşykly gitmegine kömek eder. Kinossenariý ýa-

zylanda, hekaýadan şunuň ýaly gerekmejek epizodlaryň aýrylmagy dogry ýoldur.

Geljekki dörediljek kinofilmde tomaşaçynyň «Indi näme bolarka?... indi näme bolarka?...» diýip, görüp oturan epizodynyň nähili gutarjakdygyny bilmän, gyzygyp oturmagyny gazanmak ssenaristiňem, režissiýoryňam döredijilik ussatlygyna baglydyr.

Tebigatda bolup geçýän her dürli ýagdaýlary görkezmek meselesinde-de çeper edebiýatyň ýeten derejesi örän ýokarydyr. Bu ýagdaýlary kinoda görkezmegiň başyny başlan ilkinjileriň atlaryny agzap geçeliň: amerikaly režissýor Griffit, orsýetli Kuleşow, Pudowkin – bular öz döredijiliginde tebigatyň dürli hadysalarynyň adamzada dürli ýagdaýlarda nähili täsir edýänligini hasam gowy görkezmäni başaran režissýorlardyr.

Gahrymanyň içki pikirini tomaşaça ýetirmekde, teatrdaky monolog okaýan aktýordan tapawutly, çeper edebiýata golaý ýagdaýda kinonyň mümkinçiligi, ygtybarlylygy has uludyr.

Kinodramaturgiýa çeper edebiýatyň ýene-de iň gerekli ýeten derejeleriniň birini özüne geregiçe ulanýar. Ol – gahrymanyň düşen ýagdaýy bilen tebigatdaky bolup geçýän hadysalaryň deň gelmegidir. Mysala ýüzleneliň: Şekspiriň «Korol Lir» eserinde Liriň içki dünýäsini görkezýän kadrda, onuň titräp, ölümiň öň ýanynda ýatyşy, şol wagtam asmandan inen ýagşyň bedreden guýýan ýaly bolup ýagşy... Bu epizod Georgiý Kozinsewiň filminde gowy görkezilýär. Kinoda metaforany ulanmak uly täzelikleriň biridir. Ony sungatyň beýleki görnüşlerinde kinodaky ýaly görkezmek mümkin däl.

Kinorežissýor Georgiý Çuhraýyň «Açyk asman» atly filminde Staliniň ýogalanlygy barada habar eşidilende, derýadaky doňan buzlaryň eräp, suwuň akýan ugrunda olaryň bir-biri bilen çaknyşyp baryşlary bilen, «Durmuş gowulyga üýtgär!» diýen many tomaşaça ýetirilýär.

Kadryň daşyndan eşidilýän sözler, awtoryň sesimi ýa-da gahrymanyň içki pikirimi, – şularyň hemmesi aýdyljak bolunýan pikirleriň tomaşaça doly ýetmegine, pikiriň tomaşaçy bilen deň paýlaşylmagyna kömek edýär.

Kinofilmi döretmäge hem-de onuň mazmunyny açyp görkezmäge diňe režissýor hem-de operator däl, dramaturg hem aktýor, hudožnik hem kompozitor deň gatnaşýandyrlar. Kino sungatynyň içinde çeper edebiýatam, teatram, žiwopisem, sazam ýaşaýandyr. Şu sungatlaryň hemmesi gerek ýerinde ulanylyp, çeper edebiýat bilen kino sungatynyň üstünligini deňje paýlaşýandyrlar.

## Kinossenariden režissýorlyk ssenarisine geçiş döwri

Kino sungatynda iň esasy iş – režissýorlyk ssenarisini ýazmak döwrüdir. Beýik fransuz režissýory Rene Kler režissýorlyk ssenarisini ýazyp bolandan soň şeýle diýýär: «Film taýyn, diňe indi ony surata düşürmek galýar». Bu näme diýildigi?

Režissýorlyk ssenarisi geljekki kino eserini döretmek üçin kinorežissýoryň ähli yhlasyny, ylym-bilimini orta goýup, döretjek filminiň kagyz ýüzündäki ýazgysydyr. Režissýorlyk ssenarisiniň ýazgysynda geljekki surata alynjak filmde edilmeli işleriň ählisi, göze görnüp duran görnüşde öz ýerini tapýar. Bu ýerde, her sahnadaky wakanyň dowam etmeli wagty, ýagny, onuň metražy (göwrümi), näçe adam keşp ýasaýar, olaryň näçesi esasy gahryman, gurulmaly dekorasiýalar we olaryň yşyk tarapdan çözlüşi we ş.m. köp-köp işler (bütin kinotoparyň kömegi bilen) garaşyp durandyr.

Režissýorlyk ssenarisini ýazmaga girişmezden öňürti režissýor öz döredijilik topary bilen geljekki kinofilmiň naturada alynmaly ýerleriniň gözlegine çykýar. Naturada gözlenip tapylan obýektleriň haýsy birinde dekorasiýa gurulmaly bolsa, onuň möçberi anyklanýar. Hudožnik, fotosuratçy, kinooperator bilen maslahatlaşyp, kinorežissýor, dekorasiýany näderejede gurmalydygyny çözýär.

Natura gözlenip tapylan gününden başlap, hudožnik şol naturada tapylan obýektlerde gurulmaly dekorasiýanyň eskizini çekmäge girişýär. Bu işiň başynda kinorežissýor, filmiň hudožnigi bilen bir-

näçe gün oturyp, her obýektiň eskiziniň üstünde durup, onuň näderejede bolmalydygy hakda maslahat edýär.

Režissýorlyk ssenarisi ýazylyp başlananda, haýsy obýekt ýazga geçiriljek bolsa, hudožnik şol obýektiň eskizini taýýarlaýar. Şol eskiz esasynda-da obýektiň režissýorlyk ssenarisi ýazylýar.

Filmi surata almak köpçülikleýin zähmet bolansoň, režissýorlyk ssenarisi şol toparyň ähli agzalary üçin hökmany ýerine ýetirilmeli wezipeleri ýekeme-ýeke bellik edilýän resmi ýazgydyr. Geliň, şol bellikleriň iň gereklileriniň üstünde durup geçeliň:

1. Alynjak bolunýan film nirede surata düşürilmeli? Naturadamy, pawilondamy, interýerdemi?

2. Esasy gahrymanlaryň hem-de kino düşýän beýleki aktýorlaryň surata düşmeli gün sanlary, soňra-da şol sanlaryň jemi çykarylyp, olaryň haýsy obýektlerde geçmelidigi bellenilýär.

3. Gahrymanlaryň surata düşýän döwründe näçe wagt repetisiýa gerekligi, surata düşmäge görülýän taýynlyk, olaryň geplejek sözleri bellenilmeli.

4. Operatoryň surat alyş döwründe alyp barmaly ähli işleri.

5. Filmiň surata düşüriljek obýektlerinde guruljak dekorasiýalara hudožnigiň çeken eskizleri.

6. Aktýorlaryň geýmeli eşikleri. Egneşik hudožnigi tarapyndan çekilen eskizler esasynda, näçe görnüşde çekilen bolsa, olaryň hemmesiniň doly ýazgysy.

7. Kompozitoryň ýazmaly sazlarynyň nähili häsiýetde bolmalydygynyň bellikleri.

8. «Bellik» diýlen aýratyn bölümde, filmi surata düşüriş döwründe gerek boljak hemme maglumatlar: ulag, janly-janawar, ir-iýmişler we ş.m. gerek zatlaryň ýazgysy.

Şu ýerde režissýorlyk ssenarisiniň nähili ýazylýandygyny çyzgynyň üsti bilen görkezmegi makul bilýän:

Çyzgyny başlamazdan öňürti, režissýorlyk ssenarisiniň başynda:
Surata alynjak obýektler;
Esasy gahrymanlar hem beýleki rollarda çykyş etjek aktýorlar;
Epizodlarda çykyş etjek aktýorlar;

Köpçülikleýin sahnada çykyş etjek aktýorlar hakda bellikler ýazylýar.

Çyzgy şeýle başlanýar:

1. Ýazyljak kadryň tertip sany;

2. Obýekt (surata alyş işleriniň bolup geçýän ýeri);

3. Plan (alynjak kadrlaryň ululygy, kiçiligi, kameranyň hereketleri);

4. Kino surata alnanda, her kadryň geçýän wagty;

5. Surata alynjak kadryň mazmuny. Gahrymanlaryň edýän hereketleri hem olaryň aýdýan sözler;

6. Filmiň ideýasyny tomaşaça ýetirmekde uly kömek edýän sazlar hem-de kadryň içinde we daşyndan eşidilmeli sesler;

7. «Bellikde», film surata alnanda kameranyň hereketi üçin gerek boljak ähli serişdelerem ýazylýar: Rekwizitler (ulag, satyn alynmaly zatlar, ir-iýmişler we ş.m.).

Režissýorlyk ssenarisi ýazylýan döwürde döredijilik toparynyň hemmesi gatnaşyp, şu işleri bilelikde ýerine ýetirmelidirler. Olaryň her biri öz käri boýunça, surata alyş döwründe gerek boljak zatlary anyklap, olary režissýorlyk ssenariýä geçirmegi režissýora ýatlatmalydyrlar.

Režissýorlyk ssenarisi taýýar bolanda, dekorasiýanyň, geýilmeli eşikleriň eskizleri hem taýýar edilmelidir.

Ýokarky ýazgylar režissýorlyk ssenarisinde şeýle bellenýär:

«Toba» kinofilminden bir sahnanyň režissýorlyk ssenarysy.

*Çyzgy*

| kadr № | Obýekt-ler | plan | wag-ty | Kadryň mazmuny | Saz, sesler | Bel-lik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 139 | Ýagmyr aganyň kümesi | kiçi-den orta | 16″ | Garaňky gatlyşypdy. Myrat kümä girýär.<br>Ýagmyr aganyň gözleri ümezläp, geleniň kimdigini tanamajak boldy. Myrat gapynyň agzynda saklandy:<br>– Ýagmyr aga, näme boldy? Ýaramajak bolýarmyň? Çyranam ýakmansyň-la?<br>– Hä, Myrat, bu senmi? Sag-aman geldiňmi? Obalar saglykmy? | Sürüdäki goýunlar mäleşýär | Guzy-nyň tema-sy |
| 140 | ___//___ | Uly | 10″ | – Saglyk... saglyk. Ýerkümede sur guzymyzy görmedim-le? | | |

Režissýorlyk ssenarisi ýazylan wagty göz öňünde tutmaly esasy pikirleri beýik kinorežissýorlaryň biri Wsewolod Pudowkin şeýle belleýär: «Režissýorlyk ssenarisi ýazylan wagty režissýor kadrda surata aljak epizodyny edil durmuşdaky ýaly almaly däldir».

Režissýoryň gözi bilen ol diňe tomaşaça gerek, şu wagt oňa görkezmeli ýagdaýy dramanyň içinden saýlap alýar. Mysala ýüzleneliň: Amerikan režissýory Griffitiň «Çydamsyzlyk» («Neterpimost») filminde sud edilýän adama ölüm jezasy berilýär. Şol wagt onuň sudda oturan aýalynyň diňe ýüzi görkezilýär. Ol aýal titräp, gözlerinden ýaş durman akýar. Ol aýal bir eli bilen beýleki eliniň hamyny diýseň gaty çümmükleýär. Epizodyň bütin dowamynda şol aýalyň bir gezegem «kiçi» planyny görmedik. Režissýor ony näme üçin şeýle surata aldyka? Tomaşaça şu pursatda iň gerek zat näme? Şu plan arkaly režissýor, şu ýagdaýda, şol sahnanyň iň tragiki güýjüni tapypdyr!

Režissýorlyk ssenarisi ýazylan döwürde, režissýor geljekki filmiň ideýasyny anyklansoň, ol ilki bilen şol ideýany durmuşa geçirmek üçin nähili aktýoryň gerek boljakdygy barada kelle döwýär. Şu ýerde bir zady belläsim gelýär. Eger režissýor filmiň ideýasyny ekranda janlandyryp biljek aktýory dogry saýlap tapsa, aýdylyşy ýaly, onda geljekki filmiň abraýynyň deň ýarysy jübüsinde diýip hasap edip biler.

Kinorežissýor geljekki kino eseriniň dramaturgiýasynyň talap edişine görä, operator, hudožnik, egneşik hudožnigi, grim hudožnigi bilen filmi düzýän her epizodyň üstünde aýratyn durup, şol epizodlaryň dramaturgiýa tarapdan nähili derejesiniň bardygyny çözüp, her epizod üçin gerek boljak zatlaryň hemmesini režissýorlyk ssenaride ýazýar.

Operator, hudožnik bilen alynjak epizodlara yşyk goýmagyň üstünde ýörite işlenilip, ssenariýä geçirilýär. Režissýor operator bilen režissýorlyk ssenarisindäki her kadryň üstünde aýratyn durup, şol kadr surata  düşürilende, kameranyň nähili, nirede durmalydygyny, eger ony hereketlendirmeli bolan ýagdaýynda, oňa nähili tehniki serişdeler gerek boljakdygyny maslahatlaşyp, ssenariniň «bellik» bölüminde ýazýar. Mysal üçin: «Oper. kran», «relsler», «teležka» we ş.m.-ler.

Hudožnik öz gezeginde, gurulmaly dekorasiýanyň içinde gerekli serişdeleri, surata alyş döwründe peýdalanylmaly rekwizitleri

«belliklere» ýazýar, Režissýorlyk ssenarisi ýazylan döwürde filmiň direktory, surat alnanda ulanyljak maşynlardyr beýleki gerek boljak janly-janawarlaryň sanawyny belliklere ýazmagy režissýordan soraýar.

## Kino surata almaga taýýarlyk döwri. Kinosynag.

### (Aktýory kino surata alyp, barlap görmek)

Aktýor hem režissýor üçin hakyky synag – kinosynagdyr. Aktýor geljekki filmden kiçijik bölegi oýnap, özüniň şol gahrymanyň keşbine gabat gelýändigini hemmelere subut etmeli.

Şu ýerde bir mysala ýüzlenmekçi: Türkmenistanyň halk artisti Hommat Müllük meniň «Gizlin ilçi» filmimde esasy gahryman Hojanepesiň keşbinde kinosynaga düşmäge çagyryldy. Homat Müllük surata düşmäge geleninde, öýke-kine bilen, özüniň halk artistidigini, halkyň ony kinoaktýor hökmünde söýýändigini ýatlap, «Şu kinosynag gerekmi?» diýen soragy meniň öňümde goýdy. Şonda men ony däl-de, özümi barlap görýändigimi aýtdym. Ekranda şol barlag edýän aktýorym esasy gahrymana gabat gelýärmi ýa-da gelenok? Munuň diňe kinosynagda oňat görünýänligini aýdanymda, onuň ýylgyryp, öýkesinden ýazylandygy ýadyma düşýär. Bu hakykatdanam, şeýle, kinosynag aktýor üçinem, režissýor üçinem hakyky synagdyr.

Kino surata düşürmek üçin teatrlardan çagyrylan, sahnada köp ýyllap işlän aktýoryň teatrdaky oýnaýyş ýörelgelerine eýerýändigini, onuň öz hereketlerini, gözlerini on dokuzynjy hatarda oturan tomaşaçam görüp-eşider ýaly edip oýnaýandygyny ýatdan çykarmaly däldir.

Kinoda kamera aktýoryň birki metr gapdalynda, kähalatda hasam ýakyn duran wagty, teatrdan gelen aktýor öz öwrenişen tejribesine görä, seredende-de, gürlände-de şol on dokuzynjy hatardaky tomaşaçy üçin oýnaýar. Kinorežissýor onuň bilen işlände, şol ýag-

daýy düşünişip, köp wagtlap zähmet çekip, kinoda oýnamagyň syrlaryny özleşdirýär.

Öz tejribämde bolup geçen bir deslapky kinosynagy ýatlasym gelýär:

Teatrda köp ýyllap işlän zehinli aktýorlaryň birini kinosynaga çagyrdym. Ol bir taryhy filmde surata düşüp, esasy gahrymanlaryň biriniň keşbini ýerine ýetirmeli. Kän işledik. Soňra-da kinosynaga başladyk. Her gezek: «Motor1...» diýlip, kamera işläp başlanda, ýaňky aktýorymyz gözüni petredip, oýnap ugraýar. Men oňa, başardygymdan, kinoda oýnamaly däldigini, kinoda ýaşamalydygyny, özümiň bilýän zatlarymy düşündirjek bolup heläkler boldum. Kyn düşýäniniň sebäbi, men şol filmimi Moskwadan okuwy gutaryp gelenimden birki ýyl soň surata düşürip başlapdym. Garaz-aý, näçe ýalbaryplar çyksam-da, aktýora öz diýenimi etdirip bilmedim.

Çeperçilik geňeşem kinosynagy görüp, ol aktýory filmde surata düşürmäge almady. Ol aktýor birküç ýyl menden öýkeläp gezendir.

Türkmenistanyň halk artisti Ata Döwletowy ilkinji gezek kino surata düşmäge men çagyrypdym. 1972-nji ýylda, ýaşulynyň teatrda köp ýyllap zähmet çekip pensiýa çykan wagtlary bolmaly. Ol «Taýharly oglan» atly gysga göwrümli çeper filmde (diplom işimde), bir epizodda surata düşdi. Onuň yzýanam «Altynyň öwüşgini» atly doly göwrümli çeper filmi surata almaga girişdim. Ata aga – esasy gahrymanlaryň biri. Oňa türkmen ýaşulysynyň keşbini ýerine ýetirmek tabşyryldy.

Surata almaga girişenimizde, Ata Döwletowyň teatrda köp ýyllap zähmet çekenligi görnüp ugrady. Näme etmeli? Atamy ýatladyp duran ýaşuly adam, oýnaýar hezil edip. Birküç gün surata düşdük, bolanok!. Ýuwaşrakdan «Oýnaýaňyz, ýaşuly!» diýen sözüme, «Artist oýnamasa bolmaz-a, oglum?!..» diýip, ýüzüme soragly seredýär. Men gijeler ýatman, alada edýän. Birden ýaşuly gaty görüp, surata düşmän, taşlap ötägitse?.. Näme-de bolsa, bu ýagdaýy men düzetmeli! Ahyry bir netijä gelip, ertesi güni, agşamara, surata alýan ýerimizde, ak çägäniň üstünde ýazdyrdym iki sany keçäni. Okladylar keçäniň üstüne iki sany ýassygy. Iki çäýnek çaý geldi. Kinotoparyň edýän işine Ata aga gözastyndan seredýärdi. Onuň bu bolýan zatlara düşünmeýändigi

görnüp durdy. Sebäbi, ssenaride beýle epizod ýokdy. Kinotoparyň agzalaram seslerini çykarman, režissýoryň diýenini edýänem bolsalar, onuň näme hyýala münendigine düşünmeýärdiler.

Barsagelmez çöllügi, dag ýaly abanyp duran ak çägä ýazylan keçäniň üstünde hum çäýnege demlenen gök çaý...

Ýaşulyny çaýa çagyrdym, Ata aga minnetdarlyk bildirip, gelip gapdalymda oturdy. Men kinotoparyň agzalaryna ýarym sagatlyk dynç almaga rugsat berdim. Ata aga, çäýnekdäki çaýy agdaryp, maňa bir käse çaý uzatdy. Men gapdalda ýatan iki ýassygyň birini Ata aga süýşürip, beýlekisine özüm ýaplandym. Çaý başynda şeýleräk gürrüň bolupdy:

– Ata aga, meniň sizden bir haýyşym bar.

– Aýt, oglum...

– Şu gün, birje gün, siz teatram, kinonam ýatdan çykaryp, aýdýanlarymy gaty çynyňyz bilen diňläp, meniň diýenimi etmeli.

– Bolýar, oglum.

Men ýassygymy göterip, ýaşula garşy süýşdüm. Edil ýaşulyň gapdalynda oturdym;

– Ata aga, men seniň ogluň bardygyn-a bilýän. Ýalňyşmasam, adam Myrat bolmaly?

– Hawa-a, Myrat...

– Ata aga, Myrat bir bolmasy iş edipdir. Senem öýüňizde ikiçäk otyrkaňyz, ýuwaşlyk bilen oňa käýeýäňiz. Garaz, bir gezek käýinseňiz-de... (diýip gülýän.) Ýatlaýyň şony... Ynha, men – Myrat, otyryn gaşyňyzda...

Ata aga köp oturdy. Meniň özünden näme talap etjek bolýanymy bilmese-de, ýaşuly gaty çyny bilen maňa bir zatlar diýip, çyny bilen käýinýärdi. Men begenjimden uçaýjak bolýadym.

Ata aga edil meniň isleýşim ýaly gürläp otyr. Ol gürrüňini soňlamanka:

– Boldy, Ata aga, boldy... – diýip, tas turup, ony gujaklapdym. – Boldy, ýaşuly. Häzir Ýomudow (esasy gahryman) ýanyňyza geler welin, edil ýaňkyja bolşuň ýaly bol-da, ssenaridäki teksti gaýtalap ber. Ýöne hiç zat goşma, haýyş edýän!..

– Bolýa, oglum...

Esasy gahryman Ýomudowyň keşbini oýnaýan aktýory surat alýan obýektimize çagyrdylar. Men ýaşuly bilen edilmeli gürrüňi öňünden onuň bilen repetisiýa edipdim

Ol ýaşulynyň ýanyna gelip oturdy. Ata aga-da, edil ogluna käýinişi ýaly, hiç bir zat üstüne goşman, kinodaky tekstini aýtdy. Şol günüň ertesi, kinoplýonkamyzy proýawka etmäge Leningrada iberdik.

Biz her hili bahanalar tapyp, kinoplýonka gaýdyp gelýänçä, ýaşulyny surata almadyk.

Ine, Leningraddan plýonkamyz geldi. Goturdepe şäherçesiniň kinoteatrynda kino surata alan materialymyza men, operatorymyz, Ata aga – diňe üç adam bolup seretdik. Kinomehanik materialymyzy görkezip, zaldaky çyrany ýakdy. Biz sesimizi çykarman, Ata aganyň näme diýerine garaşdyk. Ata aga «Men artist-a, oýnamasam bolmaz-a» diýen kadrlarynam, biziň onuň bilen ýürekdeş gürrüňimizden soňra surata alan kadrlarymyzam gördi. Beýik artist, akyldar ýaşulymyz pikirlenip köp oturdy, soňra-da üýtgeşik bir ýylgyrdy-da:

– Hä-ä... kino beýle alynýan eken-o-ow.. – diýip, ýerinden turdy.

Mertebesi beýik ýaşuly bilen, şondan soň surata düşen ähli kinolarynda, «Nähili oýnamaly?» diýen sorag ýüze çykmady.

Ine, men ömürboýy teatrda işlän iki aktýoryň kinoda keşp ýasaýyşlaryny gürrüň berdim.

Taýýarlyk görüş döwründe kinosynagdan başga-da, hökmany çözülmeli meselelere göz aýlalyň:

Kinorežissýoryň ssenarini eline alan gününden başlap, iň esasy aladasy – surata alynjak bolunýan filmiň içinden eriş-argaç bolup geçýän pikirini, ideýasyny ýitirmezlikdir.

Surata almaga taýýarlyk döwründe kinooperatordyr hudožnik geljekki döretjek filmlerinde dekorasiýanyň nähili stilde surata düşüriljekdiginiň çözgüdini gözleýärler hem yşyk goýmagyň dogry ýagdaýlaryny çözýärler. Naturada alynjak, ol ýerde gurulmaly dekorasiýalary režissýorlyk ssenariý döwründe çözendikleri sebäpli, taýýarlyk görüş döwrüniň ilkinji günlerinden başlap, ilkinji surata alynjak obýektleriň haýsy birinde dekorasiýa gurulmaly bolsa, hudožnigiň

ýolbaşçylygynda, kinostudiýanyň dekorasiýa gurýan bölüminiň işgärleri bilen şonuň gurluşygyna başlanýar. Bu işiň wagtynda ýerine ýetirilmegine filmiň direktory bilen hudožnik jogap berýärler

Taýýarlyk döwrüniň esasy işleriniň biri – kinofilmde esasy gahrymanlaryň keşbini ýerine ýetirýän aktýorlardan başga kiçiräk keşpleri ýerine ýetirmeli on-ýigrimi aktýory (elbetde, her filmde bir hili) gözläp tapmak meselesi durýar. Ikinji režissýor suratçy bilen bilelikde ilki teatrlara, soň sungatyň başga görnüşlerinde işleýän adamlaryň arasyna aýlanýarlar. Kino surata düşmäge çagalar gatnaşýan bolsa, mekdeplere aýlanyp, köp sanly çagalary kinostudiýa çagyrýarlar. Kinorežissýor çagalar bilen duşuşyp, gürleşip, olaryň arasyndan düşüriljek bolunýan kinofilmde keşp ýasamaga aktýor gözleýär.

Kinosynagyň çagalar bilen nähili geçirilýändigi barada öz döredijilik tejribämde bolup geçen ýagdaýy gürrüň bereýin. «Ogul» filminiň kinossenarisini ýazyp ýören döwrümden başlap, esasy gahrymanyň keşbini ýerine ýetirjek sekiz-dokuz ýaşly oglanjygy nädip tapyp bolar diýen alada beýleki gözleglerden has ilerde durýardy. Sebäbi, bu kinofilmiň esasy gahrymany diňe bir aktýorlyk ukybyndan başga-da, dutary ezber çalyp bilmelidi. Alada gaty basmarlaberende «Ine, saňa gerek bolsa... Gowy dutar çalyp bilýän oglanjygy tapdyňam-da, onuň aktýorlyk ukyby nähili borka?..» diýip, öz-özümi basga goýýardym. «Ogul» kinofilminiň ssenarisini ýazanymyzda, biz geljekki dörediljek filmiň ideýa-mazmunyna doly düşünişdik, esasy maksat – eserde ata bilen ogluň duýgusynyň bir-birege geçmekligi (telepatiýa) diýen düşünje filmiň içinden eriş-argaç bolup geçmelidi. Ata bilen ogluň arasynda bolup geçýän, göze görünmeýän duýgynyň birleşmegini gazanmalydy, uruş meýdanyndaky ata bilen ok-tüpeň seslerinden gaty daşdaky obada ýaşap ýören ogluň bir-birini duýşuny kinonyň dili bilen tomaşaça ýetirmelidi.

Ýene bir bellemeli zat – bu dörediljek çeper filmi biz türkmeniň beýik sazandasy Pürli Saryýewiň inisi Nury Saryýewiň ýagty ýadygärligine bagyşlaýardyk. Nury Saryýew Beýik Watançylyk urşy başlananda, Moskwanyň Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynyň

talybydy. Onuň Moskwada okaýarka düzen ilkinji sazyny («Pioner») türkmen sazandalary höwes bilen çalýardylar. Ol saz türkmen radiosynyň bezegi bolupdy. Uruş başlananda, konserwatoriýanyň direksiýasy beýleki respublikalardan okuwa gelen talyplary öýlerine goýbermek hakynda buýruk çykarýar. Şeýle-de bolsa, Nury Saryýew arza berip, Watan goragyna gitmäge isleg bildirýär. Ol Moskwanyň goragyna gidýän meýletinçilere goşulýar. Watan goragynda, Moskwanyň eteginde-de gahrymanlarça wepat bolýar.

Esasy gahrymanlaryň kinosynagynda Nury neressäniň keşbini janlandyrmagy biz meşhur sazanda, Türkmenistanyň halk artisti, Türkmen Milli konserwatoriýasynyň uly mugallymy Begmyrat Gutlymyradowdan haýyş etdik. Begmyrat Nury Saryýewiň doganoglanydy.

Ol meniň «Takdyr», «Jennet guşy» çeper filmlerimde-de esasy gahrymanlaryň keşplerini ýerine ýetiripdi.

Kinosynag üçin sekiz-dokuz ýaşlyja baş gahrymanyň gözlegine çykdyk. Aşgabat şäheriniň mekdeplerinde dutar çalyp bilýän çagalaryň hemmesiniň suratlary alnyp, soňra welaýatlardan zehinli çagalary gözledik. Gepiň gysgasy, dutar çalyp bilýän ýetmiş bäş sany oglanyň suratlary toplandy. Bularyň içindenem on bäş sanysyny barlap görmek üçin kinostudiýa çagyrdyk. Köp günleriň aladasyndan, barlagyndan soň bäş oglan kinosynaga taýýarlanyldy.

Çagalar kinosynag edilende bolup geçýän ýagdaýlar, edil sport ýaryşlaryndaka meňzeş diýsem, ýalňyş däldir. Tejenden, ýedi ýaşlyja bir oglany kinosynagdan geçirýärkäk, kinostudiýanyň howlusynda onuň dogan-garyndaşlarynyň on-onki sanysynyň şol oglana janköýerlik edýändiklerini aýtdylar. Şol oglanjygyň dutar çalşy şu günki ýaly ýadymda. Kiçijigem bolsa, onuň dutara ýapyşyşy edil Sahy Jepbarowy ýadyňa salýardy, «Dutary iýip barýar-aý!..» diýip, kinosurat alýan toparyň işgärleri haýran galýardylar.

Bu ýerde kinosynagyň maksady barada aýtmaly. Esasy gahrymanyň keşbini ýerine ýetirjek oglanda dutar çalyp bilmekden başga, aktýorlyk zehininiňem bolmaklygy hökmandy. Kinorežissýor, ine, şony duýmalydyr. Şol üşük (intuisiýa) režissýora Alla tarapyn berlen

bolmaly diýip düşünýärin. Eger kinosynag döwründe kinorežissýor aktýory dogry tapyp bilse, indiki dörejek kinonyň deň ýarysy režissýoryň jübüsinde hasap edäý!

«Ogul» filminde esasy gahrymanyň keşbini ýerine ýetiren oglan (Sahysalyh Baýramow) aktýorlyk zehini meselesinde üstün çykdy. Kinosynag edilýän epizodda oglanjygyň aglamaly ýeri bardy. Kinosynaga gatnaşýan oglanlaryň içinde diňe Salyh şol epizodda çyny bilen aglap görkezdi.

Kino surata almaklyga taýýarlyk döwründe egneşik hudožnigi esasy gahrymanlaryň geýjek eşikleriniň eskizin çekip, her gahrymanyň obrazynyň üstünde kinorežissýor bilen aýratyn durup, onuň «bolýasyny» alyp, geýimleriň täzeden tikmelisini tikdirip, satyn almalysyny filmiň direktory bilen dükanlardan satyn alyp, kino surata alyş döwri başlanmanka aktýorlara geýdirip, taýýar edýär.

Kinorežissýor ýokardaky işleriň hemmesine ýolbaşçylyk edip, şol bir wagtyň özünde-de, kompozitor bilen filmde eşidilmeli sazyň nähili häsiýetde bolmalydygy barada belli bir karara gelýär. Sazyň haýsy kadrdan başlap, haýsy kadrda gutarmalydygy, ýene täzeden haýsy epizodda başlamalydygy, bütin filmiň dowamynda, režissýorlyk ssenarisinde bellenilýär.

Dünýä ýüzünde, kino üçin ýazylan sazlaryň arasynda iň ýokary baýraklara mynasyp bolan sazlar, kino ekranynda görkezilip durka, tomaşaça eşdilmeýän sazlar hasap edilýär. Bu näme diýildigi? Kinoda görüp oturan kadryňyzda synlaýan wakaňyz bilen şol minutda eşidilýän saz iňňäň gözünden deň geçmeli. Başgaçarak aýtsak, kinodaky geçýän waka, akyp ýatan suw ýaly, saz bilen deň akmaly. Bu aýdylanlaram düşnüksiz bolsa, has düşnüklisi – görüp oturan kinoňyzdaky gahrymanyňyzyň kellesinde, ýüreginde bolup geçýän harasatlary açýan açar, şol pursat eşidilýän sazdyr.

Kinorežissýor kompozitor bilen geljekki dörediljek çeper filmi saz bilen bezemekligiň üstünde işlände, ilki bilen kinofilmde geçýän wakanyň ideýa-mazmuny barada köp gürrüňleriň başyny agyrdyp, belli bir netijä gelinmelidir. Režissýorlyk ssenarisi ýazylmazdan öňürti, soňra kinoda bolup geçjek waka sazyň berjek kömegi barada pikir edilmelidir.

Mümkin boldugyça, kino surata düşüriliş döwründe kompozitor aktýorlaryň öz döredýän keşbini nähili ýerine ýetirişlerini görse, şol wakanyň janly şaýady bolsa, bu ýazyljak sazyň dogry ugurdan gitmekligine kömek edýär.

Kino surat alyş döwri tamamlanyp, montaž işleri başlananda, kinorežissýor bilen kompozitoryň hökman bile işlemek döwri başlanýar. Montaž edilen epizodlary kompozitor görüp, özüniň ýazyp taýýar eden sazyna üýtgeşmeler girizýär. Käbir ýerlerini täzeden ýazýar. Çeper film montaž edilip, taýýar bolanda, kinorežissýordyr kompozitoryň çeper filmi saz bilen bezemek işi başlanýar. Gowy saz, diňe bir kinofilmiň artykmaçlygyny gazanman, soňra özbaşyna aýdym edilip, il-halkyň arasynda köp ýyllaryň dowamynda diňlenilýär.

Ses operatory kim? Çeper film döredilende, kinorežissýoryň ses operatory bilen işleýiş tejribesi. Ses operatory surat alnyşa taýýarlyk döwründe kino toparyna berkidilýär. Çeper film döretmekde ses operatory kinorežissýoryň iň ýakyn kömekçileriniň biridir. Ses operatory režissýorlyk ssenarisini eline alan gününden başlap, geljekki kinofilmde tomaşaçylaryň eşitjek sesleriniň ählisini öz depderçesine ýazyp alýar.

Geliň, mysallara ýüzleneliň. Geljekki kino eseriniň uly bir epizody obada geçýär. Diýmek, obada eşidiläýjek sesler gerek. Şol waka obada agşamlygam dowam edýär. Agşamlaryna obadaky eşidilýän sesler. Şu ýokardakyja epizod üçin ses operatory haýsy hem bolsa bir oba gidip, şol obada gündizem, agşamam bolup, ses ýazýan enjamynda, gerek bolaýjak sesleriň dürli görnüşlerini ýazýar. Soňra surata alnyş döwründe, oba baranlarynda, ses ýazmasyny ýene dowam edýär. Bu seslere tebigatda eşidilýän sesler diýilýär. Ondan başga, kadrda bolup geçýän seslerem bar. Olara ses operatory ýörite aktýorlaryň kömegi bilen, film montaž edilip bolansoň girişýär.

Ses operatorynyň iň gyzykly, iň jogapkärli işi – surata alnyş döwründe aktýorlaryň kadrda gürlän tekstleriniň täzeden, arassa görnüşde, studiýada ýazylýan döwrüdir. Bu işde ses operatory bar zehinini orta goýýar.

Ine, aktýorlaryň sesleri täzeden ýazyldy, filmiň daşyndan eşidilýän sesler taýýar. Kadrdaky sesler (aýak sesleri, gapylar açylyp-

ýapylýar we ş.m.) taýýar. Kompozitoryň ýazan saz bezegi ýerinde. Indi çeper filmi döretmekdäki iň jogapkärli, iň gyzykly pursat gelip ýetdi. Bu pursada ähli sesleri birleşdirmek (perezapis) diýilýär.

Ses operatory bilen bütin film boýunça nähili sesleriň gerekligi, olaryň goýulmaly ýerleri düzülip, şolaryň hemmesi režissýorlyk ssenarisine ýazylýar. Şu işleriň hemmesi taýýarlaýyş döwründe ýerine ýetirilýär.

Umuman, taýýarlaýyş döwri geljekki kinofilmiň ähli döredijilik ýollarynyň yzarlanyp, belli bir netijä gelinýän döwrüdir.

Şu ýokarda aýdylanlar ýerine ýetirilip, kinosynag surata düşürilenden soň, filmiň režissýorlyk ssenarisi hem senenama boýunça plany, esasy gahrymanlaryň kinosynagy kinostudiýanyň çeperçilik geňeşine tabşyrylýar.

Hudožnik kinofilmiň surata alynjak obýektlerinde guruljak dekorasiýalaryň eskizini (uly ölçegde çekilip) tabşyrýar.

Egneşik hudožnigi filmdäki esasy gahrymanlaryň eşikleriniň eskizini çekip tabşyrýar.

Şu işleriň hemmesine filmi goýujy režissýor, operator, hudožnik, egneşik hudožnigi, filmiň direktory jogap bermelidir.

Taýýarlaýyş döwri gutarandan soň, iň esasy, iň kyn hem iň uzak, režissýoryň başarnygyny barlaýan döwür başlanýar.

## Kinony surata alyş döwri

Filmi surata alýan toparyň otagynyň diwarynda surata alynjak kadrlaryň tablisasy (çyzgysy) asylyp goýulýar. Şol çyzgyda dört-bäş ýüze golaý kadr, geljekki filmde alynmaly kadrlaryň sanlary ýazylýar.

Režissýor geljekki filmi kadrma-kadr surata alyp başlaýar. Obýektleriň haýsy birinde režissýor şu gün birje kadr alanam bolsa, diwarda asylgy tablisadan şol san çyzylyp aýrylýar. Şeýdip, şol tablisadaky dört-bäş kadr çyzylyp gutaran günem, kino surata alyş döwri tamamlanýar.

Kinony surata alyş döwri režissýoryň kinossenarini eline alan gününden başlap eden ähli aladasynyň amala aşýan döwrüdir.

Režissýoryň ähli gujur-gaýratyny, Allatagalanyň beren zehinini ulanmaly günleri öňde. Kadr yzyna kadr, geljekki filmiň her günde minut ýarymlyk, iki minutlyk epizodlary surata düşüriler. Ol kadrlaryňam biri gysgajykdyr, käbiri uzyn. Filmiň kadrlaryny surata almak üçin birnäçe görnüşler ulanylýar:

Statika – kamera bir duran ýerinde ykjam dur.

Kamera hereketde.

Montaž görnüşinde kino alyş – munda kadrlar uly, orta, giň görnüşlerde aýratyn surata alnyp, montaž boýunça birleşdirilýär.

Statika kadrlary kinematograf dörän gününden ulanylyp başlandy. Hereketli kadrlar soňra ýuwaş-ýuwaşdan döredilip ugrady. Sesli kinonyň döremegi bilen panorama, öňe gitmek, yza gaýtmak, aýlawly surat alyş, her hili öwrümler etmek, soňra kamerany ýokary götermek, aşak düşürmek ýaly hereketler döredilip, kinonyň köp bölegi hereketli kadrlara öwrüldi.

Kameranyň hereketi bilen alnan kadrlar durmuşa ýakyn bolup görünýär. Adam durmuşy yzygiderli panoramada görýär ahbetin. Eger adamyň gözi birden bir üýtgeşik zady görüp, ol ýerde saklanaýanda-da, adam ýene dünýä tutuşlygyna seretmegini dowam edýär. Kamera edil adamyň gözi ýaly çalt hereket edip bilmeýänem bolsa, onuň alan kadry adamyň durmuşy görnüşine ýakyndyr. Şonuň üçinem, hereketde alnan kadr kino görýän tomaşaça güýçli täsir edýär. Bu hereket wakanyň şu wagt, şu minutda geçýändigini tomaşaça ýetirýär. Mysala ýüzleneliň. Bir topar adam dükanyň açylmagyna garaşyp dur. Şu ýerde üýşüp duran adamlaryň arasyndan käbirini uly planda alyp, olaryň nähili keýpdedigini görmek, duýmak bolar. Eger biz şol adamlaryň gapdalyndan kameraly, ýuwaşlyk bilen geçip, olaryň ýüzlerine seretsek, durmuş hakykatyny has gowy göreris. Biz özümizi şol üýşüp duran adamlaryň arasynda ýaly duýarys.

Montažda surata alyş metody bolsa düýbünden başga hili görmegi ündeýär.

Mysal: iki sany adam öýde gürrüň edip dur. Men bulary montaž metody bilen surata aldym. Soňam başga bir kadry... mysal üçin, şol

4. Sargyt № 1345

öýüň gapysyny ýa-da äpişgesini surata alýaryn. Şol kadrdan soň men ýene şol adamlara gaýdyp gelýärin. Bir sagatdanmy? Ertesi günmi? Sebäbi, meniň şol montažda ulanan kadrym wagty böldi oturyberdi. Ýene bir mysal: Şol gürrüň edip duran adamlaryň biri: «Ertir men Mara baryp geljek» diýýär. Şondan soň biz otlynyň aýlanýan tigrini görkezdik.

Indiki waka Maryda geçip biler. Hereketde surata alyş usuly, alynýan kadrlaryň durmuşa ýakyn bolýanlygy bilen tapawutlanýar. Bu usula bir mysal: Köçeden ýöräp barýan adam birden saklanýar-da, sag tarapa seredip, ep-esli durýar, soňra şol seredýän tarapyna öwrülip, ýoluny dowam edýär. Biz onuň yzyndan seredenimizde, ol adamyň gazet-žurnal satylýan dükana baryp, gazet almakçy bolýandygyny görýäris.

Panoramada surat alyşda, esasan, şol geçýän wakanyň nähili uludygy, köp adamlydygy görkezilýär. Ondan başga-da, hereketde alnan uzyn kadrlar, durmuş hakykatyny görkezmeklikde uly rol oýnaýar. Suratyň montažda alyş usulynda bolsa, uzyn kadr alyp duran kadrlaryňy böler-de, durmuşy wakanyň şol bir wagtda geçýändigini keser oturyberer. Montažda kino alyş usuly tomaşaçynyň özüniň aňynda şol surata alan kadrlaryňy birleşdirmäge salgylanýar. Mysalda göreliň:

Montaž usuly bilen demirýol menzilinde geçýän wakany surata alýarys. Perronda bolup geçýän wakany surata aldyk. Ondan soň menziliň içindäki waka geçdik-de, soňam ýene perronda otla münüp duran adamlary surata düşürdik. Montažda alnan kadrlary ekranda gören tomaşaçy öz aňynda şol kadrlary birleşdirip, bir many çykarýar. Bu ýagdaýda her bir tomaşaçy bolup geçýän wakany özüçe yzarlaýar.

Kino suraty montaž bilen alnanda, ýene bir ulanylýan görnüşi – olam, suraty çalt ýa-da haýal almak. Bu ýagdaý çeper filmler surata alnanda köp ulanylýar. Eger suraty kamerada çaltlandyryp alanyňda, ol ekranda haýal görner, suraty haýal alanyňda, ekranda ol çalt gider. Filmiň çalt surata alnyp, haýal bolup görkezilýän kadrlary «Rapid» diýip atlandyrylýar.

Kinorežissýor kino surata alanda, şu ýokarda aýdylyp geçilen iki usulam ulanýar. Şu ýerde bir zady ýatdan çykarmaly däldir. Kamera gerek ýerinde-de, gerek däl ýerinde-de panorama edip ýörmeli däldir. Mysala ýüzleneliň:

Bir zawodyň direktorynyň kabinetinde ýygnak geçýär. «T» harpyny ýadyňa salýan stoluň daşy adamdan doly. Ýygnakda zawodyň direktorynyň çykyşyny diňläp otyrlar. Ine, kamera gerek ýerinde-de, gerek däl ýerinde-de adamlaryň arasynda şol panorama edip aýlanyp ýör. Gerekmi şol?.. Meniň pikirimçe, şu epizodda kameranyň hereketi düýbünden gerek däl. Bu gereksiz hereketleriň ýerine, aýratyn uly planda direktoryň gürrüňini diňläp oturan adamlary montaž usuly bilen surata alyp, ol adamlaryň edýän paýhasly gürrüňdeşligi görkezilse, oňat bolardy diýip netije çykarýaryn. Eger kinorežissýora filmiň manysy üçin hökman gerek bolsa, şol ýerde panorama ulanylmaly bolaýanda-da, aýdaly, şol stol aýlawly bolup, kameranam stoluň ortarasynda goýup, ýygnakda oturan adamlaryň ýüzleri aýlawly panorama bilen alynsa, olaryň her biriniň gürleýän adamyň çykyşyna bolan garaýşy görkezilse, režissýoryň azaby ýerine düşer.

Kameranyň öňe ýa yza hereket edýän panoramasy bolup geçýän wakanyň çeperçilik tarapynyň, dramanyň tomaşaça ýetmekligine, onuň temp-ritminiň güýçlenmegine getirýär.

Kinofilmiň her epizody alnanda, şol epizodyň haýsy usul bilen alynmalydygyny režissýor operator, hudožnik bilen çözüp, ondan soň surat almak işlerine girişmelidir. Bir epizodyň içinde hem montaž usulyny, hem hereketde alynýan usuly ulanyberseň, film döredijilik tarapdan köp ýalňyşlyga sezewar bolar. Beýle diýildigi, montaž usuly bilen alynýan kinoda hereket usulyny ulanyp bolmaz diýildigi däldir. Ol usullaryň ikisem film surata düşürilende gerek, ol filmiň stilini bozman, tersine, eseriň uly döredijilik üstünliklerine ýetmegine kömek eder. Soňky ýyllarda režissýorlar bu usullaryň ikisinem döredijilikli ulanýarlar.

Şu usullar, montažda dramaturgiýa tarapyndan hökman gerekdigini açyk duýan wagtyň ulanylmalydyr.

Kinonyň surata alnyş döwründe ýene bir üns bermeli meseleleriň biri – filmiň dramaturgiýasyna laýyklykda, tebigatyň dürli üýtgeşmelerini surata düşürmäge garaşmakdyr. Aýdaly, dramaturgiýa bir

epizodda esasy gahrymanyň ýürek yzasyny görkezmek üçin, güýçli çabganyň aşagynda onuň gidip barşyny suratlandyrmaly... Beýle epizodlary almak üçin, ýagşa garaşmaly. Ýagyş ýaganok. Kinony surata alýan topar garaşmakdan ýadap, aýdaly, ýangyn söndürýän maşynlary ulanyp, ýagdaýdan çykalga tapdy diýsek?!. Mundan kyn ýagdaýlarda, aýdaly, surata düşürilýän kinofilmiň wakasy, agyr ýagan garyň üstünde ýöräp barýan çagajygyň epizody bilen başlanýar. Şol filmiň kyrk minutlyk wakasy agyr ýagan garyň üstünde geçýän bolsa...

Türkmenistanda gyşda gar ýagýar, ýöne onuň ýigrimi günläp ýerde ýatjagy-ýatmajagy näbelli... Ynha, şu hili epizodlar surata düşürilmeli bolan wagty, «Tebigatyň haçan eçiljegine garaşyp oturmalymy ýa-da başga bir ýagdaýlar gözlemelimi?» diýen soraga-da kinorežissýoryň jogap tapmalydygyny aýtman geçmek bolmaz. Özem, şu soraglara entek režissýorlyk ssenarisini ýazyp ýören wagtlaryň jogap tapmaly.

Bir mysala ýüzlenmekçi: «Kakam gaýdyp geler» kinofilminiň režissýorlyk ssenarisini ýazyp ýören wagtymyzda, filmiň kyrk minudynda esasy gahrymanyň garyň üstünde ýöremeli epizody bardy. Eger Türkmenistanda gar ýagmasa? Kinony surata düşürýän toparymyz Gazagystana gitmeli boljakdygyny, göz öňünde tutup, bu ýagdaýy kinostudiýanyň direktory, galyberse-de, önümçilik bölümi bilen maslahatlaşmagy makul bildi.

Çözülmesi kyn köp gürrüňleriň başyny agyrtdyk. Ahyrynam, zordan «Bolýa» jogaplaryny aldyk. Şonda kinostudiýanyň ýolbaşçylarynyň bu meselä kynlyk bilen jogap berendikleriniň sebäbi – kino toparymyzyň ählisi Gazagystana iş saparyna iberilmelidi. Döwlet tarapyndan goýberilen pul serişdeleriniň oňa ýetmezligi ahmal, ýene bir ýagdaý, kinony surata alyş döwrüniň sanalgyja günleriniň, Gazagystana gitmek-gelmek meselesi bilen baglanyşykly, ýetmezligi mümkin. Kinony bolsa senenama esasynda bellenen güni hökman gutaraýmaly.

Şu wakany gürrüň berýänimiň sebäbi, kinorežissýoryň kellesiniň diňe kinony nädip almaly diýen pikir bilen agyrman, önümçilik babatda-da, köp kyn meseleleri çözmelidigini ýatladýaryn.

Kinony surata alyş döwründe tebigat bilen bagly ýene bir ýagdaý berjaý edilmelidir. Eger surata düşürilýän epizod Gün çykyp

durka alynmaga başlanan bolsa, şol epizod gutarýança, surata alan kadryňda Gün çykyp durmaly. Bulutly, ýarym bulutly günlerde şol işi dowam etseň, hökman Gün bolaýmaly. Bulut asmany tutdumy – otur gün çykýança, başga etjek alajyň bolmaz. Edil şonuň ýalam, bulutly howada, epizody bulutly gün almaga başladyňmy, şol epizod surata alnyp gutarýança, bulutly howa garaşyp oturmalysyň.

Günüň şöhlesiniň düşüşi bilen baglanyşykly kadrlar. Bu näme diýildigi? Naturada, ertir irden surata almaga başlan epizodyňy öýleden soň dowam etmek bolmaýar. Eger şol epizody sagat on ikä çenli alyp gutarmadyk bolsaň, ertesi irden almaklygy niýet edinmeli. Sebäbi, gün şöhlesiniň düşüşi bilen kölege döreýär. Mysal üçin, ertir irden kadrda oýnaýan aktýoryň kölegesi onuň günbatarynda bolýar. Öýleden soň kölege gündogara geçer. Eger režissýor «Aý, bolýalaý...» edip, irdenki alnan epizodyň dowamyny öýleden soň surata düşüräýse, ol filmi montaž eden wagty, uly kynçylyga sezewar bolar.

Kinofilm surata düşürilýän döwürde kinorežissýoryň kömekçisiniň montažda gaty gerek bolýan, hökman edilmeli işi bar. Ol kinorežissýoryň sag goly diýsek, ýalňyşmarys. Kinofilm surata alnanda, ýörite ýasalan, ýüzünde filmiň ady ýazylan tagtajyk bolýar. Her gün kinosurata alnyş başlananda, kinorežissýoryň kömekçisi ilkinji alynjak kadryň hasap belgisini şol tagta ýazyp, kameranyň öňüne tutýar-da, şol ýazylan kadryň belgisiniň (muny biz «dubl» diýip atlandyrýarys) suratyny alýar. Onsoň şol kadryň şekili surata alnyp başlanýar.

Kömekçiniň bu işiniň juda gereklidiginiň sebäbini düşünişip geçeliň. Ýokarda «dubl» atlandyryp, surata alan kadrymyz bir dälde, birnäçe gezek surata alynýar. Sebäbi, kino surata alan dubluň birinji kadrdan seniň isleýşiň ýaly bolaýmaýar. Režissýor ol kadry birnäçe gezek alyp, göwnüne laýyk bolýança, gaýtalaýar. Şu ýerde näme sebäpden şol bir kadryň gaýtalanyp surata alynýandygynam aýdyp geçmek gerekmikä diýýän. Elbetde, iň ilkinji sebäpleriň biri – keşbi döredýän aktýoryň nädogrurak hereketleri, öz ýerine ýetirmeli işlerinde ýalňyşmagy. Ýene-de, aýdaly, ýalpyldap duran Günüň öňüni birden buludyň büremegi, operatoryň kamerasynyň nädogry hereketi, yşyk berlişindäki ýetmezçilikler we ş.m. Başga-da köp sebäpleriň

ýüze çykmagy mümkin. Şol sebäpleriň haýsysy dogry ýerine ýetirilmese-de, kamerada surat almaklyk saklanylýar. Kameranyň şol surat almagynyň saklanylmagy režissýoryň kömekçisiniň depderçesine gaty dogry edilip ýazylmaly. Onuň ýörite ýazylyş düzgüni bar. Ol depderçede ýazgylar şeýle bellenilýär:

1. Obýekt. Şol obýektdäki epizodyň ady.

2. Şol epizodyň aýyň haýsy gününde (ertir irdenmi ýa günortandan soňmy?) kino surata alnanlygy.

3. Näçe dubl alnypdyr? Şol kinoda surata alnan dubllaryň haýsy biri ýaramaz düşüpdir, haýsy dubl oňat?

4. Şol dublda sözlenýän söz. Aktýor nähili gürläpdir, ssenaride nähili ýazylan? Şu ýokardaky bellikler režissýoryň kömekçisiniň depderçesinde oňat, düşnükli edilip ýazylýar. Bu ýazgy, kinonyň surata alyş döwrüniň iň soňky epizodyna, iň soňky kadryna çenli dowam etdirilýär.

Iküç aýdan soň režissýor montaž stolunyň başyna geçip, kinofilmi montaž etmäge başlan wagty, şu depderçedäki ýazgynyň belli bahasy ýokdur.

## Teatrda hem kinoda mizanssena

Mizanssena diýip, biz sahnada dramaturgiýanyň salgy berşine görä, aktýoryň eserdäki logikany yzarlap edýän hereketine düşünýäris. Aktýor sahnadan çykýar, girýär, oturýar, turýar, awanssena golaýlaşýar ýa-da sahnanyň törüne tarap gidýär. Sahnanyň çetindäki duran beýleki gahrymanyň ýanyna barýar ýa-da ondan daşlaşýar. Ine, şu aýdylanlaryň hemmesine mizanssena diýilýär. Kinonyň mizanssenasy düýbünden üýtgeşikdir. Ol teatr mizanssenasyndan çylşyrymlydyr, düşündirmesi birneme kynrakdyr. Kino mizanssenasy teatr mizanssenasynyň içinden çykanam bolsa, kinoapparat ony özüniň uly, orta planlary, kameranyň hereketi bilen teatral mizanssenadan üýtgedip, kinematografyň diňe öz diline öwrüp, mizanssena ýasaýar.



*Taýharly oglan. 1972 ý.*





*Altynyň öwüşgini. 1973 ý.*





*Laçyn. 1978 ý.*





*Laçyn. 1978 ý.*



*Laçyn. 1978 ý. Iş wagty*



***Kakam gaýdyp geler. 1981 ý.*.**



*Kakam gaýdyp geler. 1981 ý.*



***Kakam gaýdyp geler. 1981 ý.***



*Ýeňiýoluk. 1984 ý.*



*Ýeňiýoluk. 1984 ý.*



*Gizlin ilçi. 1986 ý.*



*Gizlin ilçi. 1986 ý.*



*Ogul. 1989 ý.*



*Ogul. 1989 ý.*



***Ogul. 1989 ý.***



***Ogul. 1989 ý.***





***Jennet guşy. 1992 ý.***



*Jennet guşy. 1992 ý.*



*Jennet guşy. Iş wagty.*

Mizanssena – tomaşaça duýgynyň mazmunyny ýetirmekdir. Duýgynyň mazmunyny tomaşaça ýetirmekde hereket söz bilen desdeňdir. Zehinli režissýoryň elinde mizanssena sessiz tekst, sessiz hereket bilen gowy işlenen, gowy gurlan wagtynda, tomaşaça ýetirilmeli epizodyň mazmuny diýseň oňat açylyp bilner. Hereket bilen sözüň birleşmesi bolsa, eseriň tempramentini, onda aýdyljak bolýan mazmunyň duýgusyny açyp görkezýär.

Diýmek, mizanssena – režissýoryň kino eserini döredýän professional dilidir. Ol awtoryň ýazan teksti bilen aktýoryň arasynda duran mugallymdyr.

Kinematografyň mizanssenasynyň teatryňkydan düýpgöter tapawudy: teatrda tomaşaçy giň sahnanyň içinde bolup geçýän wakadan belli bir ýerine seretmeli bolýar. Onuň gözi bir aktýordan beýleki aktýora geçýär we ş.m. Kinoda bolsa, tersine, tomaşaçy özüne režissýoryň görkezýän belli bir ýa birnäçe kadrlaryna syn edip, onsoň, şol kadrlaryň toplumyndan umumy many çykarmaly bolýar.

Kinomizanssenanyň bu ýagdaýyny şeýle düşündirse bolar: Kinonyň mizanssenasy gurlanda, aktýoryň hereketi ýaly hereketi kamera ýerine ýetirýär. «Onda, kinoda asla mizanssena barmy?» diýen soragyň gelip çykmagy mümkin. Kinoda mizanssena bar. Ýöne ol elmydama kameranyň hereketi bilen bagly bolansoň, düşünmesi kynrak bolan usula girýär.

Umuman, kinodaky mizanssena elmydama kameranyň hereketi bilen bagly bolansoň, kino üçin «mizanssena» diýen termin gaty dogry hem däl. Ýöne oňa şu güne çenli belli bir çäklendirme tapylanok. Beýik kinorežissýorlaryň biri Eýzenşteýn bu ýagdaýy «mizankadr» diýip atlandyrdy. Elbetde, bu hem kinematografda bolup geçýän her dürli täsinlikleriň derejesini aňlatmaýar. Teatr sahnasyndaky waka, biziň bilşimiz ýaly, giň sahnanyň içinde bolup geçýär. Režissýor sahnada dekorasiýany näçe köp gursa-da, tomaşaçynyň gözi bütin sahnany görýär. Ol nirä seredesi gelse, giň sahnada şonam görýär.

Teatrda sahnanyň bir çüňkünde ýokary gidýän basgançak bar bolsa, režissýor hökman şol ýerde-de wakalar bolup geçer ýaly edip ulanýar. Aýdaly, waka köp wagtlap sahnanyň şol bir çetinde geçýän bolsa, ol tomaşaçyny irizýär. Şonuň üçin režissýor, wakalar sahnanyň

ähli ýerinde bolup geçer ýaly etmäge çalyşýar. Mysal üçin, haýsy hem bolsa bir spektaklda esasy gahryman sahnanyň çep tarapynda, ýokarda, basgançagyň üstünde durup, aşakda sahnanyň sag tarapyndan çykan beýleki gahryman bilen gürleşýär. Şeýle ýagdaýlarda sahnada bolup geçýän waka tomaşaça oňat täsirli bolýar, sebäbi, tomaşaçynyň ünsi bölünmeýär.

Ýaňky görýän sahnamyzdaky, ýokardaky gahryman aşakdakynyň ýanyna gelip, sahna dowam etse, şoňa biz teatryň mizanssenasy diýip arkaýyn aýdyp bileris. Ussat režissýorlar sahna mizanssenasyny elmydama şeýle gurmaga çalyşýarlar. Waka giň sahnada geçýänem bolsa, tomaşaçy, bar ünsüni esasy gahrymanlara berýär.

Teatr sahnasynda goýulýan pýesadaky epizodlar başdan-aýak oýnalyp, repetisiýa edilýär. Aktýorlaram ol epizodlara her gezek üýtgeşiklikler girizip, täzeçe oýnaýarlar. Spektakl her gezek oýnalanda, kiçiräk täzelikler tapylyp dur. Kinematografda goýulýan ssenany mazaly özleşdirip, gerek ýerinde böleklere bölüp, surata almaly bolýar. Planlaryň üýtgedilip alynmagy montažyň esasy kanunydyr. Eger epizodyň arasyny kesmän alynjak bolanlygynda, hökman relsiň üstüne teležka goýup, ony gerek ýerine süýşürip, surat alynýar.

Kinematografyň obýektiwiniň öňünde giň dünýä açyk dur. Näme işlejek, näme aljak bolsaň, ähli ýol seniň üçin açyk. Mysal üçin, ak mermerden gurlan paýtagtymyz Aşgabadyň gözel binalaryny surata aljakmy? Çyk operator bilen kranyň üstüne ýa-da mün dikuçara. Islän kadryňy surata düşürip, tomaşaçyny ajaýyp erteki görýän ýaly edip bilersiň. Bu ýerde tomaşaçyny haýran galdyrmak diňe režissýoryň, operatoryň ukybyna baglydyr.

Kinoda giň, uzakdan planlary aljak bolanyňda, adamlar gaty kiçi bolup görünýärler. Şonuň üçin montažyň kömegi bilen, tebigaty ýa-da binalary uzakdan görkezýän kadrlaryňy orta, uly planlara bölüp, gahrymanlaryňy tomaşaçy oňat görer ýaly edip bolar. Aktýorlary tomaşaçy oňat görer ýaly kadrlar aktýoryň guşaklygyna çenli alnan ýa-da aýagy bilen görkezilýän kadrlardyr.

Surata almagyň iň gerekli tejribeleriniň biri uzyn planlary hereketde almakdyr. Kamera hereketde wagtynda daş-töwerek, tebigat dolulygy bilen görünýär. Bu hili kino surata alyş jaýyň içinde ýöräp

barýan aktýory kameranyň hereketi bilen yzarlanymyzda-da, aktýoryň ýüzüni, gözüni uly, orta planlarda, hereket wagtynda görüp bilmek kinematografda tapylan uly tejribeleriň biridir.

Kinonyň ýene bir uly açyşy, durmuşda bolup geçýän wakalary surata alanda, şol surata alnan kadrlaryň içinden gerek dällerini taşlap, özüne geregini saýlap bilmegidir. Durmuşda bolup geçýän uzyn wakalardan özüne geregini alyp, režissýor wagty özüne tabyn edýär. Tomaşaça iň gerekli materialy görkezýär. Şondan netije çykarmaga çagyrýar. Görkezilýän material näçe gysga boldugyça-da, tomaşaçy wakanyň içine çalt girip, oňa gyzyklanyp seredýär.

Kinonyň ýene bir ýeten uly derejeleriniň biri – detallardyr. Bu näme diýildigi? Tomaşaçy tomaşa edýän filminiň içine giräýjek bolup otyrka, režissýor tomaşaçynyň synlaýan keşbiniň has uly planyny montaž edip, gahrymanyň gözi bilen onuň seredýän ýerindäki bize gerek detalam uly planda görkezäýse, tomaşaçynyň göwnünden turýarda oturyberýär. Ynha, kinonyň montaž arkaly, beýleki sungatlara seredeniňde, utýan zady.

Detallary işletmegiň iň zehinli režissýorlara başardýanlygynam bellemelidiris. Beýik Italýan režissýory Federiko Fellini filosofiki pikirleri açyp, tomaşaçyny haýran edýär. Şonuň üçinem, talyplara şol beýikleriň filmlerini köpräk synlamagyň gerekdigini mugallymlar ýatdan çykarmaly däldir.

Režissýor, kinofilmi surata alyş döwri başlamanka, režissýorlyk ssenarisini ýazýan döwründe, pikirini jemleýärkä, montažda her aýratyn epizody yzly-yzyna nähili seplemelidigini çözýär. Ekranda görünýän waka hiç wagt durmuşda görşüň ýaly bolup surata alynmaýar, ol diňe durmuşa meňzeş bolup biler. Bu edilýän gürrüňi mysalyň üsti bilen düşündireliň:

Bir adam ýol heläkçiligine uçrapdyr diýeli. Bu wakany dolulygyna görenimizde, köp wagtymyzy alar. Režissýor şu wakany nähili kinosurata düşürýär:

1) Kiçi planda, köçeden maşyn bary geçip dur. Şol planda, biziň kameramyzda, köçeden geçýän adamyň arkasy görünýär. Geçip barýan maşyn ýolagçyny gözden gizleýär.

2) Gysga kadr. (Uly planda) Sürüjiniň gorkudan ulalan gözleri...

3) Edil şonuň ýalam, gysga planda, gözüni petredip, çirkin gygyran ýolagçynyň ýüzi...

4) Sürüjiniň oturan ýerinden alnan kadr. Maşynyň aşagyna düşen ýolagçy...

5) Güýçli tormoz berlen maşynyň tigirleri, olaryň sesleri...

6) Orta planda, maşyn basan adam ýatyr...

Şu kadrlar çalt, temp-ritmde alty bölekde montaž edilýär. Seredip dursaň, göräýmäge, kän durmuşy wakaly epizody kinoda şeýle çalt görkezmek başartdy. Beýik rus kinorežissýorlarynyň, mugallymlarynyň biri Wsewolod Pudowkin: «Montaž – kinorežissýoryň dilidir» diýip, ony şeýle düşündirýär:

Montaž edilmäge taýýarlanan, bir bölek kinoplýonka – sözdür (edebiýat dili bilen aýdamyzda), ol bölekleri birleşdireňde, ol – jümledir. Şol jümleleriň toplumyndanam ssena döreýär.

Her kinorežissýoryň, Allatagalanyň beren zehinine baglylykda, döredijilik ukybyna görä öz ýoly bardyr.

## Kinoda aktýor bilen işlemek

Kinoda aktýor bilen işlemegiň tejribesi baradaky gürrüňi kino aktýory bilen teatr aktýorynyň arasyndaky tapawutlardan başlalyň.

Kino surata düşürmek üçin çagyrylan aktýorlaryň içinde teatr aktýorlaram, öň kino düşüp ýören professional aktýorlaram, ömründe kinokameranyň öňünde durup görmedik aktýorlaram bar. Ine, şu ýagdaýda näme etmeli?

Teatrda aktýor bilen işlemek, spektakllar goýmak tejribesi barada näçe diýseň kitaplar bar. Kinoda aktýorlar bilen işlemek barada gollanma gaty az. Her režissýor öz döredijilik tejribesi, öz ukyby esasynda, aktýorlar bilen işleýär. Aktýorlar bilen işlemekde örän uly işler eden kinorežissýorlar: Akira Kurosawa, Federiko Fellini, Andreý Tarkowskiý we beýleki köp sanly režissýorlaryň iş tejribeleri bir-birinden gaty tapawutlanýanam bolsa, olary öwrenmek her bir

režissýora özüniň gündelik işinde uly kömek edýär. Režissýoryň kino surata almak döwründe aktýorlar bilen işleýşi babatda bir mysala ýüzlenesim gelýär.

Kinorežissýor Georgiý Nikolaýewiç Daneliýanyň kino surata alýan döwründe, onuň surata alan kinosyny montaž edýän wagtlaram men onuň ýanyndan aýrylmaýardym. Ol kino surata alýan wagty aktýorlar bilen repetisiýany gaty az geçerdi. Kinony surata alýan operator bilenem şeýle. Hemmeler muňa geňler galýardylar. «Bu režissýor aktýorlar bilen haçan repetisiýa edýärkä?» diýen sorag kino toparyň dilindedi. Men bir gezek, ýeri gelende, ondan:

– Ýoldaş mugallym, siz aktýorlar bilen bir käse kofe içip, «Ýörüň onda, başlalyň!»... diýip, obýekte barýaňyz-da, kino surata almaga başlaberýäňiz-le?... – diýip soradym. Ol meniň ýüzüme seredip, bir ýylgyrdy. Soňra:

– Meniň uzyn gije ýatman, öz-özüm bilen repetisiýa edýänimi görýän ýok-da!.. – diýip, gysgajyk jogap berdi.

Aktýorlar bilen işlemegem, ertirki alynjak bolýan sahnanyň mizanssenasynyň üstünde kelle döwmegem režissýoryň ýatman geçirýän gijeleri bilen ölçenýär.

Bu beýikleriň surata düşüren kinofilmlerine syn etmek, montaž tejribelerini öwrenmek uly mekdepdir.

Esasy gahrymanlary, ýokary bilimli aktýorlary saýlap alanda-da, kinosynag geçirende-de kinorežissýor olar bilen düşünişip işleýär. Köp halatlarda, kinosynag edilýän aktýor hiç mahal kinokameranyň öňünde durmadyk adam. Bu ýagdaýda, režissýor şol surata düşmäge gelen «aktýoryň» nähili häsiýetdäki adamdygyny gowy öwrenip, köplenç ýagdaýda ony öz ugruna kowup, onuň edýän hereketlerinden, gepleýän gepinden özüne gerek öwüşginleri gözleýär. Şu ýerde aktýora Allatagalaň beren üşügi uly rol oýnaýar. Eger aktýorda şol bar bolsa, iş ýuwaş-ýuwaşdan dogry ýola düşýär. Režissýor aktýor bilen tanşanda, onuň bilen repetisiýa edende, kinosynaga surata düşürende, onuň özüni alyp barşyndan, äheňinden, edýän hereketinden filmiň ideýasyna gabat gelýän häsiýetleri gözleýär, özüne gerek häsiýetleri görjek bolýar. Bu iş aktýordanam, režissýordanam uly zähmeti talap edýär. Käbir ýagdaýlarda öň kino surata düşmedik adamy kino surata

alyp başlan döwrüňde gabat gelýän kynçylyklar bolýar. Şu ýagdaýlar barada-da durup geçmek gerekmikä diýýärin.

«Ogul» çeper filmini surata alanymyzda, bir ýaşuly sazandanyň roluny ýerine ýetirmek üçin, ýurtda tanalýan adam, şahyr, dramaturg, sazanda, Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy Nazar Gullaýewden çeper filme surata düşmeklige razyçylygyny soradyk. Ol razylyk berdi. Sazanda ýaşulynyň roluny oýnamaly adam, özem sazanda. Kinofilmde çalynmaly saz Nazar aganyň çalýan sazlaryndan däldi. Saz gaty çylşyrymlydy. Biz bu türkmen sazyny Nazar aga öwretmegi beýik sazanda, Türkmen milli konserwatoriýasynyň mugallymy Begmyrat Gutlymyradowa tabşyrdyk. Onuň özem şol kinoda surata düşýärdi. Köp zähmet çekildi. Saz öwrenildi. Kino surata alynmaly gün bellenildi. Nazar aga grim etdik, ak sakal dakdyk. Ynha, kameranyň öňünde otyr türkmeniň güler ýüzli sazandasy. Biz kino surata almaga başlamazdan öň, sazy kän gezek gaýtaladyk. Indi surata düşüribermeli pursat gelip ýetdi.

Režissýoryň: «Motor!» diýen buýrugyndan soň, kamera surat almaga başlady. «Motor!» sesini eşiden sazanda ýaşuly şeýle bir aljyrady welin, aýdar-diýer ýaly däl. Men kamerany sakladym. Nazar aganyň ýagdaýyna düşünemsoň, ony birneme köşeşdirmäniň ugruna çykdym. Köşeşdem. «Hany, başlalyň...» diýip, ýaşulynyň razyçylygynam eşitdik. «Motor!», kamera işlemäge başlady. Saz çalyp oturan ýaşulynyň şeýle aljyraýandygynyň alamaty onuň sakaly boldy. Nazar aganyň sakaly şeýle bir titreýärdi welin, çeniň däldi. Ýene kamerany saklamaly boldy. «Kodak» firmasynyň gymmat kinoplýonkasynyň ençeme metri biderek gitdi. Şol wagt kinorežissýor hökmünde men belli bir karara gelmelidim. Men kinooperatoryň golaýyna baryp, onuň gulagyna bir zatlar aýtdymda, soňra Nazar aga: «Ýaşuly, gel, howlukmaly, gowuja repetisiýa edeli-le» diýip haýyş etdim. «Gel, şeýdeli-le!»... diýip, Nazar aga derini süpürdi.

Saz täzeden başlandy. Meniň göz gypmam bilen kamera eýýäm öz işine başlapdy. Ine, Nazar aga sazy gül ýaly çaldy. Kamera-da ony gül ýaly surata düşürdi. Bu eden işimizi Nazar aga bilmesin diýip, biz ýene bir gezek, «Motor!» diýip, şol kadry gaýtalap aldyk.

Men bu bolan wakany mysal getirip, kino alyş döwründe her hili kelläňe-de gelmeýän kynçylyklaryň ýüze çykýandygyny nygtamak isledim.

Edil şonuň ýaly kynçylyklaryň professional aktýorlar bilen işläniňde-de gabat gelýändigini, pikir etmejek ýagdaýlaryň ýüze çykýandygynam ýatlasym gelýär.

«Laçyn» çeper kinofilmini kino surata düşürýän döwrümizdi. Bu filmiň esasy gahrymanlarynyň keşplerini ýerine ýetirýänler: ilhalar aktýorlar, Türkmenistanyň halk artistleri Baba Annanow, Artyk Jallyýew. Bu iki aktýor filmde bir-birine garşy durýan synplaryň keşplerini döretmelidi. Olaryň bir-ä – Baba Annanow, bolşewik, her edip-hesip edip, bütin Türkmenistandan ýygnalyp, Beýik Britaniýa äkidiljek bolunýan ahalteke atlaryny olaryň elinden alyp galmaly! Filmiň ikinji gahrymany – Artyk Jallyýew, at ogrusynyň keşbini ýerine ýetirýär. Bu gahrymanam her edip-hesip edip iňlislere kömek edýän adam bolup, ahalteke atlaryny ýygnamaga ýardam berýär. Soňam ol atlary iňlislerden ogurlamakçy.

Ine, şeýle çözülmesi kyn wakalary ýerine ýetirýän keşpleri oýnamaly aktýorlar. Gepiň gysgasy, iki sany duşman...

Indi şu ýerde azajyk saklanyp, durmuşda Baba Annanow bilen Artyk Jallyýewiň söwer dostduklaryny, Daşkendiň döwlet teatral institutynda bäş ýyl okap, ikisiniň bir saçakdan çöregi köp iýendiklerini ýatlamaly.

Iki dost iki duşmanyň keşbini oýnamaly. Onda-da nähili duşmanyň!.. At ogrusynyň keşbindäki – Artyk Jally, türkmen pyçagyny gynyndan çykaryp, Babanyň bokurdagyna sokara getirip, ondan soragyna jogap talap edýär.

Bäş-alty gezek surata aldyk, eslije kinoplýonkamyzam zaýa boldy. Režissýoryň aktýorlardan gazanjak bolýan netijesi welin asla görnenok!.. Nätmeli?..

Režissýor bu soraga näçe gün öňünden, belki, režissýorlyk ssenarisini ýazyp bolan günlerinden jogap gözläp başlandyr.

Sebäbi, şeýleräk ýagdaýyň ýüze çykaýmagynyň mümkinligi Baba bilen Artygyň dostdugyny bilýändigim üçin döräpdi. Bu

epizodyň hakyky bolup çykmaklygy üçin hökman Artygyň gaharyny getirmeli!

Men ýüregimi daşa baglap, kino surata alýan obýektimizde, naharhanada, stoluň başynda kino düşüp oturan iki gahrymanyň ýanyna baryp, edil Artygyňam gaşynda durup:

– Sendenem bir artist borm-aý!. Päheý-de, walla. Saňa-da artist diýip ýörler-aý!.. – diýdim.

Artygyň gözi hanasyndan çykara geldi. Ol maňa garşy öwrüldi. Elinde-de pyçak! Men şol pursat: «Motor!» diýmäge ýetişdim! Eger gijä galan bolsam, şol pyçagyň özüme degmegi ähtimaldy... Artyk «Motor!» sesini eşidip, eli pyçakly Baba tarap öwrüldi.

Şol wagt Babanyň gözüni bir görsediňiz!.. Artyk maňa bolan gaharyny Babadan çykardy, pyçak Baba neressäniň bokurdagyny çyzyp saklandy!.. Kadr surata alyndy. Men baryp, aktýorlaryň ikisinem gujaklap, olardan ötünç soradym.

Bu gürrüňleri gozgamak bilen, kinorežissýoryň başyna beýle ýagdaýlaryňam düşýändigini ýatladasym gelýär.

Men şu ýerde «Laçyn» çeper filminde surata düşen aktýorlar barada, asla diňe bir «Laçyn» kinofilminde däl, türkmen kinosyny şeýle belent derejä galdyran käbir ussatlaryň kino sungatyna, kinorežissýorlyk kärine bolan garaýyşlary barada birki agyz aýtsam, artyk bolmazmyka diýýärin.

Türkmeniň beýik ogly, türkmen teatrynyňam, kinosynyňam ussady Alty Garlyýew bilen meni ykbal 1958-nji ýylda duşurdy. Alty aga şol ýyllarda Türkmen döwlet opera we balet teatrynyň ýolbaşçysydy hem baş režissýorydy. Bizi, Türkmen döwlet sazçylyk mekdebiniň talyplarynyň içinden saýlap, opera we balet teatryna, sahnada sessiz oýnaýan aktýorlar toparyna (mimans) işe aldylar. Men teatra gelen ilkinji günlerimden başlap, Alty aganyň repetisiýalaryna gyzygyp, kän göze-başa düşmänräk, sahnanyň tutusynyň aňyrsynda bukulyp, onuň işleýşine syn edýärdim. Alty Garlyýewiň türkmen halkynyň däp-dessuryna, adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna, geýim-gejimlerine, dini düşünjä bolan garaýşy üýtgeşikdi. «Beh, munuň bilmeýän zady barmykan-aý?..» diýdirýärdi.

«Düýä münüp, hataba bukma» diýenleri boldy. Alty aga meni kabinetine çagyryp, «Heläk bolup ýörme» ... diýip, sahnanyň tutusynyň aňyrsyndan çykmaga rugsat berdi. Bagtyň getirse, arzuwyň aňryýany bilenem hasyl bolýan eken. Alty aga maňa özüniň assistenti bolmaklygy tabşyrdy. Şol gün men öýümize ýöräp däl-de, uçup gitdim. Eý... Hudaý!.. Men opera we balet teatrynyň... Hut Alty Garlyýewiň assistenti!...

Alty Garlyýewiň opera we balet teatrynda goýan «Gül – Bilbil» operasynda, «Arşin-mal alan» atly azerbaýjan operasynda, «Maýsara» atly özbek operasynda men režissýoryň assistenti wezipesinde işledim. Alty aga teatrda-da, kinoda-da işlän wagty, işgärlerini gaty berk tutýardy. Wagtal-wagtal olara gatyrganaýmasam bardy. Men kinorežissýorlar, olaryň döredijiligi, durmuş ýollary barada kän kitaplary dörüp çykdym, kino döreden beýikler barada maglumatlary agtarýardym. Ýaponlaryň dünýä belli režissýory Akira Kurasawa gazet-žurnallara känbir interwýu bermeýän ekeni. Onuň ömrüniň soňky ýyllarynda sorag-jogap alşan gazet habarçysy oňa şeýle sowal berýär:

– Sizi ýapon kinosynda känbir söýmeýärler. Sebäbi näme?

– Sebäbi, men kino surata almaga başlan wagtym, eşek ýaly işleýärin. Ýanymdaky işgärlerimem edil şeýle işletjek bolýan. Kim onsoň meni söýsün?

Bu soragy Alty Garlyýewe beren bolsadylar, olam şol jogaby tekrarlardy.

Kinorežissýor diýilýän kärde örän kän kynçylyklary ýeňip geçmeli bolýar. Bu käri uçarmanlaryň käri bilen deňeşdirýänlerem bar. Meniň bu deňeşdirmä goşjak-aýyrjak zadym ýok. Bu kärleriň, belki, hersiniň öz kynçylygy bardyr. Eger kinorežissýoryň ykbaly barada gürrüň edilmeli bolsa, ýene bir wakany ýatlasym gelýär.

Güýz aýlarydy... Ir bilen kinostudiýa işe gelenimde, Alty aga montaž edilýän bölümiň öňündäki bagyň aşagynda, oturgyçda otyrdy. Men salam berip, ýanynda oturdym. Menem şol döwürde diplom işimi – «Taýharly oglan» atly gysga göwrümli çeper filmimi montaž edýärdim. Alty aganyň keýpi ýokdy. Ol «Aýal bagşy» filmini montaž edýän işgärini şu gün işe bir sagat ir çagyrypdyr, olam diýlen wagty gelmändir.



***SSSR-iň Halk artisti Alty Garlyýew.***



*«Maýsara» operasyny döretmäge gatnaşanlar.*

Şoňa gaharlanyp oturan ýaşulynyň birden demgysma keseli tutdy. Alty aganyň bu keseli ony soňky wagtlarda gaty horlaýardy. Ýaşuly zordan, gapdalyndaky sumkasyndan ýörite gysylyp açylýan enjamy çykarmaga ýetişdi. Üç-dört gezek pyşşyldadansoň, zordan demi geldi. Men onuň şeýle heläk bolýandygyna gyýyldym. Ýaşulynyň ynjalandygyny görübem, oňa köpden bäri berjek bolýan soragymy berdim:

– Alty Garlyýewiç, siz kinematografiýaçylar birleşiginiň başlygy, aýagyňyzyň aşagynda ak «Wolga», kabinetiňiziň içinde iki sany kondisioner. Salkynjak kabinetiňizde kofe içip, dynç alyp otursaňyz bolmadymy? Şu ot-yssyda kino alyp, heläk bolup ýörsüňiz? Bu kesel sizi gaty heläk edýär ahbetin?!

Alty aga demini kynlyk bilen alyp, birsellem oturdy, soňra sojap demini alybam, şeýle diýdi:

– Wa-ah, ogul, (ol meniň adymy tutman, elmydama «ogul» diýerdi) kino diýilýän, bu bir aldaj-a bi... Günüme goýanok-da bi!... – diýip, sözüni soňlamanam, ýerinden zordan turup, filmini montaž etmäge gitdi. Şol günden soň bir aý geçip-geçmänkä-de, filmini gutarmanam, aramyzdan gitdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun halypamyzyň, türkmeniň beýik oglunyň!

Ýaz aýynyň ilkinji günlerinde, Gün şöhlesi ýeriň ýüzüne ýaýylanda, ýerden dömen ilkinji gökje otlary, baýryň ýüzünde, gök otlaryň gujagynda, halyň gölleri ýaly ýaýran dym gyzylja gülälekleri ilkinji duýýan, birinji görýän kim diýip soraň! Men onuň kimdigini aýdyp aýtmankam, belli ýazyjy Kömek Kuly sözümi gutartman saklady. «Dur entäk, aýtma, menem bir adamynyň gürrüňini berjek...» diýip, edebiýat, sungat wekilleriniň Eýrana bolan saparyny ýatlady: «Awtobusly barýardyk. Aýdylýan ýomaklardan, edilýän gürrüňlerden awtobusyň içi alaýazdy. Birden «E-eý, görseňizlä-äň?..»» diýen çasly ses hemmäni dymdyrdy. Oturanlaryň barysy aktýor Baba Annanowyň awtobusyň aýnasyndan seredýän tarapyna bakdylar. Onýança, Babanyň sesini eşiden sürüjem awtobusy saklady. Biz gözümize ynanmadyk. Ýoluň gyrasynda bir ap-akja köşek hezil edip, enesini emip durdy. Ak köşegi ilkinji gezek görşümizdi. Şol enaýylygy hiç kimiň görmän, diňe Babanyň görendigine, şol gezek biz gaty geň galypdyk. Indi sen aýt, kim barada gürrüň etmekçi bolduň?» diýip, ol maňa

nazaryny dikdi. Meniňem gürrüň beresim gelýän adamym Baba Annandy. Türkmenler gaty gowy görýän adamsyna «Edil ýaz ýaly adam» diýýändir. Baba Annan duran bir ýazdy. «Laçyn» kinosyny surata düşürenimzde, aý ýarymlap biz Atamyrat (Kerki) şäherinde bolup, ýer yranmazyndan öňki Aşgabadyň köçelerinde bolýan wakalary kino surata düşürýärdik. Baba professional kinoaktýor bolansoň, Alty Garly ýaly beýikleriň kinosynda surata düşensoň, onuň bilen işläniňde, lezzet alýarsyň. Aýdaly, onuň oýnaýan bir epizodyny surata alyp duransyň. Aralykda, bir sebäbe görä, surat almaklyk saklanar. Baba gapdalyna öwrülip, ýomak aýtmaga başlar. Gülki başlanar, ony gören režissýor uly gykylyk edip, gülkini keser, «Motor» diýip, kino surata almaklyga başlar. Ýaňky ýomak aýdyp, uly ili gülüşdirip oturan aktýor, indi agyr ýagdaýlara düşülen epizody, başa düşen betbagtçylygy çynaberimsiz oýnap durandyr. Kähalatlarda, käbir epizodlary oýnanda, özüniň göwni ýetmän, «Ýene bir gezek gaýtalaly-la?..» diýip, soranda, men bilgeşleýin: «Babam, birje ýomak aýdyp bersene!» diýip, gülkä ýazdyrardym. Olam «Aý, suw al-yb-iç...» (swoloç) diýerdi-de, epizody gül ýaly oýnap bererdi.

Baba edil çaga ýaly, açyk ýürekli adamdy. Ol işdeş ýoldaşlarynyň begenjine begenip, gynanjyny bileje paýlaşýan adamdy.

Men «Kakam gaýdyp geler» diýen filmiň ssenarisini ýazyp bolup, kinostudiýanyň çeperçilik geňeşine tabşyramda, kinossenarini kabul edilişik bolanda-da, Baba Aşgabatda ýokdy. Ol Täjigistana kino surata düşmäge gidipdi. Aşgabada gaýdyp gelende, ol maňa jaň edip, kinossenariniň çeperçilik geňeşinden oňat geçendigi bilen gutlap, özüniňem okasy gelýändigini duýdurdy. Menem kinossenarini öýüne eltip berdim. Meniň hyýalym birküç günden habar tutmakdy. Şol günüň öýläni Babadan jaň geldi. «Öýe gel, garaşýan!». Men Babaňka baryp, gapynyň jaňyny basanymam şoldy, gapy açyldy. Gapynyň agzynda gözi ýaşly Baba dur. Men bir bolmasy iş bolaýdymyka öýdüp, «Babam, näme boldy?» diýip, ony gujakladym. «Sen meni aglatdyň. Meniň çagalygymy, şol agyr günleri ýatlatdyň. Sag bol, dogan!.. Geç, çaý içeli», diýip, meni saçagyň başyna çagyrdy. Begenjiňe begenip bilýän dostuň bolsun-la!!!



***SSSR-iň halk artisti Baba Annanow.***



*Baba Annanow «Aýgytly ädim» filminde Artygyň rolunda.*

## Çaga aktýor bilen işlemegiň tejribeleri

Surata düşüriljek bolunýan kinofilmiň esasy gahrymany çaga. Geliň, indi bu mesele barada durup geçeliň.

Çagalary kino surata almak, olar bilen işlemek barada çagalary kino düşüren režissýorlaryň maslahatlaryny, galyberse-de, özümiň, Moskwada ssenaristleriň we režissýorlaryň ýokary okuwyny gutaryp, «Türkmenfilm» kinostudiýasynda otuz sekiz ýyl çeper kinofilmleri surata düşürip, çeken zähmetimiň tejribelerini talyplara ýetirmegi makul bilýän.

«Taýharly oglan», «Ýeňiýoluk», «Ogul», «Laçyn», «Sen ýadyma düşseň», «Söwer ýardan aýrylma» kinofilmlerinde çagalar bilen işlemeli boldy.

Bu filmleri surata düşürip, toplan tejribämi siz bilen paýlaşasym gelýär. Çagalar bilen kinofilm döretmeklik – bu bir uly bagt. Bu bagty diňe çagalar bilen işlän režissýorlar bilýär. Şol wagtyň özünde-de, çagalar bilen işlemek, olaryň kömegi bilen çeper kinofilm almak, ol şeýle bir hupbatly zähmet, ony başga bir zähmet bilen deňeşdirmek kyn. Onuň sebäbini ýuwaş-ýuwaşdan düşünişeris. Ilkinji bilmeli zat – surata düşürmek üçin çagalary saýlamaga başlan döwrüňden, olary özüňe öwrenişdirmeli. Olar bilen dost bolmaly. Çagany söýmeýän, olary ýüregi bilen duýmaýan režissýor, çagalar bilen işläp bilmez. Alan kinosam söýlüp seredilmez. Russiýanyň belli kinorežissýorlarynyň biri Aleksandr Mitta öz başlan täze kinofilminde oýnajak çagalary birki aýlap Gara deňziň kenaryna äkidip, çagalar şol ýerde dynç alyp, bir-biri bilen gowy öwrenişenlerinden soňra, kino surata düşürip başlaýar. Bu ýol, elbetde, ýollaryň iň gowusy. Eger beýle şerti döredip bolmaýan halatynda-da, çagalar bir-biri bilen öwrenişer ýaly ýagdaýy hökman döretmeli.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, režissýoryň esasy keşbi oýnamaly çaga bilen gowy öwrenişmelidigi hökmanydyr.

Bir mysala ýüzleneliň: Men «Ýeňiýoluk» çeper kinofilmini surata düşürip başlan döwrümde, esasy gahrymanyň keşbinde oýnaýan

bäş ýaşly gyzjagazy repetisiýa etmek üçin ýanyma çagyranymda, ol «Halmämmet däde!.. Şu size aýtjak bolýan zadymy ejeme duýdurmagyn!..» diýip, maňa öz gizlinje syryny aýtdy. Ejesine aýdylmaýan syryň režissýora aýdylmagy gyzjagazyň oňa öwrenişenligini aňlatmaýarmy? Režissýor indi, öz gizlinje syryny aýdýan gyzjagaz bilen işläbem biler, dramaturgiýanyň talap edýän zadyny ýerine ýetirmäge ony ugrukdyrybam.

Çagalar bilen işlenilende, ýene bir zerur iş – ol hem onuň bilen işlän wagtyň režissýoryň gözüniň çaganyň gözüniň deňinde bolmaklygyny gazanmak, başgaça aýtsak, uly adam – režissýor çaganyň üstüne eglip, aýdan sözi çaga üçin berlen buýruk bolup eşidilýär. Seniň gözüň çaganyň gözüniň deňinde bolan pursady, ol seni öz deň-duşy hasaplaýar. Ol seni oňat diňleýärem, seniň ondan isleýän pikir-hyýalyňa dogry düşünmäge, şu ýagdaý oňa kömek edýär.

Birwagt, Moskwanyň «Sowetskoýe kino» žurnalyndan gelen žurnalist, şol žurnalda «Ýeňiýoluk» kinofilminiň surata düşürilişi baradaky makalasynda, «...Režissýor Halmämmet Kakabaýewiň žinsi balagynyň dyzy süzülip gidipdir. Ol çaga artistler bilen işlände, elmydama olaryň öňünde dyzyna çöküp, olaryň etmeli işlerini düşündirýär...» diýip ýazypdyr. Dogrymy aýtsam, men şol žurnalistiň ýazan makalasyny okamdan soň, özümiň çagajyklaryň öňlerinde dyzyma çöküp oturýanlygymy bilip galdym.

Professional aktýorlar bilen işläniňde, onuň bilen geljekki filmiň ideýa-mazmuny barada köp gürrüňler edip, düşünişip bolýar. Çagalar bilen işlemeli bolanda, onuň ýaly düşünişmek, köplenç başa barmaýar. Geliň, mysala ýüzleneliň:

«Kakam gaýdyp geler» kinofilminiň wakasy Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bolup geçýär. Esasy gahrymanyň keşbinde oýnajak – dokuz ýaşly gyzjagaz. Filmiň gürrüň berýän wakasy mundan altmyş-ýetmiş ýyl öň bolup geçen. Gyzjagazam uruş diýilýän zadyň nämedigini bilmeýän çaga. Oňa: «Bahar jan, seniň kakaň uruşda duşmanlar bilen söweşýär! Onuň Watan goragyna, urşa gidenine-de iki ýyl bolupdyr. Seniňem ony göresiň gelýär...» diýip düşündirjek bolmak nädogry. Çaga oňa düşünmeýär. Sebäbi, onuň kakasy öýlerinde, şu

günem maşynly ony, kinostudiýa, kino düşmäge getirip gitdi. Enşalla, agşamam bileje oturyp, agşamlyk edinerler.

Hany, şu ýerde bir pikirleneliň, çagajyk üçin logikany yzarlalyň. Kakasy bilen günde irden bileje örýän çaga, «Kakaň iki ýyl bäri frontda...» diýmek bilen, biziň oňa bir zatlar düşündirdigimiz bolýarmy? Ýok! Köp ýylky režissýorlyk tejribäme görä, men diňe bir zady aýdyp biljek, çagany şunuň ýaly, wakasy uzak ýyllar mundan öň bolup geçen filmlerde surata düşürjek bolanyňda, olar bilen işlemäge başga usullar gözlemeli, köp-köp kelle döwmeli.

Ynha, indi, «Kakam gaýdyp geler» kinofilminde şojagaz dokuz ýaşlyja gyzjagaz bilen işleýşimi mysal hökmünde getireýin.

Filmde bir epizod bar. Ol epizod demirýol menzilinde bolup geçýär. Gyzjagazyň kakasy 1941-nji ýylda, şu demirýol menzilinden otla münüp, urşa gidipdir. Gyzjagaz şol demirýol menziline gelip, her gün otlyny garşylaýar. Ol kakasynyň geljekdigine ynanýar. Uly adamlaryň «Sen beýdip ýörme!..» diýip berýän öwütlerini diňlemeýär. Ine, günleriň bir güni şol menzile otly gelip saklananda, bir aýagyny güllä aldyran bir esger otludan düşýär. Gyzjagazyň gözüne şol esger onuň kakasy bolup görünýär. Gyzjagaz: «KA-KA!..» diýip, uly sesi bilen gygyryp, şol esgere garşy ylgaýar.

Kakasyny gören gyzjagazyň uly planda gözi, onuň bütin menzili sarsdyryp gygyran sesi... Ine, şu pursady kino surata almaly! Nädip?...

Şu, ýerine ýetirmesi kyn epizody, men ýetmiş-segsen çaganyň içinden seçilip alnan bäş sany gyzjagazym bilen işläp başladym. Köp ukusyz geçirilen gijelerden soň, tapan pikirim şu boldy: Şujagaz çagalaryň maşgalasyndamy, daýy-daýzalarynyň arasyndamy, bir gowy görýän adamy-ha bardyr. Şol gowy görýäni, aýdaly, daýysy bolsun. Şol adamam Tejende ýaşaýarmyş diýeli... Özem köpden bäri bularyň öýüne myhmançylyga gelmäge wagty bolmandyr...

Ine, režissýor çagalar bilen uzak günler işläp, gyzjagazlaryň hemmesine şol bir soragy berýär:

– Sen mekdepden geldiň, gapyňyzy açyp, öýüňize girdiň welin, öýüňizde kakaň bilen daýyň gürleşip oturan eken. Sen daýyňy göreniňden, begenip: «Da-a-ýy...» diýip gygyryp, onuň boýnuna bökýärsiň. Daýyjanyňam seni gujaklap, maňlaýyňdan ogşaýar... –

Hany, sen häzir gapydan daşyna çykýarsyň. Şu kabinetiň gapysy, goý, siziň öýüňiziň gapysymyşyn. Menem seniň daýyň. Hany, göreli, seniň daýyňy nähili gowy görýändigiňi?..

Gyzjagaz kabinetden daşary çykýar, men oňa garaşyp otyryn. Gapy uzak wagt açylanok. Özüm baryp, gapyny açýaryn. Gapyň daş ýüzünde gözüni mölterdipjik dur, gyzjagaz.

– Nämä dursuň? – diýen soragyma:

– Haçan gapyny açmalydygymy bilemog-a?... – diýen jogaby eşidýärin.

Ine, şeýleräk repetisiýa günleri başlanýar. Birki hepdeden, indi maňa öwrenişip başlan gyzjagazlar, gapynam açýarlar, wagtynda diýmeli sözlerem aýdýarlar. Ýöne, Allatagalaň bermedik zehinini režissýor näçe işlese-de, ýerine düşürip bilenok. Ahyry ýaňky gyzjagazlaryň içinden biri – ikisi saýlanýar. Ine, şolaram kinosynaga çagyrylýar.

Men ýokardaky mysal bilen, çagalaryň içinden nädip esasy gahrymanyň gözlenýändigini düşündirjek boldum.

Şu ýerde ýene bir zady aýtmak ýerlikli bolar. Režissýoryň içki duýgusy şol köp çaganyň içinden diňe birini saýlamaga kömek edýär. Ol içki duýgynyň döremegine-de Allatagala kömek edýändir-dä. Muňa başga jogap ýok.

Çagalaryň gatnaşmagynda köp filmleri surata düşüren halypa kinorežissýor Georgiý Daneliýa bize sapak berende, bir zady berk tabşyrypdy: «Kino surat alanyňyzda, çagalaryň keşbini ýerine ýetirýän gyzjagaz ýa oglanjyk bilen işläniňizde, bir zady ýatdan çykarmaň!.. Şolaryň aglamaly ýa-da çaga üçin ýerine ýetirmesi kyn bolan epizody surata düşürmeli bolan pursadyňyzda, çaganyň göwnüne degäýjek işleri etmäň! Çagalykdan göwnüne deglen çaga, ömürboýy ony ýatdan çykarmaýar. Onuň psihikasy bozulýar. Uly adamlara garaýşy üýtgeýär...» diýip, soňra-da bir režissýoryň kino surata alşy barada gürrüň berdi.

Ol režissýor Beýik Watançylyk urşy barada çeper filmi surata düşürýär. Şol filmiň esasy gahrymanynyň keşbini ýerine ýetirýänem sekiz-dokuz ýaşlyja gyzjagaz. Kino düşürilýän filmiň wakasy gaty agyr. Russiýanyň bir obasy faşistler tarapyndan basylyp alnan.

Esasy gahryman – gyzjagazymyzyň ejesini faşistler atyp öldürip-dir, kakasam uruşda. Bujagaz gyz ýetim galýar. Günleriň bir güni, faşistleriň Russiýanyň çäklerinden kowlup çykarylan günleri bolmaly, gyzjagazyň kakasyndan öldi habarly hat gelýär. Poçtalýon agyr ýagdaýa düşýär. Kolhoz başlygynyň ýanyna barýar. Nädip, bu haty çaga gowşurmaly?.. Köp oturyp, maslahat edip, nähili kynam bolsa, bu haty gyzjagaza gowşurmaly diýen netijä gelinýär. Poçtalýon gyza haty gowşurýar... Ine, şeýle epizody surata düşürmeli!

Režissýor şol epizody surata düşürmäge başlaýar. Gyzjagaz özüne gowşurylan haty okap, şeýle bozulmaly, gaty erbet aglamaly... Köp plýonka sarp edilýär. Gyzjagazyň keşp ýasaýşyndan režissýoryň göwni suw içmeýär...

Indi bu wakanyň şu ýerinde saklanyp, esasy gahrymanyň keşbini ýasamak üçin çagyrylan gyzjagazyň terjimehalyna geçeliň. Gyzjagazy kino surata düşürmäge her gün onuň enesi getirýän eken. Gyzjagazyň ýanynda bolsa, torda totuguşy bar. Ol guşy gyzjagaz üç ýaşyndaka, kakasy sowgat beripdir. Ine, indi bäş ýyl bäri gyzjagaz, şol guşjagaz bilen nirä gitse bileje... Bu günem, elbetde, guşjagaz onuň ýanynda.

...Surata alýan kinotoparyň ýolbaşçysy – režissýora ýedi-sekiz gezek gaýtalap surata düşüren kadrlarynda gyzjagazyň keşp döredişi ýaramaýar. Ol birden şeýle karara gelýär. Operatora bir zatlar buýruk berip, kinotopardan daşrakda, torda totuguşy saklap oturan enäniň ýanyna barýar, tordan guşjagazy çykarýar-da, gyzjagazyň gözüniň alnynda guşuň boýnuny sogurýar.

Ony gören çaga şeýle bir çirkin gygyryp, soňam diňdirip bolmajak aga tutdurýar. Hemmeleriň gözüniň alnynda bolup geçen bu adamkärçiliksiz wakanam operator kino surata düşürýär. «Munuň ýaly usul bilen alnan kinonyň ýüzüne köz degsin!!!» diýip, mugallymymyz sapagyny gutarypdy.

Indi men kinorežissýor hökmünde öz başymdan geçen bir wakany gürrüň berjek. Mugallymyzyň kino surata düşürmekde «Şeýle edäýmäň!..» diýen sözüniň meniň ýadymdan çykmanlygyny, köp günler pikir edip, gijeler ýatman, çekilen azaplardan çykaran netijämizi siziň bilen paýlaşasym gelýär.

Başda aýdyşym ýaly, «Taýharly oglan» atly gysga göwrümli çeper kinofilm meniň diplom işimdi. Bu filmde poçtalýon oglanjygyň keşbini ýerine ýetirmeli – dokuz-on ýaşly çaga, öňki hat gatnadyjy urşa gidensoň, bu oglanjygy wagtlaýyn şol wezipä belleýärler. Ol çaga-da ilkinji iş güni oba ýekeje hat getirýär. Ol hatam bir esgeriň öldi habary bolup çykýar. Hat elten öýünden daşlaşmanka, öýden çykan çirkin ses ony saklaýar. Çaga getiren habarynyň şumdugyna düşünip-düşünmän, ol çirkin aga gaty erbet bolýar.

Ine, şeýle ýagdaýda doňup galan çagany, uly planda, kino surata düşürmeli... Nädip? Çaga erbet gorkmaly! Ol düşnükli... Ony nädip gorkuzmaly? Gep şonda... Men onuň bilen bileje kino alýan obamyzyň töwereginde gezelenç edip, ondanam ojagaz – bujagaz zatlary soran bolup, arasynda-da öz esasy berjek bolýan soragymy berýärin:

– Men kiçijikkäm, ba-aý, sanjymdan gorkýadym-a!... Sen gorkýamyň?..

Ol: «Bu-u-uw» diýip goýberdi-de, soňam «Mekdebimize sançmaga lukmanlar gelipmiş!» diýip eşitdigimiz, barymyz äpişgeden zym-p-p!..» diýip, eljagazy bile mekdebiň äpişgesinden nähili bökýändiginiň suratyny çekýär... Men içimden «Ä-h-ä!? ...» diýip, bir ýapyşalganyň tapylanyna begenýän, ýöne, indi nähili edip, kino surata alýan döwrümizde çagany gaty gorkuzman, onuň göwnüne degmän, şol sanjymly ýagdaýy ulanmaly?..

Ine, şol pursady surata düşürmeli günümiz gelip ýetdi. Men kinotoparymyzy çagyryp, olaryň hemmesine etjek bolýan işimizi gürrüň berdim-de, şonam surata almak üçin kamerany sazlap, taýýarlyk görüp başlanymyzda, çalaja pyşyrdap, çaganyň gulagyna ýeter ýaly ýagdaýyny tapyp: «Režissýor Hommatjyga (Hommat – esasy gahrymanyň kinodaky ady) sanjym etdirjekmişin» diýen gürrüňi ýaýratmaklaryny tabşyrdym. Kino surata almaga başlajak bolup durkak, kameranyň ýanynda surata düşmäge taýýarlyk görüp duran çaga seredäýmenmi!?... Onuň gözjagazyndan ýaş akýardy... Gözýaş bu epizodda bize gerek zat däldi. Men ylgap, Hommatjygyň ýanyna barýaryn...

– Näme boldy?..

Çaga meniň ýüzüme-de seretmän, aglamasyny dowam edýär. Men surat alşy saklap, işleýän toparymyza az salymlyk dynç almagy tabşyryp, Hommatjygyň elinden tutup, işleýän ýerimizden daşlaşýaryn. Biz kinomyzy Baharly etrabynyň Sünçe obasynda alýardyk. Kän wagt biz ses-üýnsüz gezelenç etdik. Men Hommatjygyň menden öýkeländigini duýýardym. Ýöne nädip gürrüňe başlamalydygyny bilmän, gezelenji dowam edýärdik. Şol wagt birden režissýoryň kömekçisi ýanymyza geldi:

– Halmämmet Kakabaýewiç, keselhanadan size sanjym etmäge «Tiz kömek» geldi. Çagyrýarlar... (Şol günler saglygymyň ugry bolmansoň, günde «Tiz kömek» kino surat alýan ýerimize gelip, maňa sanjym edip gidýärdi.)

Kömekçimiň getiren habary ýerinejik düşdi. Men Hommatjyga sanjymyň oňa däl-de, maňa edilýändigini, onuň toparymyzyň gürrüňine nädogry düşünendigini gaýtalap, sanjym ediljek ýere howlukdym. Sanjymymy alyp, «Tiz kömekden» çykanymda, ýylgyryp duran Hommatjyga seredenimde, onuň öýkesinden ýazylandygy görnüp durdy. Kino surata almaga täzeden başladyk.

Şu ýerde ýene bir zady ýatlamaly: Şol sanjymly gürrüňiň jany bar. Men ony köp pikirlenip, «Şeýtsek nähili bolarka?» diýip gelen netijämden soň, biziň kino alýan obamyzdan bir mal lukmanyny tapdyk. Men ol ýaşuly bilen gürleşdim. Lukman bilen edilen gürrüňimiz diňe ikimiziň aramyzda galmalydy. Ondan kino surata alýan toparymyzam habarsyzdy. Waka şeýleräk geçmelidi. Çirkin ses çykanda, taýharjygyna münjek bolup duran oglanjyk sesiň çykan tarapyna – hat eltilen öýe tarap seredende, onuň gözi gara öýüň gapysynyň iç ýüzünde ullakan şprise (sygyrlara sanjym edilýän) derman sykyp duran ak halatly lukmana düşmelidi...

– «Motor!...». Kino surata almaga başladyk. Hiç hili sanjymyň edilmejekdigine ynanan çaga indi taýharjygynyň ýanynda durup, gara öýe seredip, režissýoryň tabşyran zatlaryny ýerine ýetiräýmelidi.

Çaga «Motor» sesini eşidip, gara öýe tarap seredýär. Ol öz gözüne özi ynananok. Gara öýüň açyk gapysynda, ullakan şprisi dolduryp duran lukmany görýär. Onuň kellesine şol wagt nähili pikiriň gelenin-ä biljek däl, ýöne ýüzi gaty üýtgäpdir. Režissýoryň «Men saňa

sanjym etjek däl» diýenine ynanmalymy ýa-da režissýor ýene ýalan sözläpmi?.. Çaganyň gözjagazyna seredip, men «Režissýor ýalan sözläpdirini» okadym... Sebäbi, gara öýe seredip, doňup galan Hommatjygyň gözüne ýaş aýlandy. Kino surata alşy sakladym. Ylgap gelibem, Hommatjygy bagryma basyp, maňlaýjygyndan ogşadym. Ötünç soradym.

Birje dubl surata düşürdik. Şol kadram biziň isleýşimizdenem oňat bolup çykdy. Göwnüm dünýä ýaly giňedi.

Çaga bilen işlemegiň kynlygy, kino surata almakçy bolnanda, olaryň psihologiýasyna nähili täsir edip boljak ýagdaýlaryň tapylyşy barada ýokardaky mysalam bir sapak bolarmyka diýip düşünýärin.

Meniň döredijiligimde, köp ýyllar kino surata alyp gazanan tejribämde aýratyn yz galdyran ýene bir wakany gürrüň bermekçi. Meniň şunça ýyl çeken zähmetimde, şeýle kynçylyga düşen günlerim bolmandy diýsem, şol çyndyr.

«Kakam gaýdyp geler» kinofilminiň ssenarisini ýazanymyzdada, soňra kinofilmi surata düşürip başlanymyzda-da, bu gürrüň berjek bolýan kynçylygym, düşen ýagdaýym, ýatsam-tursam oýumda ýokdy. Filmiň wakasy Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda, tylda, Aşgabadyň golaýyndaky obalaryň birinde bolup geçýär.

Şähere süýt satmaga gelýän dokuz-on ýaşlyja gyzjagaz günleriň bir güni, ýaralanan harby adamlaryň maşyndan düşürilip, ýörite gospitallara ýerleşdirilýändigini görýär. Gyzjagaz, kakasyndan köp wagtlap hat gelmeýändigi sebäpli, onuňam şeýle ýagdaýa düşüp, daş ýurtlaryň birinde, hassahanada ýatan bolmagynyň mümkindigini aňjagazynda aýlaýar. Baharjyk şol günden başlap, süýt satmasyny goýup, süýdi hassahanada ýatan esgerlere paýlaýar.

Filmiň wakasynyň kulminasiýasynda, Baharjygyň süýt paýlaýan esgerleriniň biri aradan çykýar. Onuň aradan çykandygyny Baharjyga aýtmaga keselhanada ýatan adamlaryň hiç biriniň gaýraty çatmaýar. Ahyry olaryň biri ýüregine daş baglap, bu habary gyzjagaza aýdýar. Baharjyk bu ajy habary eşidip, ilk-ä doňup galýar. Süýtli bidonam elinden gaçyp, asfalt ýola dökülýär.

Baharjyk ýolda, bir taşlanan obanyň harabaçylygynda, diňdirip bolmajak agy bilen, güýçden düşinçä aglaýar.

Bu epizod filmde kulminasiýanyň iň ýokarky nokady. Şol dünýäni sarsdyrýan agy bolmasa, kinofilm döredijilik maksadyna ýetip biljek däl. Kino surata düşýän dokuz ýaşlyja gyzjagaz – Gülnara, esasy gahrymanyň keşbini ýerine ýetirmeli.

Şu ýerde, režissýora ýene bir gerek tejribeleriň birini ýatladasym gelýär. Çaga aktýor kino surata düşmäge gelip, kinostudiýanyň çeperçilik geňeşi tarapyndan esasy gahrymanyň keşbini ýerine ýetirmäge rugsat berlen gününden başlap, men şol gahrymanyň öz hakyky adynyň ýatdan çykarylyp, kinotoparynda onuň kinodaky adynyň tutulyp başlanmagyny soraýaryn. Kinoda ýerine ýetirýän keşbiniň adyna öwrenişen çaganyň özüni alyp barşynda-da, häsiýetinde-de, ujypsyzja bolsa-da, üýtgeşmeler döräp ugraýar. Mysal üçin, kinonyň bir epizodynda gyzjagazyň ejesi, ertir ir bilen gyzyny turuzjak bolanda:

– Gyzym, Baharjan, turaweri, Gün dogupdyr bireýýäm, il näme diýer? Pylanyň gyzy üstüne Gün düşürip ýatyr diýseler, nähili bolar?! Turaweri, Baharjan... – diýýär.

Baharjygyň keşbini oýnaýan gyzjagaz, öýlerinde uzak ýatmaga öwrenenem bolsa, kino alýan döwrümizde-hä ýatyp üstüne Gün düşürmedi.

Kino alnyp ýörkä, kähalatlarda, öz hakyky ady tutulanda, gahrymanyň şoňa üns bermeýän wagtlaryna-da duş gelmek bolýar. Çagalaryň kino düşmeklerinde şular ýaly ýagdaýlaryňam keşbiň oňat bolup çykmagyna kömek edýändigini tejribe görkezýär.

Geliň, indi Gülnara adyny ýatdan çykaryp barýan Baharjygyň ýerine ýetirmesi diýseň kyn şol aglamaly epizodyny surata almaga taýýarlyk görşümiz baradaky gürrüňe öwrülip geleliň.

Baharjyk, tüweleme, ot ýalyjak, näme diýseň, aýdanjaňam edip dur. Ine, onuň şol hiç zatdan gorkmaýanlygy, meni režissýor hökmünde uly alada goýup ugrady. Nädip bu gyzjagazy agladyp bolarka?..

Öňki surata düşüren kinolarymy, ol ýerde çagalar bilen işleýşimi ýatlaýaryn. Birdenem, sanjym ýadyma düşýär. Ýylgyrýaryn, gyzjagaz bilen repetisiýa eden wagtym, onuň sanjym bilen arasynyň nähilidigini soraýaryn. Ol goljagazyny maňa tarap uzadyp: – Alyň, Halmämmet däde, nähili sanjym etseňiz, men taýyn!... – diýýär. Men içimden: «Ine, saňa gerek bolsa...» diýip, bu pirimimiň paşmanlygyna diýseň

gynanýaryn. Näme etmeli?.. Dünýäň ýüzünde hiç zatdan gorkmaýan, ýazyň güni ýaly ýalpyldap, ýüzüňe ýylgyryp seredip duran çagajyga, özi ýaly ýylgyryp jogap bermek galýar...

Men ýene öz-özüm bilen gürleşýän: «Bu gün-ä ýylgyrdyň, ertir näme?... Her etmeli – hesip etmeli, şu çagany aglatmal-a sen?...». Şeýdip, köp gijeleri ukusyz geçirip, şojagaz çagany aglatmagyň alajyny tapmaýanlygym üçin özümden göwnüm geçip, köp günler heläk bolýaryn. Baharjygyň aglamaly epizodyny nähili surata düşürjegimi bilmänimden soň, şol epizody kino surata almaklygy iň soňky günlere geçirýärdim...

Ahyry bir gün, Allatagala kömek edendir-dä, bir pikir meni öz günüme goýmady. Her gün kino surata almak işimizi gutaranymyzdan soň, agşamlyk edinip, az-owlagam dynç alnandan soňra, ertirki günde alynjak epizodlary repetisiýa etmek üçin men Baharjygy ýanyma çagyrýardym. Bu biziň her günki düzgünimiz. Baharjyk agşam sagat dokuzda meniň ýanyma geldi. Men ertirki işlerimiz barada onuň bilen etmeli gürrüňlerimizi, repetisiýamyzy çaltrak gutardym-da, biziň ýene on günden almaly şol kyn epizodymyz baradaky gürrüňe geçdim. Ol epizodda aglamalydygyny Baharjygam bilýärdi, ýöne her gezek şony ýatladamda, birenaýy ýylgyrýardy-da, şonuň bilenem biziň gürrüňimiz gutarýardy.

Bu gün men gürrüňi uly alada bilen şeýleräk başladym:

– Bahar, şol aglamaly epizodyň bardygyny senem bilýäň, menem... Ýöne nädip şony ýerine ýetirmelidigini menem bilemok, senem... Men kömek sorap, lukmanlara ýüzlendim. Olaryň aýtmaklaryna görä, bir adam aglasa, şony gujaklap duran adama, aglaýan adamyň titremesi geçip, onuňam aglap başlamagyna kömek edýärmiş... «Barlap göräýiň. Etjek işiňiz ýerine düşer!» diýip ynandyrdylar.

Az wagt dymyşlykdan soň, men:

– Gel, gyzym, (kino surata alýan çagama «Gyzym», «Oglum» diýip ýüzlenmek edähedim bar) erte agşamdan başlap, şol lukmanlaryň beren maslahatyna eýerip ugraly. Senem meniň ýanyma geleniňde aglamak üçin gelýändigiňi ýatdan çykarma!...

– Bolýa!... – diýip, Baharjyk boýnuny sallap, ýanymdan gitdi. Onuň yzyndan seredip, öz edip ýören işimiň başa barjak-barmajak-

dygynam bilmän, çaganyňam bar keýpini bozandygyma gyýlyp, durşuma, gözümden ýaşyň damanlygy şu günki ýaly ýadymda...

Ertesi gün biz Baharjyk bilen, başladyk meniň gözläp tapan «jadyly» usulyma. Boş jaýyň ortarasynda Baharjygyň başyny bagryma basyp durun... «Jadylama» başlamazymyzdan öňürti, bi işi nähili geçirmelidigini, lukmanlaryň adyndan Baharjyga oňat düşündirdim.

...Bu iş şeýleräk geçmelidi: Men Baharjygy bagryma basyp durmaly... Çagany bagryna basyp duran adam aglap başlamaly, ol agydan titremä geçende, bagra basylan çaga-da, şol titreme geçip, ol hem titräp, aglamaga başlaýar... Men Baharjyga başda, «Eger seniň birden agyň tutaýsa, sen ýekeje agyz «Hä-ä...» diýäýgin!» diýip tabşyrypdym.

...Ine, durun boş jaýyň ortarasynda, titräp... Bahardan ses-üýn ýok. Titräp-titräp, halys tapdan düşüp, «jadyly» gözlegi bu günlükçe bes edýäris. Ýöne men Baharjyga agynyň ap-aňsat bolmaýandygyny, muny köp günläp gaýtalamalydygyny aýdyp, onuň bilen hoşlaşýaryn.

...Günler geçýär, Baharyň «Hä-ä» sesini welin eşidemok. Soňky günler men titrämde, onuňam az-owlak galagopluga düşýändigi duýulýar, ýöne «Hä-äsi» welin ýok. Ine, şu gün bir hepde, men etjek bolýan işimiň başa barmajakdygyna ynanyp barýaryn. «Şu gün iň soňky gün, gyzjagazam heläk etmäýin, özümem aglap, titräp, haldan düşýän» diýip, iň soňky «jadyma» başlaýaryn...

Gyzjagazyň kellejigi meniň bilimden ýokarraga ýetýär. Men ony bagryma basyp, agym tutup, titräp başlaýaryn. Şol wagtam içimden: «Alla jan, maňa başga kär buýraýmaly ekeniň-dä?!.. Men-ä ýadadym şu işden...» diýip nalaýaryn!... Aglaýaryn!.. «Ýeriň ýüzündäki ähli adam, çagany diňdirjek bolýar. Men bolsam...».

Ine, eý, Hudaý!... meniň gujagymdakyja çaga titräp başlaýar-da... Birdenem men, ýuwaşja «Hä-ä...» sesini eşidýärin... Men gulagyma ynanman, dik duran ýerimden dyza çökýärin. Gyzjagazyň gözjagazyna seredýärin. Baharjygyň gözjagazynda... Ýaş!.. Men ýerimden böküp turanymy duýman galýan, gygyrýan:

– Tüweleme, tüweleme, gyzym! Sen beýik artist-ä!.. Sen beýik ak-tri-sa!.. Indi biz haçan gerek bolsa, aglap bileris! Bahar jan!..





*Takdyr. 1994 ý.*



*Takdyr. 1994 ý.*



*Takdyr. 1994 ý.*





***Toba. 1996 ý.***





*Toba. 1996 ý.*



*Toba. 1996 ý.*



*Toba. 1996 ý.*

*Iş wagty.*



*Iş wagty.*



***Tapagan. 2001 ý.***



*Tapagan. 2001 ý.*





*Tapagan. 2001 ý.*



*Tapagan. 2001 ý.*



***Sen ýadyma düşseň. 2006 ý.***





***Sen ýadyma düşseň. 2006 ý.***



*Sen ýadyma düşseň. 2006 ý.*





*Günüm söýgüden başlanýar. 2007 ý.*



*Günüm söýgüden başlanýar 2007 ý.*





*Söwer ýardan aýrylma. 2008 ý.*





*Söwer ýardan aýrylma. 2008 ý.*



*Söwer ýardan aýrylma. 2008 ý.*

Sen meni bagyşla, gyzym! Men seni helägem etdim. Ýöne görýäňmi, diýenim dogry bolup çykdy! Alla kömek etdi!..

Şeýdibem, kino surata düşdük! Azabymyz ýerine gowuşdy. Ine, kinorežissýorlyk kärine ýykgyn edýän talyplara, şeýleräk ýagdaýlaryňam başa düşýändigini ýatlatmak isledim.

Men filmiň gahrymanyny bary-ýogy 5–6 sekuntlyk aglatmak üçin, özüm ýedi günläp aglamaly boldum.

Kinorežissýorlyk käri üçin diňe bir öz güýjüň, yhlasyň, höwesiň ýeterlik däl. Käbir pursatlarda, keremli güýçlerdenem hemaýat gerek. Sungatyň özi bir düşündirip bolmaýan jady...

## Haýwanlar nädip kino surata düşürilýär?

Haýwanlary kino surata düşürmeli bolanda, olary eldekileşdirýän ýörite adamlaryň çagyrylýandygyny diňe kino işgärleri däl, her bir tomaşaçy hem bilýändir.

«Laçyn» kinofilmini surata almaga girişenimizde, biz kino surata alýan toparymyza şol eldekileşdirýänleriň birini «Mosfilmden» ýörite çagyrdyk. Moskwadan gelen – biologiýa ylymlarynyň kandidaty, hakyky professional, köp kinofilmlerde üstünlikli işlän adam. Ol kinossenarimiz bilen tanşansoň, özüne «Laçynyň» keşbini ýerine ýetirmeli aty görkezmegimizi sorady. Ol iküç günläp şol atyň ýanyndan aýrylmady. Dördülenji gün meniň ýanyma gelip, bu işde bize hiç hili kömeginiň degmejegini, mümkin bolsa özüni ertir-birigün uçarda yzyna ugratmagymyzy sorady. Menem öz gezegimde, onsuz biziň şu kinony surata düşürip bilmejegimizi nygtamda, ol näme üçin Laçyn bilen («Laçynyň» keşbini ýerine ýetirmeli atyň öz ady Perzent) işläp bilmejegini düşündirdi. At bilen işlemek üçin, umuman, oňa bir zatlar etdirmek üçin, at seniň eliň bilen beren iýmitiňi (alma, gant) iýmeli. Eldekileşdirmek şondan başlanýar.

At üç ýaşynda, şu güne çenli Perzende adam elinden hiç zat berilmändir. Öňüne dökülen ýorunjadan, getirilip goýlan suwly bedreden başga, adam elinden ol hiç zat iýmändir. Indi bolsa giç.

Men ol ýaşuludan:

– Onda biz näme etmeli? – diýip soraýaryn.

– Alla kömek etsin!.. – diýip, jogap eşidýärin.

Eldekileşdiriji gidenden soň, meniň gulagymda «Alla kömek etsin...» diýlen söz gaýtalandy durdy, gaýtalandy durdy...

«Laçyn» kinofilminde at bilen alynmaly, ýerine ýetirmesi gaty kyn kadrlar kändi. Mysala ýüzleneliň:

Laçynyň eýesi Döwlet iňlisleriň atýatagyndan atyny alyp gaçanda, ony at ogrusy Alyhanyň adamlary dagyň içinde atdan agdarýar. Döwlet atdan agdarylan ýerinde, dag daşlarynyň arasynda, guma bulaşyp ýatyrka, Laçyn eýesiniň başujunda, oňa hossarlyk edýän görnüşde doňup dur. Alyhanyň adamlary ony tutup alyp gidýärler. Perzent (biziň surata düşürýän atymyz) şeýle bir sarç welin, ony ýekeje bir minutam bir ýerde durzup bolar ýaly däl. Näme etmeli?.. Seýsinden soraýarys. Ol ýaşuly bize «Komsomol» atçylyk zawodynda Perzendiň iki ýaşly doganynyň bardygyny ýaňzytdy. Biz atçylyk zawodyna gidýäris. Perzendiň, dogrudanam, kiçi dogany bar ekeni. Iki at şeýle bir meňzeş, ilki göreňde, tapawutlaryny biler ýalam däl. Atlaryň iki hili bir-birine meňzemeýän tarapy bar. Perzendiň dört aýagynda-da ak «joraby» bar, jigisiniň üç aýagynda. Grim bilen oňa ak «jorab-a» geýdirip bolýar. Ikinji tarapawudy bolsa, tüýs bize geregi... ol şeýle bir ýuwaş, bir ýerde goýup gitseň, ertir gelip ýygnaýmaly... Ynanmarsyňyz!.. Bize-de geregi şol.

Filmde, surata almasy iň kyn bolan epizodymyzy Laçynyň kiçi jigisiniň kömegi bilen aldyk.

«Laçyn» kinofilmi surata düşürilende, köp gezekler, ýarym minutlyk surata alynmaly kadrlar üçin, iküç günläp Perzendiň bize gerek birje hereketine garaşyp oturan günlerimiz bolupdy. Ýöne filmde ol atyň käbir etmeli hereketlerinde edil adamyň edäýjek häsiýetlerini gaýtalamaly ýerleriniň bolandygynam aýdasym gelýär.

Nädip surata alyp boljakdygyny bilmänimiz üçin, iň soňky güne goýan epizodymyzda nähili wakanyň bolup geçmelidigini aýdyp bereýin:

Döwlet, Laçynyny ikinji gezek iňlislerden alyp gaçanda, Alyhan atyna atlanyp, münýär munuň ökjesine. Köp aldym-berdimli at çapyşygyndan soň, Alyhan öz aty bilen Laçynyň yzyndan ýetip bilmejekdigine gözi ýetip, onuň üstündäki ýigidi mauzeri bilen atýar. Döwlet atynyň üstünden syrylyp, ýere gaçýar. Laçyn eýesiniň ýaralanandygyny duýup, şol wagt saklanýar. Ýerde guma bulaşyp ýatan Döwlet agyr ýaralananam bolsa, garaz, güýç tapyp, yzyndan ýeten Alyhany atmaga ýetişýär. Şu ýerde Laçynyň, edil adam ýaly, eýesiniň ýüzüni dili bilen ýalap, özüniň mährini, söýgüsini bildirýän kadryny kino surata almaly... Nädip?..

Iň soňky kino surata alyş günümiz. Perzende şol hereketleri etdirmek üçin näme çäre görmelidigini bilemzok. Perzent hemme zada düşünip duran ýalam bolsa, ol haýwan-da...

Kino surata almak işi säher bilen sagat ýedide başlanmaly, men kino surata alýan ýerimize (Aşgabadan daş bolmadyk, gumuň içindäki «Ýeketut» diýen obada) irden sagat bäşde bardym. Otyryn çägäň üstünde, elimdäki çöpjagaz bilen ýeri dyrmalap.

Az salymdan, atyň seýsi Perzendi alyp geldi. Ýaşuly bilen salamlaşdyk. Ol ýaşuly bilen üç aý bäri bile işläp, duz-emek bolanymyzdan soň, olam meni tanarça bolandyr-da, meniň bolup oturşymy halamadymy-nätdimi: «Inim, näme, ýüzüň salyk-la, ýaramajak bolýaňmy?..» diýip, habar gatdy.

Men Perzent ýakynyma geleni bäri, şoňa seredip, öz aladam bilen otyrdym, ýaşulynyň soragyna jogap berip ýetişmänkäm, on-on bäş ädim gapdalymyzda duran Perzent ýaňy-ýakynda suw tutulan çyg ýerden ýaňy ýokary galyp ugran çaýry goparyp, şeýle bir işdä bilen gütürdedip ugrady welin, görmäge göz gerekdi.

Men ýaşulynyň beren soragyna jogap bermäň deregine:

– Ýemşik aga... Ýemşik aga! Çek Perzendiň jylawyny! – diýip, gygyrdym. Ýaşuly hiç zada düşünmän, atyň jylawyny çekip, ony gök otlukdan çykardy. Ýüzüme soragly seretdi. Men oňa kelläme gelen pikiri aýtdym. Olam ýylgyryp, meniň pikirimi makullady.

Kinotoparymyz üýşenden, şol pikiri ýerine ýetirmäge girişdik. Hemmämiz gök otlugyň girdik bir gapdalyndan. Çümmükläňde iki barmagyň arasyna zordan üç-dört sanysy ilişýän çaýyrdan herimiz bir-ki gysym-a ýygandyrys. Şol çaýry çynymyz bilen ýygýarkak, Ýemşik agadyr Perzent ikisem gözlerini aýyrman seredýärdiler. Perzendiň seredip durşundan, şol göm-gök, ýalpyldap duranja çaýyrlaryň özi üçin ýygylýandygyny aňýan ýalydy. Bir okara ot taýýar bolansoň, Perzendi guma bulaşyp ýatan Döwletiň (keşbi ýerine ýetirýän Kerim Annanow) ýanyna getirdik. Kerim bilen bile eýýäm dört aý bäri bile kino surata düşüp ýören aty, onuň ýanyndaka, jylawyndan çekip saklamak gerek däldi.

Biz çägäň üstünde ýatan Döwletiň kellesiniň aşagyndan şol otly okara sygar ýaly çukur gazdyk, otly okarany onuň kellesiniň aşagynda ýerleşdirip, soňam, çäge bilen çalaja üstüni ýapdyk. Şu işleri edýärkäk, Perzent otdan gözüni aýyrman seredýärdi. Kino surata almak üçin getirilen onki metrlik kranyň üstünde kinooperator bilen kinorežissýor. Kran guma bulaşyp ýatan Döwlet bilen onuň ýanynda duran Perzendiň edil depesinde. Men elimi salgap, atyň ýanynda duran seýse çalt aýrylmalydygyny düşündirýärin. Seýis ýanyndan aýrylandan, Perzent ýatan Döwletiň kellesine has golaýlaşýar-da, onuň gulaklarynyň, boýnunyň töwereklerindäki otlary dili bilen ýalap, özüne çekýär. Onki metr ýokardan kino surata alýan kameranyň obýektiwinde Döwletiň ýüzüni ýalap duran Laçyny görýäris. Iküç gezek gaýtalap surata alanymyzdan soň men begenjimden: «Berekella, Perzent!..» diýip, operator kranyň üstünden aşaklygyna gygyrýaryn, Kerim ýatan ýerinden zöwwe galyp, Perzendi ogşaýar. Bir zatlar-bir zatlar pyşyrdap, çägä gömülgi okarany çykaryp, gumlaryny süpürişdirip, gök oty Perzendiň öňünde goýýar...

Umuman, haýwanlar bilen işlände, kinorežissýora «Allatagala giňlik bersin!» diýäýmeli. Sebäbi, kino surata alyş döwründe, surata düşýän atam, item bar zada düşünip, diňe gepläp bilenok diýsek, ýalňyşmarys. Elbetde, kiçijik, diledüşmez çagalar bilen işlemegem kyn, ýöne darykman, Allaň beren giňligi bilen çemeleşiberseň, işiň ugruna bolar.

Ýene bir ugruna bolan işimiz barada gürrüň beresim gelýär. «Sen ýadyma düşseň» kinofilminde bir garagözlüje itiň keşbini, bir garagözlüje güjük ýerine ýetirmelidi. Biz bu iti kän gözledik. Iti gowy görýän adamlary agtardyk, Aşgabatdan çykyp, gündogary – Kaka etraby, günbatary Baharly, köp-köp janawarlary surata aldyk.

Bir günem kinostudiýanyň bäş ýüz metr gapdalynda, maşynly, baş sirkiň ýanyndaky, ýerasty geçelgeden geçip barýarkam seretsem, ynha, şol it-dä!..» Maşynymy saklap, ylgamanmy yzyndan. (Ynha, kinorežissýoryň hakyky iş güni şunuň ýaly «bagtygelmekden» başlanýar.) Ýetdim yzlaryndan, salamlaşdym eýesi bilen. Men oňa özümi «kinorežissýor» diýip, gopbaryp tanyşdyrsam, ol maňa «dýadýa Kolýa» diýip, elimi gysyp, gysgajyk jogap gaýtardy. Men oňa itini kino surata düşürmek üçin sorajakdygymyzy duýduramda, ol ädimini gowşatman, gürrüňi öýlerinde dowam etsek gowy boljakdygyny, sebäbi, «oglunyň» (itine «oglum» diýýär asyl) yssylandygyny, onuň kondisionere howlugyp barýandygyny nygtady. Diýseň-diýmeseň, it biziň gürrüňmize birjigem üns bermän, şol ylgap barşydy. Indi şol günki Garagöz bilen duşuşygymyz ýadyma düşen wagty, ýylgyranymy duýman galýaryn. Göz öňüne bir getirip görüň: Ýetmişi arka atan, Türkmenistanyň halk artistiniň, geljekki alynjak filmiň esasy gahrymanynyň keşbini ýerine ýetirjek itiň yzyndan ylgaşlap barşyny... Ine, Magtymguly şaýolunyň ugrundaky dört gatly jaýlaryň birine girdik. Gapydan girerimize mähetdel, Garagöz öz ýerinde – kondisioneriň aşagynda çökdi. Bizem Kolýa daýy bilen, it näçe gün kinosurata düşmeli, onuň näçeräk düşewündi boljak we ş.m. iş aladamyz bilen bolduk. Şol duşuşykda «Iti kino düşürmek üçin eldekileşdirýän adamy nireden tapyp bolarka?» diýen soragyma itiň eýesi eldekileşdirijiniň gapdalymda oturandygyny aýdyp, Garagözüň onuň diýenini birkemsiz ýerine ýetirýändigine ynandyrdy. Men beýle şowlulygyň maňa ýetdirenligine begenip, iki bolup bilemokdym. Kinostudiýa gelip, kinony bile surata düşürjek ýoldaşlaryma ýyrşaryp-ýyrşaryp gürrüň berşim ýadyma düşende, şu günlerem utanýan. Sebäbi, Garagözüň bize görkezen görgüsi, kino surata alýan toparyň düşen günleri, «it görse, gözi agarjak» diýenleri boldy.

Öz syryňy özüň açyp otursaň, gowy däldigin-ä bilýän, ýöne Garagözüň özüne tabşyrylan keşbi diýseň gowy oýnandygyny kinony gören adamlaryň: «Aý, tüweleme, ol itiňiz artistlerdenem gowy oýnaýar-aý...» diýip, beren bahalary tassyklaýar.

Garagözüň kino surata düşen ýekeje epizodyny surata alşymyzy gürrüň bersem, ýokardaky «azaplar» diýýänim düşnükli bolarmyka diýýärin. Kino alyp başlan günümiz, itiň eýesinden hiç hili kömegiň bolmajakdygyna düşündik. Onuň kömegi bilen alan birje epizodymyz: Ýagmyr aga Aşgabada gidende, itiniň awtobusyň yzyndan ylgaýan epizody. Olam näme, hemmä aýan. Awtobusyň üstünde, kinooperatoryň ýanynda itiň eýesi otyr, Garagözem güýjünde baryny edip eýesiniň yzyndan ylgaýar. Şol epizody kino surata düşüren günümiz däde Kolýany bir gören bolsadyňyz?! Onuň erni gulagyna ýetäýjek bolýardy. «Şeýle eldekileşdirýän dünýäde başga-da barmyka?..» diýdiresi gelýärdi.

Şol günden soň, däde Kolýa, etdirjek bolýan işimiziň hiç birini etdirip bolmaýan itiniň arkasyny alyp, «Bi ýadady, muňa azar bermäň!» diýip, hötjetlik edip ugrady. Soňabaka «Men ýadaw, bu gün itiň özüni äkidäýiň» diýip, bahana tapdy... Aý... garaz, ite seretmegem, ony kino surata düşürmegem öz boýnumyza galdy.

Men Aşgabatdan daş ýerlerde kino surata alýan günlerimiz, öýden kolbasa, peýnir ýaly ýeňiljek owkatlary ýanym bilen alyp gidýärdim. Kino surata alýan topar, günortan nahar wagty, daşragam bolsa, şähere gidenlerinde, men işleýän ýerimizde galýardym. Garagöz ikimiz kino toparymyz gelýänçä bileje bolýardyk. Men «It beri aç bolmasyn» diýip, öz iýýänje naharymy onuň bilen paýlaşýardym. Bir gün Kolýa däde itini kino surata düşürmäge özi geldi. Gelendenem, bize närazylygyny bildirdi: «Meniň itime nähili nahar berýäňiz, aýdyň şony?» Ine, saňa gerek bolsa! Kinotoparam meniň ýüzüme seredýär. Iti naharlaýan men-dä... Kolýa dädäniň gykylygyna meniňem gaharym gelýä welin, bildirmeli däl-dä. Men kino surata alýan uly bir toparyň ýolbaşçysy ahbetin! Men «Dýadýa Kolýa» diýip, (ýogsam ol menden on ýaş kiçi) sesimi peseldibräk, düşündirjek bolýan, Garagöz bilen iýýän kolbasamyzyň adynyň-a «serwalatdygyny»,

bahasynyňam ýüz ýigrimi müň manatdygyny, iýýän peýnirimiňem Finlýandiýadan getirilendigini aýdýaryn.

Kolýa däde sesini öňküdenem gataldýar: «Ýagşam bir iş bitiripsiňiz!.. Meň itim indi, öýde meniň berýän zatlarymy iýenog-a, men oňa «serwalady» nireden alaýyn?» Käýelip oturan adam bolsamam, itiň eýesiniň diýýänlerini eşidip, guşum uçaýjak bolýardy. Içimden «Alla kömek etdi!..» diýipler gaýtalaýardym.

«Sen ýadyma düşseň» kinofilminde bir epizod ýadyňyza düşýändir. Garagözüň eýesi Ýagmyr aga Aşgabada gidip, birnäçe gün eglenen mahaly, Aşgabatdan gelen bir ýaş ýigit hiç zat iýmän aç ýatan itiň öňüne täzeje kolbasany oklanda, it ol kolbasany iýmän, ýüzüni bir ýana sowýandyr. Men şol kadry kino surata aljak günümiz «Bereketli» kärhanasynyň çykarýan «serwaladyndan» bir kilosyny getirtdim. Garagöz ondan hezil edip iýenden soňam, kino surata almaga başladyk. Garagöz şol epizodda, öňüne kesilip goýlan kolbasadan ýüzüni sowanda, diňe men däl, ähli surata düşüriji topar Garagözüň oýnaýşyna çapak çaldy.

Meniň gürrüň beren epizodym arkaly geljekde (talyplara ýüzlenýän) kino alýan döwrüňizde şunuň ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda, şol döreýän kynçylyklardan diňe özüňiziň baş çykarmalydygyňyzy nygtap aýdýaryn.

## Kadr näme?

Kino kadrlardan düzülýär. Kadr diýlip, bir nokatda goýlan, kamera arkaly, başdan-aýak arasy kesilmän alnan surata aýdylýar.

Kadr uzynam bolup biler, gysga-da. Ol kadr hereketde-de bolup biler, hereketsizem.

Kadr diýip, kamerada kompozisiýasyny düzüp, taýýarlap, suratyny aljak bolup duran kadrymyza-da aýdýarys. Režissýor operatora «Kadry goý» ýa-da «Şu agajy kadra al» diýip ýüzlenýär.

Diýmek, operator kompozisiýa goýanda, şol agaç kadrda bolmaly. Edýän gürrüňimiz düşnükli bolar ýaly, geliň, mysala ýüzleneliň:

Häzirki sahnamyz iki kadrdan düzülen. Onuň birinjisinde gapydan jaýa bir adam girýär. Ol çüňkde duran stoluň ýanyna baryp, stoluň üstündäki kitaby eline alýar. Ikinji kadr: Kitabyň ýüzünde «Magtymguly. Goşgular ýygyndysy» diýen ýazgyny okaýarys. Indi şu iki kadry nähili surata alýarys? Ilki, kamera jaýyň dulunda, çüňkde goýlan. Bu ýerden öýüň içindäki hemme zat görünýär. Gapydan gelen adam stoluň ýanyna gelip, onuň üstündäki kitaby eline alýar... Şol pursat režissýor «Duruň» diýip, operatoryň kamerasynyň işleýşini saklaýar. Operator kamerasyny stoluň golaýyna süýşürýär. Kamerany kitabyň ýüzündäki ýazgylary oňat okap bolar ýaly golaýda goýup, alnan iki kadrdanam şol görkeziljek bolunýan sahna ýasalýar.

Kadryň nähili yzygiderlikde alnanyna garamazdan, montaž edemizde, köp hili üýtgetmeler girizmek bolar. Mysal üçin: Bir adam otaga girýär-de, şol otagyň törüne çenli ýöräp gidýär. Şol uzak wagtlap ýöreýiş gerek bolmadyk çagynda, biz başga nokatdan onuň içki otagyň gapysyna ýetendigini görkezýäris.

Başga bir mysal: Bir kişi ýatmaga hyýalanýar. Ol düşeginiň ýanyna barýar. Şol wagt surata alyş kesilýär.

Indiki kadrda düşegiň ýanynda duran oturgyç görkezilýär. Şol oturgyjyň üstüne-de şol adamyň eşikleri taşlanýar. Ýene bir kadrda uzan el, krowatyň gapdalyndaky asylgy çyrany öçürýär. Şol adamyň ýatandygyna biz şu ýokarky kadrlaryň üsti bilen göz ýetirýäris. Kadry uzaga çekdirjek, artykmaç zatlar surata alynmady.

Kadrlary şu hili gysgaltmak tärini, täzelikleri tapan – germaniýaly režissýor Ernst Lýubiçdir.

Kinodaky bir sahna birnäçe dürli ululykda alnan kadrlardan durýar.

Kadr bir ýerde duran kamera bilenem alnyp bilner, hereket edýän kamera bilenem. Hereketde surata alnan kadr duran kamerada alnan kadrdan elmydama uzak bolýar. Onuň sebäbi, hereketde alnan kadrda kamera aktýoryň hereketi bilen bagly bolup, kähalatda onuň öňüne düşüp, kähalatda onuň ýanyndan ýöräp, relsiň üstünde goýlan

teležkäniň kömegi bilen uly aýlawlar etmeli bolýar. Elbetde, beýle ýagdaýda wagtyň köp geçýänligi düşnüklidir. Surat almaklygyň ýene bir görnüşi – kameranyň aýlawy bilen surata alnyşdyr. Bu ýagdaýda-da kamera bir duran ýerinde durup, aktýoryň hereketine görä aýlaw edýär. Kadryň böleklere bölünip bilmeýänligi üçin, bu ýagdaýda-da kadr uzaga çekýär.

Kadrlary guranymyzda hereketde alynýan kadrlar näçe bolsa-da, kinony surata almakda aýratyn alynýan kadrlar olardan has köpdür. Olarsyz çeper film alynmaýar. Şu ýokardaky görkezilen kadrlaryň görnüşleriniň birleşdirilmegindenem kino emele gelýär.

Kinorežissýoryň jaýynyň diwarynda şol alynmaly kadrlaryň öýjükleri ýazylyp asylyp goýulýar. Olaryň sany kähalatda dört ýüz, bäş ýüze ýetýär. Ine, şu kadrlardan gelejekki film döreýär.

Film surata düşürilip başlanýar. Ine, ilkinji surata alyş gününde bäş sany kadr alyndy. Režissýoryň kömekçisi şol surata düşürilen kadrlary öýjüklerden çyzyp aýyrýar. Şol öýjükler çyzylyp gutarandada, filmi surata alyş döwri tamamlanýar.

## Montaž

Montaž – öz pikiriňi obrazlaryň üsti bilen düşündirmek. Sen montažyň üsti bilen, uly bir pikirem etmän, ekrana seredip oturan tomaşaçyny öz döreden kinofilmiň ideýasyna, il-halka aýtjak bolýan pikiriňe, öz döredijilik oýlanmaňa golaýlaşdyrýarsyň.

Mekdepde mugallym Puşkiniň, Magtymgulynyň goşgularyny okap, olaryň pikir baýlyklaryny okuwçylaryna düşündirişi ýaly, kinematografiýada-da Eýzenşteýniň, Çapliniň, Pudowkiniň, Kuleşowyň montaž arkaly eden açyşlaryny, institutlarda mugallymlar talyplaryna düşündirýärler.

Režissýor montaž arkaly öz pikirini göze görünýän obrazlaryň, sözüň, sazyň, sesiň birleşmesiniň üsti bilen halkyň aňyna ýetirýär.

Režissýoryň pikirine tomaşaçynyň düşünmegindenem olaryň aňynda sungata dogry düşünmek, oňa guwanmak başlanýar.

Kitap okap, şahyryň goşgularyna düşünip, şondan lezzet alşyň ýaly, sereden filmiňdenem lezzet alýarsyň. Ine, şu-da kinony hakyky sungatlaryň hataryna goşýar.

Operator kamerasyny bir gapdala azajyk gyşartsa, eýýäm kadrdaky görkezilýän zatlar ýa ulalýar ýa-da kiçelýär. Şol hem kadry belli bir ideýa gönükdirýär.

S. Eýzenşteýniň aýtmagyna görä: «Montaž – režissýoryň pikirini ýola salýan esasy ýörelgedir».

Montaž – pikiriň akymydyr. Geçen asyryň beýik režissýorlary Andreý Tarkowskiý, Akira Kurosawa, Federiko Fellini, Alen Rene, Ingmar Bergman şu ýol bilen işlän režissýorlardyr. Bu beýik režissýorlaryň surata düşüren kinolaryna düşünmek kynrakdyr. Onuň sebäbem, pikiriň akymyny olaryň hersi özüçe, öz zehinleriniň salgy berşiçe işlediler. Olaryň surata düşüren filmleri uly güýje eýedir. Şonuň üçinem, ol režissýorlary dünýä tomaşaçylary tanaýar. Dünýä nusgalyk kino eserlerini döreden beýik italýan režissýory Federiko Fellini filmlerini surata düşürende, onuň her kadry obraz. Onuň her filminiň içi ýüzlerçe žiwopis görnüşlerinden durýar. Onuň filminde mizanssena, adamyň ýüz keşbi, reňkleriň saýlanyp alnyşy – bularyň hemmesi döredijiligiň çürbaşy. Tomaşaçy şol beýik döredijilige tomaşa edende, film bilen aýdyljak bolunýan mazmunam, sýužetem, adamlaryň bir-biri bilen aragatnaşygynam, şularyň hemmesinem beýik hudožnigiň gözi bilen görýär. Eger giden uly meýdanda bir stol goýlan bolsa, onuň hökmany gerekdiginden başga, şol görnüş hudožnigiň çeken kartinasy ýaly, beýik şekiller derejesine göterilýär. Onuň alan şol kadry hökman, alynýan kinonyň sýužetine, manysyna düşünmekde-de uly rol oýnaýar.

Eger bir adam köçeden gidip barýan bolsa, şol köçe hudožnigiň žiwopis suraty ýaly owadan. Tomaşaça ol beýik hudožnik şeýle uly çeperçilik bilen täsir edýär.

Bu mysallardaky ýaly kadrlary gözleýän, tapýan režissýorlaryň başga-da bardygyny ýokarda aýdyp geçipdik. Şeýle beýikleriň bardygam, kinony sungatlaryň arasynda iň belent derejä göterdi.

9. Sargyt № 1345

Geliň, indi montažyň üsti bilen tomaşaçynyň aňynda bir wagtyň özünde bolup geçýän birleşmäni synlalyň:

Tomaşaçy kinoda yzygiderli geçip duran wakalaryň akymyna syn edip otyr. Ol akymda wagtyň uzynlygy, köp ýyllar gysgaldylyp, waka şu minutda gözüň öňünde duransoň, oňa ynanýarsyň. Aýdaly, şeýle waka: Oglanjyk sapakda, mugallymyň soragyna jogap berip dur. Ýarym minut geçip-geçmänkä, oňa uniwersitetiň diplomynyň gowşurylyp duran pursady... Ol ýigit aeroportda söýýän gyzy bilen hoşlaşýar, ýene on sekuntdan, Awazada garaşýan adamlaryň onuň bilen elleşip salamlaşyp duruşlary. Ine, şu montažyň üsti bilen kadrlaryň birleşmesi, tomaşaçy tarapyndan hiç bir kynçylyksyz, bir wagtda bolup geçýän waka ýaly kabul edilýär. Şular ýaly kadr bölekleriniň müňe golaýy birleşdirilip, halka görkezilende, tomaşaçy ony edil şu wagt bolup geçýän waka ýaly kabul edýär. Şol bolup geçen wakalaryň tomaşaça hakykat bolup görünmegini gazanmak üçin, režissýor filmiň içinden eriş-argaç bolup geçýän birleşigi montažyň kömegi bilen, ýagny, ritm-tempiň dogry saklanmagy bilen başa bardyrýar.

Eger režissýoryň niýetinde beýik ideýalary öz içinde birleşdirýän sungat eserini döretmek bar bolsa, ol şu günki adamzat ylhamynyň öňdebaryjy tejribesini öz kinosurata alýan filminde ulanmalydyr.

Montažyň nämedigine düşünmek üçin käbir mysallara ýüzleneliň. Geliň, dört sany kadry surata alalyň.

1. Bir horja çaga nirädir bir tarapa seredip dur.

2. Bagyň üstünde bir guş otyr.

3. Semiz adam stoluň başynda, öňüne goýlan okaradaky kotleti işdämenlik bilen iýýär.

4. It ýokarlygyna seredip üýrýär.

Şu ýokarda ýazyşymyz ýaly montaž etjek bolsak, bu waka hiç zadam aňlatmaýar.

Geliň, montažyň üsti bilen bu kadrlardan bir waka ýasajak bolalyň.

1. Bagyň üstünde guş otyr.

2. It ýokarlygyna seredip üýrýär.

3. Oglanjyk bir tarapa seredip dur.

4. Semiz adam kotlet iýýär.

Bu kadrlary yzly-yzyna sepläp, nähili netije çykarýarys?

Ir bilen, guşjagaz saýraýar, oňa seredip, it üýrýär. Itiň guşa üýrýändigi görünýär, sebäbi, biz iti guşuň yzyndan görkezdik. Oglanjyk itiň üýrüşine seredýär. «Ol näme üçin guşjagaza üýrýärkä?» diýen manyda. Semiz adam kotlet iýmegini dowam edýär. Belki, öýüň eýesidir. Uly bir many-ha ýok bu eden montažymyzda.

Geliň, indi şeýleräk ýagdaýda sepläp göreliň.

1. Semiz adam kotlet iýýär.

2. Oglanyň seredýän kadry.

Diýmek, näme bolýar? Oglanjyk semiz adamyň işdämen kotlet iýşine seredýär. Belki, oglanjygyňam nahar iýesi gelýändir.

3. It üýrýär. It bu ýagdaýda oglanjyga üýrýän bolup görünýär.

4. Bagda guşjagaz saýraýar. Bu kadr hiç manyny bermedi.

Eger-de şeýle montaž edip görsek:

1. Bagda guş saýraýar.

2. Semiz adam, (belki, ol şol bagyň aşagyndadyr) kotlet iýýär.

3. Oglan oňa gözüni aýyrman seredýär.

4. Semiz adam kotletini işdämen iýýär.

5. Oglan ýene seretmesini dowam edýär.

6. It üýrýär. Kime? Belki, hiç kime seretmän, kotleti ýeke iýip oturan semiz adamadyr. Ýa-da «meniň hojaýynyma azar berme» diýen manyda oglana üýrýändir. Gepiň gysgasy, biz her gezek kadrlaryň ýerini çalşyp goýanymyzda, wakanyň mazmuny üýtgeýär. Režissýor iki sany kadry çatyp, belli bir maksady yzarlaýar. Ol şondan belli bir pikiri tomaşaçynyň aňyna ýetirmekçi ýa-da şol bir surata alan kadryny iki gezek gaýtalaýar. Bu ýerde-de nähilidir bir pikiri tomaşaça ýetirmegiň aladasynda.

Kinosurat alnanda, ýene bir ulanylýan usul – kadryň içindäki montaž diýilýän usuldyr. Bu usul surata alyş döwründe, esasan, kameranyň aýlawy bilen amala aşyrylýar. Şol aýlaw wagtynda kamera aktýora golaýlaşybam bilýär, daşlaşybam.

Rakurslaram dürli derejede üýtgedip bolýar. Kadryň içindäki montaž usulyny kamera hereketde bolan wagtam, onuň bir nokatda duran wagtam ulanyp bolýar. Eger biz kadryň içindäki montažy kamera bir nokatda duran wagty ulanjak bolsak, onda, uzaklykdan

bärik gaýdan aktýoryň orta ýa-da uly plana çenli edýän hereketlerini, gürrüňlerini surata alanymyzda ulanýarys. Umuman, kadryň içindäki montaž usuly düşündirmesi kyn filosofiýa yzarlanýan epizodlar surata düşürilende ulanylýar. Beýle epizodlar surata alynmazdan öňürti režissýor, operator hem aktýorlar bilen ol kyn sahnanyň partiturasyny çyzyp, şol sahnany aktýorlar bilen oňat repetisiýa edip, onsoň surata almak işine girişýär.

Aslynda, kameranyň hereketi bilen surat alnanda, ol durmuşa ýakyn bolýar. Biz durmuşda gezip ýören wagtymyzda elmydama adamlary, durmuşdaky görýän ähli zatlarymyzy hereketde görýäris. Adam durmuşdaky zatlary elmydama panoramada görýär. Biz, aýdaly, saga, bazara seredip durkak, çepimize öwrülip, owadan suw çüwdürimine seredip lezzet aldyk. Sagdan çepe öwrülen wagtymyz biz köp zatlara panoramanyň üsti bilen seredendiris. Ýöne biz ol zatlara ünsümizi sowmadyk, şonuň üçinem olary görmedik.

Ýa-da biz köçeden gidip barýarkak, sagymyzdan, çepimizden geçip barýan adamlara gözümiziň panoramasy bilen seredýäris.

Edil şonuň ýaly, kameranyň obýektiwi bilenem surata alyp bilýäris.

Diňe biz yzymyza öwrülip, yzymyzdaky adamlary-da gözümiziň kömegi bilen görüp bilýän bolsak, şol herekete kameranyň kömegi bilen seretmäni başaramzok. Kamera adamyň gözi ýaly öwrülip seretmäni başaranok, beýle kadry aljak bolsak, onda kamerany ýörite yza öwrüp, surata düşürjek epizodymyzy alýarys.

Kameranyň hereketi bilen alnan kadrlar, kinonyň adamyň gözi bilen görýän, durmuşdaky ýagdaýyna çalymdaş durmuşa ýakyn bolmagyna eltýär. Wakanyň edil şu wagt bolup geçýändigine ynanç döredýär. Bu bolsa öz gezeginde wakanyň durmuşa golaýlygy bilen tomaşaçyny ynandyrýar. Onuň tersine, hereketde däl-de, aýratyn alnyp, montaž edilen kadrlar wakanyň edil şu wagt bolup geçýänligine ynanjy azaldýar.

Montažyň kömegi bilen kadrlary biri-birine birleşdirilen kinonyň gowy taraplarynyň biri, ol köp nokatda kamera arkaly surat alnyp, soňam montažyň üsti bilen birleşdirilende, birnäçe rakurslarda surata

alnan kadrlaryň birleşmesi, hereketde alnan kinodan has gowy, makdada laýyk isleglerini kanagatlandyryp biler. Sebäbi, bu ýagdaýda orta, uly planlaryň çaknyşmasyndan gelip çykýan hereket tomaşaçynyň ünsüni özüne has gowy çekýär.

Montaž, onuň kino sungatynda tutýan orny barada beýik režissýorlaryň biri Wsewolod Pudowkin kino sungaty hakda ýazan üç tomluk işinde şeýle belleýär:

«Montaž» sözüne kähalatlarda nädogry düşünýärler. Montaž iki sany kadryň bir-birine ýelmeneni bilen ölçenmeýär.

Birnäçe režissýorlaryň düşünişiçe, montažyň iki hili ulanylyşy bar – çalt hem haýal. Montaž işleri diňe munuň bilen gutarmaýar. Men şu aýdýanlarymy düşündirmek üçin, sungatyň ýene bir görnüşine ýüzlenmekçi. Ol hem çeper edebiýatdyr.

Ýazyjy ýa şahyr üçin aýratyn bir söz hiç zady aňlatmaýar. Ol söz, sözlem düzülende, belli bir manyny aňlatmaga başlaýar. Diýmek, sözi sözlemiň içinde haýsy ýerde ulananyňda ol has güýçli täsir edýän bolsa, şol ýerde-de ýazylýar. Edil şonuň ýaly-da, montažda kadrlar saýlanyp-saýlanyp, ol ýerden aýryp, başga ýerik birleşdirilip, ahyry gerek ýerinde goýulýar. Şol hem surata alynýan kino eseriniň tomaşaça täsirli bolmagyna getirýär.

Montažyň esasy wezipesi ritmdir. Ritm ýöne ýerden döremeýär. Ol filmiň ssenarisi ýazylýan döwürden başlap, filmi surata düşürip, režissýoryň nämeleri nygtaýanlygy bilen bagly, geljekki filmiň ritmi kesgitlenip başlanýar.

Kinofilm döredilende, surata alnan ýüzden müňe çenli montaž bölekleri seplenýär. Şol uzyndyr gysga bölejikleriň seplerinden döreýän temp-ritmem sahnalary emele getirýär. Sahnalar seplenende – epizodlar, epizodlardanam film döreýär.

Kinorežissýoryň hökümi bilen döredilen şol temp-ritmem täze dörän filmiň çeperçilik durkuny ýasaýar.

Režissýor zehinli bolanlygynda, tomaşaçy şol bölekleri duýman, filmiň hereketini durky bilen kabul edýär. Eger režissýoryň pes bolsa, şol bölekler duýlup, filmiň hereketi bölünýär-de, sepler ýüze çykýar.

Ine, şol müňe çenli bölekleriň hereketleriniň birleşmesiniň, bir durk bilen tomaşaçy tarapyndan kabul edilmegine-de **montaž** diýilýär.

Surata alnan böleklerden bütewiligi ýasamakdan montaž bolmaýar. Filmiň içindäki sahnalary kesip – kiçeldeniň bilenem, ýa-da başga bir sahna çalşanyň bilenem, hakyky montaž derejesine ýetip bolmaýar.

Montaž kinony döredýän režissýoryň dünýä düşünişine, ylymbilimine, zehinine bagly. Onuň durmuşy synlamakdan alan filosofik düşünjesi, galyberse-de, düşündirmesi kynrak bolsa-da, Allatagalaň beren üşügine bagly diýsek, ýalňyşmarys.

Iş ýüzünde montaž nähili geçirilýär? Geliň, indi şol iş tejribesi bilen tanyş bolalyň.

Kino surata alyş döwri başlanan gününden, montaž işlerini geçirmeli adam kino topara berkidilýär. Kino surata düşürilip başlap, ilkinji kasseta doldurylan güni, şol kasseta montažça getirilip berilýär. Montažçy öz gezeginde, ol kassetadaky epizody hasaba alyp, şol epizoddaky kadrlaryň näçe gezek (her gezekki alnan kadr «dubl» diýlip atlandyrylýar) surata alnanlygyny, şol dubllaryň näçesi abat, näçesi gutarylmadyk – hasaba alýar.

Gutarylmadyk dubl diýilýänler näme? Aktýoryň nädogry oýnanlygy üçin kameranyň durzulan kadrlary, kameranyň hereketinde nädogrulyklar bolup ýa-da howa ýagdaýlary sebäpli kameranyň saklanan kadrlary.

Montažçy kinofilmiň her günki surata alnan epizodlaryny montaž etmäge taýýarlap, filmiň ähli epizodlary surata düşürilenden soň, kinorežissýor bilen montaž işlerine girişýär. Şol günden başlabam, kinofilme montaž hem ses bermek döwri başlanýar. Bu döwürde edilmeli işleri sanap geçeliň:

Kinorežissýor montaž işlerini edýärkä, ses operatory kinofilmde daşardan gelmeli sesleriň gözlegine çykýar. Tapylan sesleri kinorežissýor bilen diňläp, filme gerek sesleri montaž üçin taýýarlap goýýar.

Kompozitor, öz gezeginde, kinorežissýor bilen režissýorçylyk ssenarisi ýazylan döwürde maslahatlaşylan sazy ýazyp, (fortepiano

nusgasynda) ony režissýor bilen montaž edilip taýýar bolan epizodlarda barlap görýär. Üýtgetmeli ýerleri bar bolsa, bellikler edilip, saz ýazmak dowam etdirilýär.

Montaž edilip, filmiň ilkinji nusgasy taýýar bolan mahaly, aktýorlar çagyrylyp, film ekranda olara görkezilip, soňra oňa ses bermek işleri başlanýar.

Kinofilme ses bermek döwründe, kino düşen aktýorlaryň içinde ses tarapdan kino surata düşen keşbine gabat gelmeýänligini ýa-da sesiň ýogyn-inçeligi boýunça keşbe gabat gelmeýänligini režissýor duýan mahaly, ol aktýor çalşyrylyp, ses bermäge başga aktýoryň çagyrylýan wagtlaram bolýandyr.

Aktýorlaryň sesleri ýazylyp bolnandan soň, çeper filmi taýýarlamaklygyň iň esasy işi başlanýar. Bu iş (perezapis) filmdäki surata alnan keşpleriň gapdalyna aktýorlaryň sesini, sazy, gaýry sesleri (ekranyň daşyndan eşidilýän sesler) birleşdirenimizde, çeper kinofilm döreýär.

## Ähli aladanyň soňy

Çeper kinofilm taýyn. Surata düşürilen çeper filmi indi ilgüne hödürlemeli. Ine, ol günem gelip ýetdi. Paýtagtymyzyň kinoteatrlarynyň birinde kinofilm ilkinji gezek tomaşaçylara görkezilýär. Şu gün – kinorežissýoryň durmuşyň, il-günüň, dost-ýaryň öňünde synagdan geçmeli güni...

Mawy ekranda ýylboýy çekilen zähmetiň, alada bilen ýatylman geçirilen gijeleriň jemi – täze döredilen kinofilm ekranda görkezilip dur. Hiç kime syr bermän, täze surata düşürilen kinofilmiňe tomaşaçylaryň berjek bahasyna garaşyp oturansyň.

Ýüregiň şondaky urşuny hiç zat bilen deňeşdirer ýaly däldir... Kinoteatryň içinde bar ünsüni ekranda gidýän waka baglap oturan ýüzlerçe adamlara seniň minnetdarlygyň çeni-çägi ýokdur.

Kino gutarar!.. Ýerlerinden turup, el çarpýan tomaşaçylaryň minnetdarlygy, soňra ýörite sahna çykyp, seniň eden işiňe, döredijiligiňe beren bahalary seni asmana göterer!

Ertesi gün säher bilen ýeriňden turanyňda, özüňi dünýäniň iň gowy kurortlarynda dynç alyp gelen ýaly duýarsyň. Dünýäde iň bagtly adam sensiň!..

Moskwada, ssenaristleriň hem režissýorlaryň ýokary okuwynda okap ýörkäm, bolup geçen bir waka meniň hiç ýadymdan çykanok. Bize okuwyň ikinji ýylynda ýyllyk işi – kino surata düşürmek tabşyryldy. Men «Böküş» atly kinossenarini ýazyp, eziz ýurdum Türkmenistana, «Türkmenfilme» şol uzaklygy bäş minut bolan kinofilmi surata düşürmäge geldim. Men bu filmiň surata alnyş işini, Ýanbaşdan Bagyra tarap akyp gaýdýan «Garaçaý» atly kiçiräk ýabyň boýunda ýerleşýän çagalar dynç alyş ýeriniň gapdalynda başladym.

Filmiň wakasy ýabyň boýunda ösüp oturan uly bir tut agajynyň üstünden aşaklygyna böküp oýnaýan çagalaryň arasynda bolup geçýärdi.

Ýigrimi-ýigrimi bäş sany, on-on iki ýaşlyja çagalar bilen şol filmi üç günläp kino surata düşürdim. Bu ýyllyk iş meniň çeper kinofilmi almaklyga ilkinji synanyşygym bolanlygy üçin, esasy gahrymanlarymam kiçijik çagalar bolansoň, kino surata almak işi gaty agyr düşýärdi. Üçülenji, kino surat alyş işlerimiň iň soňky güni, günorta golaý, bize garşy ýöräp gelýän bir ýaşula gözüm düşdi. Ol ýaşulyny biz owalam görýärdik, ýaşuly şol ýeriň sakçysydy. Ýaşulynyň elinde uly gara tüňçäni, iki sanam käsäni görüp, men kino surata alýan çagalaryma, on-ýigrimi minutlyk arakesme yglan etdim, ýaşula tarap ýöredim. Saglyk-amanlyk soraşdyk. Ýaşuly başga sözüň başyny agyrtman, elindäki tüňçeden iki käsä çaý guýdy, sessiz-üýnsüzem käsäniň birini maňa uzatdy. Ýaşulynyň özüni alyp barşyndan onuň bir zatlar sorajak bolýanlygy duýulýardy. Ýaşuly käseden birki owurt owurtlap, dil ýardy:

– Oglum, seniň bu käriňe nähili kär diýýäler?

Men ýaşulynyň soragyna nähili jogap berjegimi bilmän, birsellem saklandym, soňam oňa düşnükliräk bolsun diýip, uzynrak jogap gaýtardym:

– Ýaşuly, bu käre kinorežissýorlyk diýilýär. Men, ynha, şujagaz çagalaryň oýnamagynda kino surata düşürýän.

Ýaşuly «H-üm» edip, käsesindäki galanja çaýy ýere serpip goýberdi-de:

– Oglum, başga kär tapmadyňmy?.. – diýip, çyny hem nebsagyryjylyk bilen maňa ýüzlendi.

Men, ýaşulynyň maňa nebsiniň agyranlygyna ýylgyrdym:

– Jan atam, men şu käre ýetjek bolup, onýyllygy gutaranymdan soň, ýene on dört ýyl okadym – diýip, jogap berdim.

Ýaşuly sesini çykarman, käsedir tüňçesini ýygnap, ýerinden turdy-da, maňa bir dikanlap seretdi, soň ýene bir içini hümledibem:

– Azaply kär eken... Abraý getirsin! Käriň özüňe nesip etsin, ogul!.. – diýibem, öz ýoluna gitdi.

Meniň gözüme şol ýaşuly Hydyr ata bolup göründi. Ol maňa ak pata berdi diýip düşündim.

Ýene bir zada oturyp-oturyp geň galýan. Men orta mekdebiň altynjy synpynda okap ýörkäm, «Edebiýat» kitabymyň ähli sahypasyna «Men režissýor bolaryn!» diýip ýazyp çykypdyryn. «Bu nämäniň alamatyka?» diýip oýlanýaryn.

Indi ýetmiş ýaşyň gerşinden yzyma seredip oturşam, şol ýazgy kitabyma däl-de, maňlaýyma ýazylan eken!

**Jadylysyň, syrlysyň sen,**
**Söýgim, söýgetim – KINO!**

# «Söwer ýardan aýrylma»

Öz döredijilik ýoluny, kinorežissýorçylyk kärine bagyşlajak talyplara kinossenariý sapagyndan alan bilimlerini, tejribelerini has hem berkitmek maksady bilen ýakynda ýazylan kinossenariden bir bölegi okuw-tejribesi hökmünde hödürlemegi dogry bildim.

«Söwer ýardan aýrylma» ssenarisi Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde, 2008-nji ýylda kino surata düşürildi.

## Kinossenariden parça

(Guldurdy Sähetdurdyýewiň «Gaýypdan bir owaz» atly liriki poemasy esasynda)

Ssenariniň awtorlary:
**Guldurdy SÄHETDURDYÝEW,**
**Halmämmet KAKABAÝEW.**

Güýz. Ýatlamalaryň güýzi. Saralan ýapraklar hemme ýeri örtüpdir. Dagyň çola, ümsüm jülgesi. Uzyn oturgyçda şahyr Derýa Aşyrow oý kölüne çümüpdir.

Hyýalda bir nowjuwan gözel messan basyp gelýär. Nireden – bir ýerden peýda bolan ýaş ýigidiň salgymy näzenine galtaşyp gidýär, aýagyna çolaşyp, büdreýär. Gyz nämä büdredimkäm diýip, gaňrylyp seredýär, haýran galmaly, hiç zat ýok.

Şahyryň sesi:

Büdreseň düz ýolda, galmagyn haýran,
Çolaşandyryn men. Ýanyňdan barýan.
Ertekidäki deý, düýşdäki kibi,
Meniň hyýalymda duşýas ikimiz.

Gözel gyzy haýsydyr bir oýlar gussa batyrýar. Ol gussanyň sebäbini aňyp bilmeýär. Hyýaldan gelen gözel hyýala çümüp barýar. Şahyryň sesi:

Geň galma, ýok zada gyýylsaň çendan,
Ol meň gam-gussamdyr, eý, hüýri-jenan!
Diý: «Ol gan gusýandyr...» eý, hüýri-jenan!

Bir ýerlerden gyzyň ady tutulan ses ýaňlanýar:

– Güljan! ...

Nireden? Belli däl. Töwerekde özünden başga hiç kim ýok. Gözeliň howsalasy artýar.

Şahyryň sesi:

Gaýypdan bir owaz gelse gulagňa,
Diýgin «Gyndan örtenip ýör ol oglan»,
Diýgin «Şindem örtenip ýör ol oglan».
Diýgin «Säwip, ahy geldi golaýma»,
Diýgin «Çawup, agy geldi gulagma».

Aslynda, aýryldym diýmelem däl-le,
Magşugyňa gowşup bilseň hyýalda.

Biziň gözel gyzymyz baglaryň arasynda goýlan oturgyçda oturýar. Şahyryň hälki salgymy assa basyp, onuň ýanyna geçýär. Şeýle bir usullyk bilen, duýlar-duýulmaz halda gyzyň elinden tutup, näzik barmaklaryny oýnaýar. Emaý bilen gyzyň egnine baş goýýar. Saçlaryny sypalaýar. Nämedir bir zatlary aýdyp berýär.

Egniňe baş goýup, ynjamalarym
Saňa sözlemesem, ynjalmaýaryn.
Saýramasam, paýlaşmasam höwesim,
Köşeşemok. Gelýär seni öwesim,
Gelýär seni öpesim.
Dolduraly dymanlarmyň öwezin,
Başdan huşum göçüp kä pillelerem,
Tylla suwy berlen käkilleriňden
Ysgap, Mejnun bolup, dälirämde men,
Seni ynjydýan-a däldirin-dä men???

Gözel gyz özüne gelip, gapdalyna seretse, hiç kim ýok. Ol allaniçigsi bolýar. Şahyr hem öz içki oýlaryndan açylyşyp, töweregine gözlese... bir özi, ýaňky wysal-duşuşyk pursatlary şahyr Derýa Aşyrowyň hyýalynda bolup geçdi.

## Titrler

Körpeler üçin ýörite oýlanýan ýerde, çagalar kowalaşyp ýörler. Geň tarapy – olaryň hemmesi oglanjyklar.

– Derýa, seni ejeň çagyrýar. – Çagalaryň bu sesine oglanlaryň biri diňşirgenýär.

– Ýör, oglum, bazara gideli. Saňa okuw esbaplaryny almaly.

Ejesi ogluny öňüne salyp gidýär.

Mekdep bazary. Alleýanyň iki gyrasynda ýaşyl matalar gerlip, gurnalan dükançalar. Birnäçesinde okuw esbaplary, käsinde çaga eşikleri satylyp dur. Öňüne her dürli pökgüler, oýnawaçlar asylan dükança hem bar.

Okuw möwsüminiň başlanmaly wagty has golaýlaýanyndanmy, nämemi, bu ýeriniň mähellesi ýetik. Adamlar biri beýlekisine ýol berip, sowluşyp, dyknyşyp, egrem-bugram ýol ýasaşyp, ýöräp barýarlar.

Bu bazaryň esasy üýtgeşik tarapy, olam esasy alyjylar – çagalar. Öz ene-atalary bilen gelen çagalar nämedir bir zada barmagyny çommaldýar weli, hossarlary gapjyklaryndan pul çykaryp, şol bada satyn alyp berýärler.

Derýanyň hem ýedi ýaşy doldy, olam ejesiniň hem-de kakasynyň ellerinden ýapyşyp, bu bazara geldi.

Ilki bilen depesine «Okuw esbaplary» diýlip ýazylan dükança sowulýarlar. Wäşi satyjy olary güler ýüz bilen garşylaýar. Derýanyň kakasy, ady – Aşyr, harby eşikde, satyja sowal berýär.

Aşyr: – Bize 1-nji synpa degişli esbaplar gerek.

Satyjy ýigit:

– Wah, bizde şol bar-da. Ynha, depderler, galamlar. Bu ýerde-de bozguçlar, ruçkalar, reňkli kagyzlar, adyňy tutan zadyň bizde bar. Saýlap alyberiň.

Derýanyň ejesi, görmegeý zenan, ady Şirin, ogluna ýüzlenýär.

Şirin: – Derýa jan, özüň saýlaý, oglum. Hany, şu surat depderleriň haýsysyny halaýaň?

Derýa ejesi bilen harytlardan saýlap alyp dur. Aşyr biraz gapdala süýşüp, başga bir alyja, ýagny, gyzjagaz bilen ejesine ýer açýar.

Satyjy ýigit: – Sizem geliberiň. Harydymyz kän. Size-de ýeter. Saýlaşdyryberiň.

Gyzjagaz hem tekjäniň öňüne baryp, harytlary synlap ugraýar. Derýa öz ýanyna gelen gyzjagazy görüp, beýleräk süýşýär. Muňa gyzjagaz geň galýar, ýöne derrew öňki kaddyna gelip, harytlary synlamasyny dowam edip ugraýar.

Aşyr oglunyň ýanyna baryp, üýşüp duran okuwçy sumkalaryny görkezýär. Ilki birini, soň ikinjisini, üçünjisini görkezýär. Derýa weli, ýokarda ýüpden asylgy duran sumka elini uzadýar. Satyjy ýigit ol gyzyl sumkany alyp, Derýanyň eline uzadýar. Ýanyndaky gyzjagaz hem şol gyzyl reňklisiniň birini eline alýar.

Derýa sumkany synlaýar, ýüzi açylýar. Halady, sypalaşdyrýar. Begenip, kakasynyň ýüzüne seredýär.

Satyjy ýigit: – Näme-how, pälwan, sen gyzmy? Gyzyl sumkany gyzlar göterýär-ä. Ine, ýanyňdaky gyzjagaza seret.

Derýa seretse, onuň elinde-de gyzyl sumka, ol elindäki sumkany hamala hapa zat ýaly beýleki sumkalaryň üstüne taşlap goýberýär.

Ýüzi üýtgäp gidýär. Aňyrlygyna tarap ýöräp ugraýar. Kakasy Aşyr onuň yzyna düşýär.

Şirin: – Geň galaýmaly zat. Biziň köçämizdäki şunuň bilen deňduş çagalaryň hemmesi oglanjyk. Ýekeje-de gyz ýok. Uzak gün oglanlar bilen oýnansoň, gyz diýilýän zatdan ürkýär şu oglumyz. Ýygrarak. Geň görmäň, düzelişer-dä.

Satyjy ýigit: – Hawa-la, mekdebe barsa, gyz bilen bir partada oturdarlar weli, öwrenişmän, nirä gitsin.

Şirin alan harytlarynyň puluny hasaplaşýar-da, ogly bilen adamsynyň giden ugruna ýönelýär.

Derýanyň gulagynda satyjynyň sözleri ýene ýaňlanyp gidýär. Ol howatyrly iki ýana bakýar. Urunýar. Kakasynyň elinden birki gezek çekýär.

Derýa: – Men gyz bilen oturman.

Kakasy oglunyň näme diýýänini oňly aňşyryp ýetişenok. Şirin olaryň yzyndan ýetýär.

Derýa: – Gyz bilen-ä oturman.

Şirin: – Oturmarsyň, oglum. Oturmarsyň. Mugallymyňa aýdarys.

Olar ýene birki dükança sowulýarlar. Ony-muny satyn alýarlar.

Derýa: – Şu dürli galamlar oglanlaryňkymy ýa gyzlaryňkymy?

Satyjy gyz: – Waý, bu oglanjygy! Galam diýilýän zat oglanlar üçinem, gyzlar üçinem – bir. Ikisine-de bolýar.

Derýa: – Ýok, bu gerek däl. Maňa oglanlaryň ulanýan galamyny beriň.

Satyjy gyz (ýylgyryp) – Ine, şu dürli galamlary diňe oglanlar, seniň ýaly goç ýigitler ulanýar.

Derýa içi dürli galamly gapyrjagy höwes bilen alýar.

Muňa Aşyr bilen Şirinem şatlanýar. Söwda ýene şowly dowam edip ugraýar.

* * *

Täze tipli, owadan, 2-3 gatly mekdep, töweregi bag-bossan. Ýokardan gerlen ýaşyl matanyň ýüzündäki uly altynsow harplar bilen «Salam, mekdep» diýen ýazgy ünsi çekýär.

Sentýabr aýynyň 1-i. Bilimler güni! Mekdebiň öňündäki meýdançada okuwçylar synplary boýunça nyzama düzlüpdirler. Olaryň geýnişleri birmeňzeş. Öňde mugallymlar. Gyrada ene-atalar.

Saz ýaňlanyp dur. Ortada çagalar tans oýnaýarlar. Hemmeler çapak çalyp, tomaşa edýärler. Tans tamamlanýar. Mekdebiň direktory eline mikrofony alýar.

Direktor: – Indi biziň mekdebimize ilkiniji gezek gadam basýan 1-nji synplary mekdep bosagasyna çapak çarpyp ugradalyň.

Bir oglanjyk eline daşyna owadan şykyrdawuk gurşunly kagyz çekilen jaňy alyp, duranlaryň daşyndan ylgap, jaň kakyp geçýär.

1-nji synpa gelenler ellerindäki gül desselerini, çemenlerini öňde duran mugallymlara ylgap baryp gowşurýarlar. Ýene ylgap gelip, öňki ýaly hatara düzlüp durýarlar. Derýa seretse, öňünde bir gyz, yzynda ýene bir gyz. Ol hatardan çykyp, iň yza geçip durýar.

Şol mahal 1-nji synplylaryň mugallymy çagalaryň öňüne düşüp, ýöräp ugraýar.

Hemmeler el çarpýarlar. Iň yzdan Derýa barýar.

***

Synp otagy. Gapynyň ýokarsynda «1-nji «A» synp» diýen ýazgy bar. Mugallyma çagalary partalarda yzly-yzyna oturdýar. 1 oglan–1 gyz, 1 oglan – 1 gyz. Derýa götinjekleýär.

Mugallyma iň soňky partada Derýa bilen gyzjagazy oturdýar. Derýa gyz bilen oturdylanyna nätjegini bilenok. Utanýar.

Otagyň gapysy açylýar. Mekdebiň direktory ýene bir gyzjagazy alyp gelýär-de, diňe mugallyma eşitdirip: «Bu ýyl okuwçy çakymyzdan has köp geldi. Biz häzir ýene bir synp otagyny açaýarys. Şoňa deňiç şu gyzjagazam otursyn» diýip, ol gyzjagaza ýüzlenýär:

– Bar, gyzym, yza geçip otur.

Gyzjagaz haýdap, yza geçip, Derýanyň gapdalynda oturyberýär.

Al, saňa gerek bolsa! Bir gyz bilen oturmajak oglan indi iki gyzyň arasynda. Derýany iki tarapdan gowrup barýarlar. Eýlesine baksa-da gyz, beýlesine baksa-da, gyz.

Mugallyma: – Synp žurnalymyzdaky sanaw boýunça tanşyp başlalyň. Ilki bilen özümi tanyşdyraýyn. Men Gullaýewa Jahan Resulberdiýewna, siziň synp ýolbaşçyňyz. Indi... Indi kimiň adyny, familýasyny okasam, ol ýerinden turmaly. Düşnüklimi?!

Mugallyma synp žurnalyny açyp, başdan okap ugraýar.

Mugallyma: – Aşyrowa Güljan.

Derýanyň oturan ýerinden iki parta öňden, klas penjiresiniň gabadynda oturan gyzjagaz ýerinden turýar.

Mugallyma: – Tanyş boluň, Aşyrowa Güljan.

Aşyrowa Güljan dogumlyja, şadyýan gyz, ýylgyryp, yzda oturanlara-da ýüzüni öwürýär. Derýanyň gözleri Güljanda eglenýär. Derýa oýa batýar. Kellesine bir pikir gelip, ony aňşyrjak bolýan deý diňşirgenýär.

Emma, hiç hili netijä gelip bilmeýär. Aslynda, ol özüniň näme barada oýlanandygyny hem ýadyndan çykarýar. Aňk-taňkrak.

Mugallyma: – Aşyrow Derýa.

Mugallymanyň sözleri Derýanyň gulagyna ilenok. Hiç kim ýerinden turmansoň, mugallyma ýene gaýtalaýar.

– Aşyrow Derýa!

Bu gezegem Derýa hiç zat eşidenok. Ol özüne gelip bilenok. Äm-säm.

Mugallyma: – Näme, araňyzda öz adyny bilmeýänem barmy? Aşyrow Derýa.

Partadaş gyzy tirsegi bilen Derýany çalaja kakýar.

– Sen bolaýma?

Derýa tisginip, özüne gelýär.

Mugallyma: – Aşyrow Derýa.

Derýa ýerinden turýar. Çagalar pyňkyryşýarlar.

Mugallyma: – Derýa, näme, gulagyň agyrmy?

Çagalar gülüşýärler. Derýa geplemeýär. Beýleki hatardan bir dilije gyzjagaz gep oklaýar:

– Ol gepläbem bilenok. – Çagalar ýene gülüşýärler. Derýa dymyp dur. Onuň gulagy hem gapylýar. Güwläp dur. Utanýar.

Mugallyma sanawy dowam edýär, okuwçylar yzly-yzyna ýerlerinden ör turup-oturýarlar.

Mugallyma: – Aşyrow Derýa, siz Aşyrowa Güljan bilen doganmysyňyz? Bir-biriňize meňzäbem dursuňyz. Ýa-da siz ekizlermi?

Derýa hiç zat jogap bermeýär, şol dymyp dur. Oňa derek Aşyrowa Güljan ýerinden turýar.

Güljan: – Ýok, biz doganam däl, ekizem.

Güljan yza öwrülip, Derýa tarapa enaýy ýylgyryp seredýär. Derýa ýene hälki hala düşýär. Oňa näme bolýanyny töwerekdäkileriň hiçisi hem bilmeýär. Mugallymam, Güljanam, hatda Derýanyň özi hem...

Synp otagyna mekdebiň direktory girýär, mugallyma bir zatlar diýip, Derýanyň gapdalynda oturdylan soňky gelen gyzjagazy turzup, öz yzyna düşürip, alyp gidýär. Eger Derýa öňki Derýa bolanlygynda «Hernä, gyzlaryň biri-hä azaldy» diýip, begenip, maňlaýynyň derini sylardy. Häzir weli ol begenmedem, gynanmadam.

* * *

Synp otagy. Gapynyň daşynda «3-nji «A» synp» diýen ýazgy bar.

Sapak gidip dur, mugallym tagtada nämedir bir zatlary çyzyşdyrýar, okuwçylaram ony öz depderlerine göçürýärler.

Daşarda assaja öwsüp başlan ýel Güljanyň gapdalyndaky çala açylyp goýlan penjiräniň uly gözüni itekläp, giňräk açdy. Onuň sesini Derýa eşidip galdy. Ol penjirä seretdi. Eý, waý. Onda-da Güljanyň keşbi görnüp dur.

Derýa ol keşbe seredip otyr. Daşardaky şemalyň sesi hem gelýär. Ol – tanyş ses. Hä, hawa, Derýanyň kalbynda-da şeýle ses bar. Bu – şol! Bu şemal nämäniň şemalyka?

Ýene-de düşnüksizlik. Geň tarapy – häzir Derýadan başga eşidýän ýok.

Derýanyň öz keşbini synlaýanyny hatda Güljanyň özem bilenok. Her kim okuw bilen başagaý. Güljanam.

Derýa welin keşbe seredip otyr.

Ine, birden Güljanam penjiräniň aýnasyndan Derýanyň keşbini görüp, ýylgyrdy.

Bu ýylgyryşa Derýa-da ýylgyryş bilen jogap berdi. Derrewem utanyp, aşak bakdy.

Güljan ýene depderine hat ýazyp ugrady. Ýene birsalymdan aýna seredip, Derýany gördi. Onuň henizem özüne seredip duranyny görüp, geň galdy. Çala pikirlenen ýaly etdi-de, ýene ýazmasyny dowam etdi. Derýanyň bolup oturyşyny synpdaşlarynyň ýeke biri, Saparow Sapar ogrynça görýär. Mugallymyň aýdýan sözleri, tagtada hat ýazýan hekiň tark-turky birde eşdilýär, birde eşidilenok.

Güljan ýene aýna seretse, ýene Derýa. Güljan gatyrganýar. Penjiräni eli bilen itip, ýapyp goýberýär.

Indi weli Güljanyň keşbi görnenok. Derýa-da il ugruna tagtada mugallymyň ýazan ýazgylaryny göçürip ugraýar. Jaň kakylýar.

Mugallym: – Uly arakesme, 15 minut dynç alyň.

Okuwçylar daşary çykýarlar. Derýa bu gezek iliň öňünde. Ol haýdap barýar.

10. Sargyt № 1345

***

Mekdebiň bir tarapy uly baglyk. Derýa şol ýere garader bolup ylgap geldi. Ol has-has edýär. Töweregine garanýar, hiç kimiň ýokdugyna göz ýetirip, nämedir bir zatlary gygyryp, içini boşadýar. Onuň sesi bize eşidilenok. Ýöne filmiň başyndaky şahyryň okaýan goşgusy eşidilýär.

Şahyryň sesi göýä diktor ýaly häli-şindi wakalary şahyrana beýan edýär.

Ol ýene ylgap, yzyna gaýdýar. Zordan jaňa ýetişýär.

Derýa her gün uly arakesmede şeýle edip, içini sowadýar.

Bir del duýgy ýerleşmedi kelläme,
Kalba ýerleşmedi, ýaryp gelýä-le.
Aýlandyryp goýberdi bir tüweleý,
Eýmendirip goýberdi pyr-towy-leý.
Ylgap, çola çykyp, arakesmede,
Jynssyz gygyrardym bar sesim ede:
«Güljan jan-jan, Güljan!» – diýip nijeme,
Gowzutmasam, syganokdy içime.

Ol ýene ylgap geldi. Emma, sapak başlanypdyr.

Mugallyma: – Aşyrow, sen her arakesmede gijä galyp gelýäň. Näme, saňa 15 minutlyk arakesme az bolýamy?

Derýa dymýar.

Mugallyma: – Geç ýeriňe. Indi gaýtalama.

Derýa öz ýerine geçip oturýar.

Günler geçip dur. Derýa köplenç uly arakesmede öňki hereketini gaýtalaýar.

Soňabaka synpdaşlary muny duýup, onuň yzyna düşýärler, näme edýänine geň galyp seredýärler. Içlerinde pyňkyryşýanlary hem bar, kepil geçip, bile gygyryşýanlary hem bar. Ol hereketleriň manysy şahyryň okaýan goşgusyndan belli.

Nädip gezeýin men, bildirmän syry?
Gygyrmaga barýan. Yzymda süri,
Düşünipmi-düşünmänmi, dahana

Bat berýärler, «Söý-ýär!!!» dolýar jahana.
Belki, düşünenem däldir şo çakda,
«Söýgi» sözne daşymdaky «goçaklar».
Olar üçin geňdi, gelerdi bärik,
Aý, ýöne, häki bir, keýpine şärik.
Senem şolar ýaly ýaşdyň, nowçadyň.
Düşünmezdiň. Şonda-da sen gowjadyň!

***

Jaň jyrlaýar. Derýa baryp, öz howlularynyň gapysyny açýar.

Gapynyň daş ýüzünde Derýanyň synpdaşlary egele bolup durlar. Olar iňlisçe:

– Häppi börs deý, Derýa, häppi börs deý, Derýa – diýip, hor bolup gaýtalaýarlar.

– Doglan günüň gutly bolsun, Derýa.

Derýa gelenleriň arasyndan Güljany gözleýär. Hudaýa şükür, bar eken.

Güljan: – Derýa, seniň 12 ýaşyňa biz saňa 12 kepderi sowgat getirdik. Hany, Saparow Sapar, getir bäri guşly sebedi.

Derýa guşly sebedi begenip alyp, synpdaşlarynyň öňüne düşüp, öýlerine girýär.

Giň zal. Bezelen stollar, iýip-içişip, degşip, gülşüp otyrlar.

Derýa ýygralyk bilen mähnet «Saz merkeziniň» düwmesine basýar. Wals sazy ýaňlanýar.

Sapar: – Ak tans. Gyzlar oglanlary tansa çagyrýarlar. Tans gurnagyna gatnaşyp, öwrenen hünärimizi görkezeliň.

Ýanynda oturan gyz turup, Sapary tansa çagyrýar. Ýene üç jübüt tansa çykýar.

Derýa ýüzüni kese sowup, ýygrylyp otyr. Ol öz ýanyna Güljanyň gelenini duýmaýar.

Güljan: – Derýa!

Derýa: – Wiý...

Güljan bir dyzyny çala epip, baş egýär.

Güljan: – Men seni tansa çagyrýaryn.

Derýa bilen Güljan maýdal tans edip durlar. Güljanyň gözi Derýada. Derýa weli oňa göni seredip bilenok. Ýüzüni kese sowýar.

Güljan: – Näme, sen gyjak çalýaňmy?

Derýa düşünmeýär. Hiç zat diýmeýär.

Güljan: – Ýüzüňi kese sowanyň üçin aýdýan.

Derýa utanyp ýylgyrýar. Ýöne hiç zat diýmeýär. Güljanyň mähirli sözlerinemi ýa üstüne sepinen anbary-kokunlaryň ysynamy, huşy başyndan gidýär. Bolsa-da, bulaşdyrman, ýykylman tans edip dur.

Güljan: (gülüp) – Aý, oglan, sen adyňy bir bilýäňmi? Kim sen?

Derýa: (başyny ýaýkaýar) – Ýok, şu wagt adymam ýadymdan çykarypdyryn.

Ikisi hem gülüşýärler. Batly pyrlanyp, tansy dowam etdirýärler.

Şahyr şol öňki ýerinde otyr. Ol hyýalynda Derýa bilen Güljanyň tansyna tomaşa edýär. ýöne olaryň tansy öý içinde däl-de, deňiz tolkunlarynyň üstünde, Aýyň deňesinde, ýyldyzlaryň arasynda. Olar bilen älem-jahan pyrlanýar.

Şahyryň sesi:

Söýgi çaga pişesi däl, düşünýärin biriçe,
Ýöne, mende çäre bormy, tütäp ýörün dirije.
Eger, söýşüpdir diýseler, Zöhre-Tahyr gundagda,
Ynanýaryn, halys Alla, ahmaldyr haw, mundag-da.
Yşkyň belli möwsümi ýok, müşgildir unudardan...

Tans dowam edip dur.

***

Aşyr öz ogly Derýa hem onuň dostlary Sapar hem Akmyrat bilen kepderi ketek ýasap otyrlar. Daşyna demir tor çekýärler. Gapysyny oturdýarlar.

Aşyr: – Indi içine uzyn taýajyklary goýalyň. Akmyrat, äber olary, kepderi guş bolansoň, simiň üstünde, agajyň üstünde, ýokarrakda bir zadyň üstüne çykyp ýatanyny kem görenok.

Akmyrat taýajyklary uzadýar. Ketek taýýar. Çagalar guş sebedindäki kepderileri ýeke-ýekeden ketege salmakçy bolýarlar

Aşyr: – Duruň, entek ganatlaryny sapak bilen 5-10 gün şeýdip daňalyň. Ýogsa gaçyp gider.

Kepderileriň ganatlaryny kökenläp, uçmaz ýaly edip, daňyp, ketege salýarlar.

Ketekdäki kepderiler pasyrdaşyp, biri eýläk, biri beýläk geçýär.

Aşyr: – Ahyry hersi öz ýerini tapar. Hersi öz taýyny tapar. Onsoň her kepderi ketegiň içinde öz belli durýan ýeri bolup, özüniňkiden başga ýere geçmez. Adamlaryňky ýaly-da.

Çagalar kepderileri doýman synlaýarlar.

Ýere däne sepip, ketegini açyp, kepderileri iýmleýärler. Olar kepderileri bilen sykylyk arkaly düşünişýärler.

Derýanyň kepderilerine guwanyp seredişi penjirede Güljanyň keşbini gören çagynda haýrana galyşyny ýatladýar.

Çagalar kepderileri ýene ketege salyp, gapysyny ýapyp, gulp asýarlar.

***

Penjire açylýar. Onda Derýa Güljany, Güljan bolsa Derýany görýär. Olar indi ullakanja bolaýypdyrlar. 13-14 ýaşlarynda. Indi olaryň bir-birlerine seredişleri ululatyňka meňzäp ugrapdyr. Syrly-syrly...

Okuwdan soň gaýdyp barýarlar. Ýoluň bir gapdalyndan Derýa barýar. Beýleki gapdalyndan Güljan öz joralary bilen barýar.

Derýa: (içini gepledýär) – Ahyr bir gün men Güljana duýduraryn. Çola ýerde ikiçäk duşsa, aýdaryn. Meniň nä günlere düşüp ýörenimi ol bilýänem däldir. Güljan düýşürgäp bilsinmi? Agzyma suw alan ýaly gezip ýörün-ä.

Güljan dagynyň gykylygyna Derýa öz edip barýan pikirinden aýňalýar. Görse, özlerinden 2-3 synp ýokarda okaýan Janweli atly çişik, alasamsyk, gyzlary gyssap dur.

Janweli: – Torbalaryňyzy döküň. Maňa – akgaňlara ýarar ýaly nämejik bar?

Janweli Güljanyň sumkasyny çekeläp başlaýar. Güljan bermejek bolup, gorkup aglaýar. Janweli barha beter çekeleýär. Ol beýleki gyzlaryň sesine hem pitiwa berenok.

Derýa ylgap, ýoly kesip, olaryň ýanyna barýar. Janweliniň ýakasyndan ýapyşýar.

Derýa: – Degme gyzlara, Janweli!

Janweli: – Çek eliňi, eý teti. Seniň şu gyzlardan näme tapawudyň bar?

Derýa: – Ine, tapawudym bolmasa, me-me.

Derýanyň ýumrugy Janwelä ötmeýärem. Diwara uran ýaly. Gaýta Janweli ony bir uranda, Derýa basketiň içine zyňlyp düşýär. Burnundan gara gan akýar. Akja köýnegi gana boýalýar.

Janweli zut gaçyp gidýär. Gyzlar Derýany zordan dikeldýärler.

Güljan elýaglygyny ýyrtyp, Derýanyň ganap duran barmagyny daňýar. Ýaglygynyň galan bölegi bilen bolsa, onuň agzyny-burnuny süpürişdirýär. Derýa gyzgynyna nämäniň nämedigini aňşyrmaýar.

Derýa Janweliden ýeňlenini özüne masgaralyk bilip, ýere girip dur. Bir eli bilen burnuny tutup, beýleki eli bilen çaşyp ýatan sumkasyny alyp, çalt-çalt ýöräp, gyzlardan saýlanyp gaýdýar.

Güljan: – Derýa, getir sumkaňy, göterişeýin.

Derýa Güljana gulak salman, gerek däl diýen manyda sumkaly elini daldalap, olardan saýlanyp gidýär.

***

Kepderi ketek. Guşlar gogurdaşýarlar. Derýa dostlary Sapar, Akmyrat bilen olary synlap dur. Bir ak kepderi öz taýy bilen oýun edişýär. Olar öz çüňkleri bilen öpüşýän şekilli bir-birini söýgüleýärler.

Oglanlar kepderilerini keteginden çykaryp, uçuryp ugraýar. Kepderiler ilki pessaýdan aýlanyp, kem-kemden göge galýarlar.

Derýa egnindäki köýnegini çykaryp, depesinde bulaýlap, sygyryp, olara galyberiň diýen buýruk berýär. Hälki ak kepderi beýlekilerden saýlanyp dur.

Hem-ä owadan, hemem uçanda aşyr atyp, her hili oýunlar edýär, hamala, öz eýesiniň göwnünden turjak bolýan ýaly.

Derýa «Akja kepderi-i-i» diýip, gygyryp, yzyndanam sygyryp-sygyryp goýberýär. Kepderileriniň barha al-howa göterilişine Derýa monça bolup, keýpi göterilýär. Onuň düýnki ýenjilenem ýada düşenok. Adamyň durmuşy şeýle-dä, hupbat bilen şatlyk guýruktutdy oýnaşyp, gezekleşip dur.

Kepderiler weli göge galyp, nokada öwrüldiler. Olar hamala, Derýanyň göwnündäki hyruçlar kibi asmanda gaýýarlar.

***

Derýa öýlerine girýär. Öýde ejesi bilen kakasy çaý içip, gürleşip otyrlar.

Şirin: – Gel, oglum. Saňa-da duýduraly diýip otyrdyk.

Bu gürrüňi Aşyr dowam edýär.

Aşyr: – Meniň gulluk işim boýunça şu golaýda biz göçmeli bolýarys. Hazaryň kenaryna, Esenguly etrabyna.

Derýanyň reňki üýtgäp gidýär. Ýaňy kepderilerinden alan lezzetinden nyşan galmady. Bile oýnaýan dostlary, synpdaşlary göz öňüne gelýär. Içini gepledýär. «A Güljan näme? Men her gün agşam ertir mekdebe gitmäge howlugýaryn ahyry. Heý, Güljany görmänem bir ýaşap bormy? Owalam men şol gyzy ýöne daşyndan synlap ýörsem, kaýyldym. Indi onam köp görýäler».

Derýa ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän, öz otagyna geçip gidýär.

Gizläp goýan ýerinden Güljanyň suratyny çykaryp, oýa çümýär.

Derýa: – Men saňa öz gowy görýänimi hem aýdyp ýetişmedim. Indi nähili bolar? Bir mekdepde, bir otagda bile okap, başaran zadym ýok. Hazaryň kenarynda ýaşap, Güljan bilen nähili aragatnaşyk saklaryn?

Derýa krowatyň üstünde iki ýan agynaýar. Towlanýar. Ýene ýüzüni tutýar. Ýene gulaklary gapylýar. Göz öňüne Güljan gelýär. Ony görüp, Derýa-da biraz rahatlanýar.

Derýa: – Aýtmaly! Her zat etmeli, aýtmaly. Ýygrylyp, utanyp ýörsem, giç galaryn.

Gapynyň depesinde 7-nji «A» synp diýen ýazgy.

Derýa gapyny açyp, synp otagyna girýär. Ol gyraky hatardan ýöräp baryp, Güljanyň keşbini görkezýän penjiräniň gözüni açyp, ogrynça sazlap goýýar. Soň öz ýerine geçip oturýar.

Beýleki okuwçylar hem girýär. Sapak başlanýar. Derýa aýnadan Güljany synlap, lezzet alyp dur. Güljan weli heniz ony duýanok, ol öz depder-galamy bilen gümra.

Derýa depderinden bir tagta kagyzy goparyp alyp, aýnadaky keşbe ýüzlenip, söýgi hatyny ýazyp başlaýar. Çep eli bilen tutup, ýanynda oturan partadaşyna görkezmeýär.

Derýa: (içini gepledýär) «Güljan! Men seni ilkinji görelim bäri hemmeden beter gowy görýärin. Emma, bu barada saňa duýduryp bilmedim. Ýygralygym meni gaty horlaýar. Seni görsem, dilim tutulaýýar. Golaýda biz Hazaryň kenaryna göçüp gidýäris. Ýöne nirede ýaşasam hem men seni hiç ýadymdan çykarmaryn. Men ömürlik seniň ýanyňda bolmagy arzuw edýärin...»

Güljan birden özüne gözüni gyrpman seredip oturan Derýanyň aýnadaky keşbini görüp, ýylgyrýar. Soňundanam eli bilen aýnany ýapýar.

Mekdepden gaýdyp barýarlar. Ýanyndaky iki jorasy Güljan bilen hoşlaşyp, başga köçä sowlup gidýärler. Honha, Güljanyň ýeke özi gaýdyp barýar. Ine, şol arzyly pursat!

Derýa ýüregine daş baglap, onuň yzyndan haýdaýar. Ol sojapsojap gürlejek bolýar. Emma...

Derýa: – Gül-jan.

Güljan gaňrylyp, Derýanyň ýüzüne bakýar. Emma, Derýa hiç zat gepläp bilmeýär.

Güljan: – Näme, Derýa?

Derýa jübüsindäki haty çykaryp uzadýar.

Güljan: – Bu näme?

Derýa: – Hat.

Güljan: – Hat ýazyşar ýaly, näme, biz 19-njy asyrda ýaşaýarysmy? Näme diýjek bolsaň, öz diliň bilen aýt.

Derýa ýene doňdy. Ýene gulaklary gapyldy. Ýene iki eli bilen ýüzüni tutdy.

Onuň bu niýeti hem paşmady.

Şahyryň sesi: – Ne-hä ol öz söýgüsini duýduryp bildi. Ne-de Güljanyň Derýa hakda nähili pikirdeligi belli bolman galdy. Razymyýokmy, nädip biljek. Razy diýseň-ä, haty almady. Ýok diýseňem, Güljan näme üçin maňa hat ýazdyň diýip, galmagal turuzmady.

Şahyryň hyýalynda ýaňky waka gaýtalanýar. Derýa hat uzadýar, Güljan haty yzyna itýär. Birnäçe gezek gaýtalanýar. Şahyryň sesi:

Ahyr bir gün, ahyr bir gün, ahyr bir gün ýaryldym.
Sen dymdyň gara ýer ýaly, söz diýmediň suwutly.

Oýun edip, diýseň eger «Garaş, injir güllinçä»,
Güllemejegin bilsem-de, garaşardym umytly.

***

Derýa bu gün gaty ir oýandy. Aslynda, ol şu gije ýatdymyka bir? Güljan hakyndaky duýgular hiç tükenmedi. Keserip duran söýgi sowallaryna düzüwli jogap tapylmady. Ol häzir özüniň ýatasynyň gelýänini ýa turasynyň gelýänini hem aýyl-saýyl edip bilmedi.

Penjiräniň tutusyny birýan syrdy. Ilki ol aýnada Güljany göresi geldi. Emma...

Honha, Gün çykyp gelýär. Derýa kepderi keteginiň ýanyna baranda, allaniçigsi boldy. Ketegiň gulpy döwlüpdir. Gapysy sallanyp ýatyr. Her ýerde-her ýerde gan tegmilleri.

Derýa: – Ogurlapdyrlar. Kepderilerimi ogurlapdyrlar.

Juda gynanan Derýa ses edip, aglap başlaýar. Onuň sesine kakasydyr ejesi ylgap gelýär. Olar bolan işe, soraman, göz ýetirýärler.

Şirin: – Goý, oglum, heý, kepderi üçin aglarlarmy? Ynha, kakaň ýene alyp berer.

Şahyryň sesi:

Derýa aglaýardy. Ol diňe bir kepderi üçin aglaýarmy? Güljandan aýra düşjegini hossarlaryna ol nädip aýtsyn?! Ol hemme zatdan aýrylyp barýar ahyryn.

Aşyr: – Täze göçüp barjak ýerimizde sen ýene kepderi saklarsyň. Edil öňküleriň ýaly.

Derýa: – Öňkülerim ýaly kepderi indi tapylmaz.

Şahyryň sesi:

Hawa, Derýa mamla. Indi Güljan ýaly gyzam tapylmaz.

***

«KAMAZ»-a goş basyp durlar.

Duldegşir goňşular Myrat aga, Nariman aýaly bilen «Ýurt garşy alsyn» diýip, hoşlaşyp gitdiler.

Synpdaşlary Derýany ugratmaga geldiler. Sapar, Akmyrat we beýlekiler. Emma... Nämüçindir, Güljan gelmedi.

Gyzlaryň biriniň: «Güljan daýzalaryna toýa gidipdir» diýenini Derýa çala eşidip galýar.

Akmyrat:

– Derýa, hat ýazyp durgun. Menem ýazaryn.

Derýa:

– Hökman.

Sagbollaşyp, synpdaşlar hem dagaýarlar. Indi ugramaly.

Aşyr: – Derýa, galdyran zadyň ýok bolsa, münüber, oglum, maşyna.

Şahyryň sesi:

– Wah, galan zady bar. Dünýäde iň mähribany galdy. Onuň ýary galdy.

Derýa: (içini gepledýär) – Men şu haldakam hem ýanyma geljek dälmisiň?

Edil şol mahal niredendir bir ýerden şol öňki akja kepderisi pasyr-pusur edip geläýýär. Ýaralanypdyr. Üsti gyrmyzy gan. Bir ganaty döwlüpdir, gapdal sallap gelýär.

Derýa ylgap baryp, kepderini eline alýar. Ýüz-gözünden ogşaýar. Ýeleklerini süpürişdirýär.

Derýa: – Meniň wepaly guşum. – Derýa kepderisine suw içirýär. Däne berýär.

Derýa: – Kepderi geldi, Güljan gelmedi.

Biraz oýa batýar.

Derýa: – Belki, bu kepderi Güljanyňkydyr. Belki-de, bu Güljanyň özüdir.

Maşynyň kabinasyndan kakasy gygyrýar.

Aşyr: – Ýör, oglum, gitdik.

«KAMAZ» ýola düşýär.

1972-nji ýyl. «Taýharly oglan». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Berdinazar Hudaýnazarow, Halmämmet Kakabaýew, Aleksandr Çernow. Kinooperator Hristofor Trandofilow. Hudožnik Aman Ojarow. Kompozitor Rejep Rejepow.

Aktýorlar: Ahmet Kulyýew, Aýna Gurbanowa, Ogulgurban Durdyýewa, Ýelizaweta Garaýewa

1974-nji ýyl. Eýran. Tähran. Halkara kinofestiwalynyň baýragy: Ilkinji alan oňat kinofilmi üçin.

1973-nji ýyl. «Altynyň öwüşgini». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Gennadiý Kaleda, Allaberdi Haýydow. Kinooperator Osman Saparow. Hudožnik Aleksandr Çernow. Kompozitor Rejep Rejepow. Aktýorlar: Oraz Amangeldiýew, Öwez Gelenow, Swetlana Penkina, Oraz Hajymyradow.

1975-nji ýyl. Moldawiýa. Kişinýow. Bütinsoýuz kinofestiwaly. Bütinsoýuz Lenin komsomolynyň ýörite baýragy.

1975-nji ýyl. Çelýabinsk. Işçileriň durmuşyndan gürrüň berýän filmleriň Bütinsoýuz kinofestiwalynyň baýragy.

Işçileriň durmuşyndan alnan iň oňat kinofilm.

1978-nji ýyl. «Laçyn». «Türkmenfilm» kinostudiýasy.

Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Begi Suhanow, Aleksandr Çernow. Kinooperator Öwez Welmyradow. Hudožnik Annamuhammet Zaripow. Kompozitor Rejep Rejepow.

Aktýorlar: Kerim Annanow, Baba Annanow, Artyk Jallyýew. Sandri Ion Şkuriýa, Žanna Smelýanskaýa.

1979-njy ýyl. Türkmenistan. Aşgabat. Bütinsoýuz kinofestiwaly. Çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen filmleriň birinji derejeli baýragy.

1979 -njy ýyl. Moskwa. Halkara kinofestiwaly: SSSR-iň Bilim ministrliginiň ýörite baýragy.

«Laçyn» kinofilmini döredenlere: kinorežissýor Halmämmet Kakabaýewe, kinooperator Öwez Welmyradowa, aktýor Akmyrat Bäşimowa Magtymguly adyndaky döwlet baýragy gowşuryldy.

1981-nji ýyl. «Kakam gaýdyp geler» «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Aleksandr Çernow. Kinooperator Öwez Welmyradow. Hudožnik Selim Amangeldiýew. Kompozitor Nury Halmämmedow.

Aktýorlar: Gülnar Babaýewa, Gurban Ataýew, Ýuriý Ilýanow, Guwanç Annaýew.

1982 -nji ýyl. Estoniýa. Tallin. Bütinsoýuz kinofestiwaly. Çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen kinofilmleriň ikinji derejeli baýragy.

1982-nji ýyl. Moskwa. Bütinsoýuz Lenin komsomolynyň baýragyna kinorežissýor Halmämmet Kakabaýew mynasyp boldy.

1984-nji ýyl. «Ýeňiýoluk», «Türkmenfilm» kinostudiýasy.

Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Ýewgeniý Mitko. Kinooperator Eduard Rejepow. Hudožnik Aleksandr Çernow. Kompozitor Rejep Rejepow. Aktýorlar: Setdar Jepbarow, Jennet Berdiýewa, Maýýa Bulgakowa, Ata Döwletow.

1984-nji ýyl. Ukraina. Kiýew. Bütinsoýuz kinofestiwaly. Setdar Jepbarowa «Çaganyň roluny iň oňat ýerine ýetiren aktýor» diýen baýrak.

1986-nji ýyl. «Gizlin ilçi». Iki seriýaly. «Türkmenfilm» – «Lenfilm» kinostudiýalary.

Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Ýewgeniý Mitko. Kinooperator Eduard Rejepow. Hudožnik Aleksandr Çernow. Kompozitor Rejep Rejepow.

Aktýorlar: Nurgeldi Allaberdiýew, Aleksandr Lazarýew, Wladimir Nekrasow, Grigoriý Grigoriu.

1989-njy ýyl. «Ogul». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Sergeý Bodrow, Halmämmet Kakabaýew, Kinooperatorlar Sergeý Şugarýew, Aleksandr Ýoldaşýew. Hudožnik Selim Amangeldiýew. Kompozitor Aman Agajykow.

Aktýorlar: Begmyrat Gutlymyradow, Sahysalyh Baýramow, Tamara Şakirowa, Anželika Maştakowa, Swetlana Krýauns.

1990-njy ýyl. Hindistan. Nýu-Deli. Halkara kinofestiwaly.

Iň oňat film üçin «Kümüş pil» – ikinji baýrak.

1991-nji ýyl. Müsür. Kair. Halkara kinofestiwaly. «GRAN PRI» – kinofestiwalyň iň ýokary baýragy.

1992-nji ýyl. «Jennet guşy». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Sergeý Bodrow. Kinooperatorlar Sergeý Şugarýew, Aleksandr Ýoldaşýew. Hudožnik Aleksandr Çernow. Kompozitor Igor Pinhasow.

Aktýorlar: Gülşat Öwezowa, Rüstem Urazaýew, Maýsa Almazowa, Yslam Yslamow, Orazgül Apbasowa.

1994-nji ýyl. «Takdyr». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtory: Halmämmet Kakabaýew. Kinooperatorlar Sergeý Şugarýew, Batyr Ataýew. Hudožnik Berdiguly Amansähedow. Kompozitor Igor Pinhasow.

Aktýorlar: Begmyrat Gutlymyrodow, Nury Hudaýgulyýew, Selbi Amanmyradowa.

1995-nji ýyl. «Toba». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtory: Halmämmet Kakabaýew. Kinooperator Batyr Ataýew. Hudožnik Bäşim Garajaýew. Kompozitor Igor Pinhasow.

Aktýorlar: Ç. Işangulyýew, Aýsoltan Berdiýewa, Sahysalyh Baýramow, Kerim Annanow, Nury Hudaýgulyýew.

1996-njy ýyl. Gazagystan. Almaata. Halkara kinofestiwaly.

Erkek adamyň roluny iň oňat ýerine ýetiren aktýor üçin – Ikinji baýrak

2001-nji ýyl. «Tapagan». Iki seriýaly. «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Osman Ödäýew. Kinooperator Baýram Kowusow. Hudožnik Baýram Nuryýew. Kompozitor Rejep Rejepow.

Aktýorlar: Ýazgeldi Potdyýew, Dilber Kuwwatowa, Çary Berdiýew, Annamyrat Saparmuhammedow, Ýelizaweta Garaýewa, Oraz Arrykow.

2005 -nji ýyl. «Pygamber patasy». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtory: Halmämmet Kakabaýew. Kinooperator Muhammet Garakişi. Hudožnik Öwez Türşekow. Kompozitor Nury Hojamuhammedow.

Aktýorlar: K. Babaýew, Jennet Paltaýewa, A. Esenow.

2006-njy ýyl. «Çörek». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Halmämmet Kakabaýew, Hudaýnazar Alowow. Kinooperator Muhammet Garakişi. Hudožnik Myrat Mommadow. Kompozitor Nury Hojamuhammedow.

2006-njy ýyl. «Sen ýadyma düşseň». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtory: Kömek Kulyýew. Kinooperator Muhammet Garakiş. Hudožnik Myrat Mommadow. Kompozitor Nury Hojamuhammedow.

Aktýorlar: Çary Berdiýew, Sona Toýlyýewa, Ýagmyr Gurbannazarow.

2007-nji ýyl. «Günüm söýgüden başlanýar». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Hudaýnazar Alowow, Halmämmet Kakabaýew. Kinooperator Muhammet Garakişi. Hudožnik Öwez Türşekow. Kompozitor Nury Hojamuhammedow.

Aktýorlar: Nury Hudaýgulyýew, Göwher Gurbangylyjowa, Resul Orunow, Öwez Gelenow.

2008-nji ýyl. «Söwer ýardan aýrylma». «Türkmenfilm» kinostudiýasy. Ssenariniň awtorlary: Guldurdy Sähetdurdyýew, Halmämmet Kakabaýew. Kinooperator Muhammet Garakişi. Hudožnik Öwez Türşekow. Kompozitor Nury Hojamuhammedow.

Aktýorlar: Kemal Hudaýgulyýew, Perhat Ýolnepesow, Söhbet Kasymow, Atageldi Şamyradow, Merjen Çaryýewa, Gülnar Babaýewa, Aýlar Açylowa, Selbi Babylowa.

## MAZMUNY

Sungatyň ýoly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
Kinorežissura näme? Kinorežissýor kim? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Kino sungaty nädip döredi? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13
Sessiz kinodan sesli kino geçiş döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
Sesli kinonyň getiren täzelikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
Türkmen kinosynyň döreýşi we ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 19
Çeper edebiýat we kino. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
Durmuşy synlamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
Kinodramaturgiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
Kinorežissýor we ssenarist . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
Kinossenariý ýazmagyň tejribeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
Kinossenariden režissýorlyk ssenarisine geçiş döwri . . . . . . . . . . . . . . 36
Kino surata almaga taýýarlyk döwri. Kinosynag.. . . . . . . . . . . . . . . . . 40
Kinony surata alyş döwri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
Teatrda hem kinoda mizanssena . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
Kinoda aktýor bilen işlemek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Çaga aktýor bilen işlemegiň tejribeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 89
Haýwanlar nädip kino surata düşürilýär? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
Kadr näme? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126
Montaž . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 128
Ähli aladanyň soňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
«Söwer ýardan aýrylma». Kinossenariden parça . . . . . . . . . . . . . . . . . 138
Filmografiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155

**Halmämmet Kakabaýew**

# Kino. Režissýor

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *K. Kulyýew* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Sähetdurdyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 27.07. 2012. Möçberi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy.
Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertler çap listi 10,0.
Şertli reňkli ottiski 31,25. Hasap-neşir listi 9,41. Çap listi 10,0.
Sany 750. Sargyt № 1345.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.